ADAM HUKUKLARY BOÝUNÇA ESASY HALKARA RESMINAMALARYŇ ÝYGYNDYSY

Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty

Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy

ADAM HUKUKLARY BOÝUNÇA ESASY HALKARA RESMINAMALARYŇ ÝYGYNDYSY

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2023

UOK 342.7
A 20

Adam hukuklary boýunça esasy halkara resminamalaryň ýygyndysy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2023.

«Adam hukuklary boýunça esasy halkara resminamalaryň ýygyndysy» Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty we Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy bilen bilelikde taýýarlanyldy. Bu kitapda Türkmenistanyň ykrar eden adam hukuklary baradaky esasy halkara hukuk resminamalary toplanyldy.

Ýygyndydaky halkara resminamalaryň kadalary ilatyň hukuk habarlylygyny, hukuk medeniýetini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Ýygyndy giň halk köpçüligi we hukukçy hünärmenler üçin niýetlenendir. Kitap ylmy işgärler, aspirantlar we doktorantlar, ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary we talyplary, adam hukuklarynyň meseleleri bilen gyzyklanýanlar üçin gollanma bolup biler.

TDKP №100, 2023 KBK 66.77 (2)

©Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty,
Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň
Türkmenistandaky wekilhanasy, 2023

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

Gaýtalama:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

Gaýtalama:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

ADAM HUKUKLARYNYŇ ÄHLUMUMY JARNAMASY

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1948-nji ýylyň 10-njy dekabryndaky 217 A (III) rezolýusiýasy bilen kabul edildi we ykrar edildi

Giriş

Ynsan maşgalasynyň ähli agzalaryna mahsus mertebäniň hem-de deň we aýrylmaz hukuklarynyň ykrar edilmegi azatlygyň, adalatlylygyň we ählumumy parahatçylygyň esasy bolup durýanlygyny *nazara alyp; we*

adam hukuklarynyň äsgerilmezliginiň we ýigrenilmeginiň adamzat wyždanyny dergazap edýän wagşyçylykly hereketlere eltendigini we adamlaryň söz we ynam–azatlygyna eýe boljak hem-de gorkudan we mätäçlikden azat boljak dünýäsiniň döredilmegi adamlaryň belent yhlasy hökmünde jar edilenligini *nazara alyp; we*

adamyň soňky serişdesi hökmünde zuluma we süteme garşy aýaga galmaga mejbur bolmazlygyny üpjün etmek maksady bilen, adam hukuklarynyň kanunyň häkimiýeti bilen goralmagynyň zerurlygyny *nazara alyp, we*

halklaryň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň ösmegine ýardam etmegiň zerurlygyny *nazara alyp; we*

Birleşen Milletleriň halklarynyň Tertipnamada adamyň esasy hukuklaryna, ynsan şahsyýetiniň mertebesine we gymmatlygyna hem-de erkekleriň we aýallaryň deňhukuklylygyna öz ynamyny tassyklanlygyny we azatlygyň has köp bolmagynda durmuş ösüşinde ilerlemä hem-de ýaşaýyş şertleriniň gowulanmagyna ýardam etmäge karar edenligini *nazara alyp; we*

agza döwletleriň Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlykda adam hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň ählumumy hormatlanylmagyna we berjaý edilmegine ýardam bermäge borçlananlygyny *nazara alyp; we*

şu hukuklaryň we azatlyklaryň häsiýetine ählumumy düşünmekligiň şu borçnamany ýerine ýetirmek üçin ägirt uly ähmiýete eýedigini *nazara alyp,*

Baş Assambleýa

Adam hukuklary hakyndaky şu ählumumy Jarnamany ýerine ýetirmegi ähli halklaryň we ähli döwletleriň hyjuwynda bolan wezipe hökmünde *yglan edýär*, şunda her bir adam we jemgyýetiň her bir agzasy şu Jarnamany hemişe göz öňünde tutmak bilen, aň-bilim bermek we bilimi ösdürmek ýoly bilen şol hukuklaryň we azatlyklaryň hormatlanylmagyna ýardam etmäge çalyşmaly hem-de milli we halkara öňdebaryjy çäreler arkaly olaryň Guramanyň agza döwletleriniň arasynda bolşy ýaly, öz hukuk ygtyýarlarynyň çäklerindäki ýerlerdäki halklaryň arasynda hem ählumumy we netijeli ykrar edilmegini we amala aşyrylmagyny üpjün etmeli.

1-nji madda

Ähli adamlar mertebesi we hukuklary babatynda azat we deň bolup dogulýar. Olara aň we wyždan berlen we olar bir-biri babatynda doganlyk ruhunda hereket etmeli.

2-nji madda

Her bir adam şu Jarnama bilen yglan edilen ähli hukuklara we ähli azatlyklara rasasy, teniniň reňkine, jynsy, diline, dini, syýasy ýa beýleki ynam-ygtykatlaryna, milleti ýa-da sosial gelip çykyşyna, emläk, asyl babatdaky we beýleki ýagdaýlaryna garamazdan eýe bolmaly.

Mundan başga, adamyň degişli bolan ýurdunyň ýa-da sebitiniň garaşsyzdygyna, howandarlykdadygyna, öz-özüňi dolandyrmaýandygyna ýa bolmasa öz özygtyýarlylygynda başgaça bir görnüşde çäklendirilendigine garamazdan, ýurduň ýa sebitiň syýasy, hukuk ýa bolmasa halkara derejesine esaslanylyp, hiç hili tapawutlandyrmaly däldir.

3-nji madda

Her bir adamyň ýaşamaga, azatlyga we şahsy eldegrilmesizlige hukugy bar.

4-nji madda

Hiç kim gulçulykda ýa-da tabynlykda saklanylmaly däldir, gulçulyk we gul söwdasy olaryň ähli görnüşlerinde gadagan edilýär.

5-nji madda

Hiç kim gynamalara ýa-da rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebesini kemsidýän garaýşa we jeza sezewar edilmeli däldir.

6-njy madda

Her adamyň nirede bolýandygyna garamazdan, özüniň hukuk ukybynyň ykrar edilmegine hukugy bar.

7-nji madda

Ähli adamlar kanunyň öňünde deňdir we olaryň hiç hili tapawutsyz, kanunyň deň goragyna hukugy bar. Ähli adamlaryň şu Jarnamany bozýan haýsydyr bir kemsitmeden we şeýle kemsitmä haýsydyr bir öjükdirmeden deň goraga hukugy bar.

8-nji madda

Her bir adamyň özüne konstitusiýa ýa-da kanun tarapyndan berlen esasy hukuklary bozulan halatynda ygtyýarly milli kazyýetler tarapyndan öz hukuklarynyň netijeli dikeldilmegine hukugy bar.

9-njy madda

Hiç kim esassyz tussag edilmäge, saklanmaga ýa-da kowlup çykarylmaga sezewar edilip bilinmez.

10-njy madda

Her bir adamyň öz hukuklaryny we borçlaryny kesgitlemek üçin we özüne bildirilýän jenaýat aýyplanmagyň esaslydygyny anyklamak üçin öz işine adalatlylygyň ähli talaplaryny berjaý etmek bilen garaşsyz we tarapgöýsiz kazyýetiň doly deňlik esasynda aýan garalmagyna hukugy bar.

11-nji madda

1. Jenaýat etmekde aýyplanylýan her bir adamyň onuň günäkärligi oňa goranmagyň ähli mümkinçilikleri üpjün edilip geçirilýän açyk kazyýet seljerişi arkaly kanun bilen bellenilen tertipde anyklanylýança günäkär däl diýlip hasap edilmäge hukugy bar.

2. Hiç kime edilen wagtynda milli kanunlar ýa-da halkara hukugy boýunça jenaýat bolup durmaýan nähilidir bir etmiş ýa-da hereketsizlik edenligi esasynda jenaýat üçin ýa-da hereketsizlik üçin iş kesilip bilinmez. Şeýle hem jenaýat edilen wagtda ulanylmagy mümkin bolan jezadan has agyr jeza berlip bilinmez.

12-nji madda

Hiç kim öz şahsy we maşgala durmuşyna esassyz gatyşylmagyna, öz ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligine, öz hat-habarlarynyň syryna ýa-da öz namysyna we abraýyna esassyz hyýanat edilmegine sezewar edilip bilinmez. Her bir adamyň şeýle gatyşylmakdan ýa-da şeýle hyýanatlyklardan kanunyň goramagyna hukugy bar.

13-nji madda

1. Her bir adamyň her bir döwletiň çäklerinde erkin hereket etmäge we ýaşaýan ýerini saýlamaga hukugy bar.

2. Her bir adamyň islendik ýurdunda, şol sanda öz ýurdundan gitmäge we öz ýurduna gaýdyp gelmäge hukugy bar.

14-nji madda

1. Her bir adamyň yzarlamalardan beýleki ýurtlarda gaçybatalga gözlemäge we şol gaçybatalgadan peýdalanmaga hukugy bar.

2. Bu hukuk hakykatda syýasy bolmadyk jenaýat ýa bolmasa Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine ters gelýän etmişleri edendigi esasynda yzarlanylan halatda peýdalanylyp bilinmez.

15-nji madda

1. Her bir adamyň raýatlyga hukugy bar.

2. Hiç bir adam öz raýatlygyndan ýa-da öz raýatlygyny üýtgetmek hukugyndan esassyz mahrum edilip bilinmez.

16-njy madda

1. Kämillik ýaşyna ýeten erkekleriň we aýallaryň rasa, millet ýa din tapawudy boýunça hiç hili çäklendirmesiz nikalaşmaga we maşgala gurmaga hukugy bar. Olar nika baglaşylýan wagtynda, nikada durýan wagtynda we onuň bozulýan wagtynda deň hukuklardan peýdalanýarlar.

2. Nika diňe nikalaşýan taraplaryň ikisiniň-de erkin we doly razylygy bar mahaly baglaşylyp bilner.

3. Maşgala jemgyýetiň tebigy we esasy düzüm birligi bolup, jemgyýet we döwlet tarapyndan goralmagyna hukugy bar.

17-nji madda

1. Her bir adamyň ýekelikde bolşy ýaly, beýlekiler bilen bilelikde hem emläge eýelik etmäge hukugy bar.

2. Hiç kim öz emläginden esassyz mahrum edilmeli däl.

18-nji madda

Her bir adamyň pikir, wyždan we din azatlygyna hukugy bar; bu hukuk öz diniňi ýa-da ynam-ygtykatlary üýtgetmek azatlygyny we öz diniňe ýa ynam-ygtykatlaryňa ýekelikde bolşy ýaly, beýlekiler bilen bilelikde-de tälimde, ybadatda dini we dessur tertiplerini jemagat bolup ýa hususy tertipde ýerine ýetirmek arkaly uýmaklygy öz içine alýar.

19-njy madda

Her bir adamyň ynam-ygtykatlarynyň azatlygyna we olary erkin beýan etmekligine hukugy bar; bu hukuk öz ynam-ygtykatlaryna bökdençsiz eýermek azatlygyny we maglumatlary we pikirleri islendik serişdeler arkaly we döwlet serhetlerine garamazdan gözlemek, almak we ýaýratmak azatlygyny öz içine alýar.

20-nji madda

1. Her bir adamyň parahat ýygnaklara we birleşmelere gatnaşmaga hukugy bar.

2. Hiç kim nähilidir bir birleşmä girmäge mejbur edilip bilinmez.

21-nji madda

1. Her bir adamyň öz ýurduny dolandyrmaga gönüden-göni ýa bolmasa erkin saýlanan wekilleriň üsti bilen gatnaşmaga hukugy bar.

2. Her bir adamyň öz ýurdunda döwlet gullugynyň elýeterliligine hukugy bar.

3. Halkyň erk-islegi hökümetiň häkimiýetiniň esasy bolmaly; şol erk-isleg döwürleýin we galplaşdyrylmadyk saýlawlarda öz beýanyny tapmaly, olar ählumumy we deň saýlaw hukugynyň bolmagynda, gizlin ses bermek arkaly ýa bolmasa ses bermegiň azatlygyny üpjün edýän beýleki deň görnüşler arkaly geçirilmeli.

22-nji madda

Her bir adamyň jemgyýetiň agzasy hökmünde durmuş üpjünçiligine we ykdysady, durmuş we medeni ugurlarda milli tagallalar we halkara hyzmatdaşlygy arkaly we her bir döwletiň gurluşyna we serişdelerine laýyklykda öz mertebesiniň saklanylmagy üçin hem-de öz şahsyýetiniň erkin ösmegi üçin zerur hukuklarynyň amala aşyrylmagyna hukugy bar.

23-nji madda

1. Her bir adamyň zähmete, işi erkin saýlap almaga, adalatly we amatly zähmet şertlerine we işsizlikden goralmaga hukugy bardyr.

2. Her bir adamyň haýsydyr bir kemsitmesiz, deň zähmet üçin deň tölege hukugy bar.

3. Her bir işleýäniň onuň özi we onuň maşgalasy üçin adama mynasyp güzerany üpjün edýän we zerur mahaly durmuş üpjünçiliginiň beýleki serişdeleri bilen üsti ýetirilýän adalatly we kanagatlanarly tölege hukugy bar.

4. Her bir adamyň öz bähbitlerini goramak üçin kärdeşler arkalaşyklaryny döretmäge we kärdeşler arkalaşyklaryna girmäge hukugy bar.

24-nji madda

Her bir adamyň dynç almaga we iş-aladalardan boş bolmaga, şol sanda iş wagtynyň paýhasa laýyk çäklendirilmegine we hak tölenilýän döwürleýin rugsada hukugy bar.

25-nji madda

1. Her bir adamyň özüniň we maşgalasynyň saglygyny we hal-ýagdaýyny saklamak üçin zerur bolan ýaşaýyş derejesine, şol sanda iýmite, egin-eşige, ýaşaýyş ýerine, saglygy goraýyş idegine hukugy, işsizlik, kesel, maýyplyk, dul galmak, garramak halatda ýa-da güzeran çeşmesini özüne bagly bolmadyk ýagdaýlar sebäpli ýitirmegiň beýleki halatlarynda üpjünçilige hukugy bar.

2. Enelik we bäbeklik aýratyn howandarlyga we kömege hukuk berýär. Nikada ýa-da nikadan daşary doglan ähli çagalar birmeňzeş durmuş goragyndan peýdalanmaly.

26-njy madda

1. Her bir adamyň bilime hukugy bar. Bilim iň bolmanda başlangyç we umumy bilim babatda mugt bolmaly. Başlangyç bilim hökmany bolmaly. Tehniki we hünär bilimi umumylykda elýeter bolmaly we ýokary bilim her bir adamyň ukyplary esasynda hemmeler üçin deň derejede elýeter bolmaly.

2. Bilim adamyň şahsyýetiniň doly ösmegine we adamyň hukuklaryna we esasy azatlyklaryna hormatyň artmagyna gönükdirilen bolmaly. Bilim ähli halklaryň, rasa we dini toparlaryň arasynda özara düşünişmäge, geçirimlilige we dostluga ýardam etmeli we Birleşen Milletler Guramasynyň parahatçylygy goldamak baradaky işine ýardam bermeli.

3. Ata-eneleriň öz kiçi ýaşly çagalary üçin bilimiň görnüşini saýlap almakda artykmaç hukugy bar.

27-nji madda

1. Her bir adamyň jemgyýetiň medeni durmuşyna erkin gatnaşmaga, sungatyň eşretlerini görmäge, ylmy ösüşe erkin gatnaşmaga we onuň eşretlerinden peýdalanmaga hukugy bar.

2. Her bir adamyň özi döredijisi bolan ylmy, edebi ýa-da çeperçilik eserleriniň netijesi bolup durýan öz ahlak we maddy bähbitleriniň goralmagyna hukugy bar.

28-nji madda

Her bir adamyň şu Jarnamada beýan edilen hukuklar we azatlyklar doly amala aşyrylyp bilner ýaly durmuş we halkara tertibine hukugy bar.

29-njy madda

1. Her bir adamyň jemgyýetiň öňünde borçlary bar, onuň şahsyýetiniň erkin we doly ösmegi diňe şol jemgyýetde mümkin.

2. Öz hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyran mahaly her bir adam kanun arkaly diňe beýlekileriň hukuklarynyň we azatlyklarynyň geregiçe ykrar edilmegini we hormatlanylmagyny hem-de demokratik jemgyýetde ahlagyň, jemgyýetçilik tertibiniň we umumy abadançylygyň adalatly talaplarynyň kanagatlandyrylmagyny üpjün etmek maksady bilen bellenilen çäklendirmelere sezewar edilmeli.

3. Bu hukuklaryň we azatlyklaryň amala aşyrylmagy hiç bir halatda Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine ters gelmeli däl.

30-njy madda

Şu Jarnamada hiç bir zat haýsydyr bir döwlete, adamlaryň toparyna ýa-da aýry-aýry adamlara şu Jarnamada beýan edilen hukuklary we azatlyklary ýok etmäge gönükdirilen iş bilen meşgullanmaga ýa-da hereketleri amala aşyrmaga hukugyň berilmegi hökmünde düşündirilmeli däl.

JYNSY KEMSITMÄNIŇ ÄHLI GÖRNÜŞLERINI ÝOK ETMEK HAKYNDA HALKARA KONWENSİÝASY

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1965-nji ýylyň
21-nji dekabryndaky 2106 (XX)
rezolýusiýasy bilen tassyklanyldy
1969-njy ýylyň 4-nji ýanwarynda güýje girdi

Giriş

Şu Konwensiýa gatnaşyjy döwletler,

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasy her bir adama mahsus bolan mertebe we deňlik ýörelgelerine esaslanýar we Guramanyň agza döwletleriniň ähli Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlarynyň biriniň – adamyň hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň jynsy, aýal-erkekligi, dili ýa-da dini boýunça tapawutlandyrmazdan, hemmeler üçin ählumumy hormatlanylmagyny we berjaý edilmegini höweslendirmek we ösdürmek maksadynyň hasyl bolmagyny gazanmak üçin Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlyk edip, bilelikdäki we özbaşdak hereketleri amala aşyrmaga borçludyr diýip hasap edip,

Adamyň hukuklarynyň ählumumy jarnamasy ähli adamlaryň öz mertebesinde we hukuklarynda azat we deň dogulýandygyny hem-de her bir adamyň onda yglan edilen, ähli hukuklara we azatlyklara haýsydyr bir tapawutlandyrmasyz, hususan-da, jynsa, teniniň reňki ýa-da milleti boýunça tapawutlandyrmasyz eýe bolmalydygyny yglan edýär diýip hasap edip,

ähli adamlar kanunyň öňünde deň hem-de her bir kemsitmeden we kemsitmäge her bir öjükdirmekden kanunyň deň goragyna hukugy bar diýip hasap edip,

Birleşen Milletler Guramasy kolonializmi we segregasiýanyň hem-de kemsitmäniň onuň bilen baglanyşykly islendik amallaryny nirede we haýsy görnüşde ýüze çykýandygyna garamazdan ýazgardy hem-de 1960-njy ýylyň 14-nji dekabryndaky Kolonial ýurtlara we halklara garaşsyzlyk bermek hakynda jarnamanyň (Baş Assambleýanyň 1514 (XV) rezolýusiýasy) bularyň ählisiniň haýal

etmän we gürrüňsiz soňuna çykmagyň zerurdygyny tassyklady we dabaraly yglan etdi diýip hasap edip,

Birleşen Milletler Guramasynyň 1963-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Jynsy kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky jarnamasynyň (Baş Assambleýanyň 1904 (XVIII) rezolýusiýasy) jynsy kemsitmäni bütin dünýäde, ähli görnüşlerini we ýüze çykmalaryny tizden-tiz ýok etmegiň hem-de ynsan şahsyýetini mertebesine düşünmegi we oňa hormat goýmagy üpjün etmegiň zerurdygyny dabaraly tassyklaýar diýip hasap edip,

jynsy tapawuda esaslanan artykmaçlyk baradaky her bir taglymyň ylmy taýdan galpdygyna, ahlak taýdan - ýazyklydygyna we durmuş taýdan - adalatsyz we howpludygyna hem-de jynsy kemsitmäniň hiç bir ýerde, taglym hökmünde hem, amal hökmünde hem aklanylyp bilinmejekdigne ynanyp,

adamlaryň jynsy, teniniň reňki ýa-da etniki asly boýunça kemsidilmeginiň milletleriň arasynda dostlukly we parahatçylykly gatnaşyklary ýola goýmagy bökdeýändigini hem-de halklaryň arasynda parahatçylygyň we howpsuzlygyň, şeýle hem şahslaryň hatda şol bir döwletiň içinde sazlaşykly ýaşaşmagynyň bozulmagyna eltip biljekdigini tassyklap,

jynsy bökdençlikleriň bolmagynyň islendik ynsany jemgyýetiň arzylaýan nusgalaryna tersdigine ynanyp,

dünýäniň käbir sebitlerinde heniz hem jynsy kemsitmäniň, şeýle hem jynsy artykmaçlyk ýa-da jynsy ýigrenç ýörelgesine esaslanan syýasatyň, mysal üçin, aparteid, segregasiýa ýa-da bölünişik syýasatynyň ýüze çykýandygy sebäpli biynjalyk bolup,

jynslaryň arasynda özara düşünişmäge ýardam etmek hem-de jynsy segregasiýanyň we jynsy kemsitmäniň ähli görnüşlerinden azat halkara bileleşigini döretmek maksady bilen, jynsy kemsitmäniň ähli görnüşlerini we ýüze çykmalaryny tizden-tiz ýok etmek hem-de jynsparaz taglymlaryň we olary durmuşa geçirmegiň amallarynyň öňüni almak we olaryň soňuna çykmak üçin ähli zerur çäreleri görmäge hyjuw bilen doly gurşalyp,

Halkara Zähmet Guramasy tarapyndan 1958-nji ýylda tassyklanylan Hakyna tutmak we zähmet babatdaky kemsitme

hakyndaky konwensiýany hem-de Birleşen Milletleriň Blim, ylym we medeniýet meseleleri baradaky Guramasy tarapyndan 1960-njy ýylda tassyklanylan Bilim babatdaky kemsitmäniň öňüni almak hakyndaky konwensiýany nazara alyp,

Birleşen Milletler Guramasynyň Jynsy kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky jarnamasynda beýan edilen ýörelgeleri amala aşyrmak hem-de bu maksada ýetmek üçin amaly çäreleriň tizden-tiz geçirilmegini üpjün etmek isläp,

şular barada ylalaşdylar.

I BÖLEK

1-nji madda

1. Şu Konwensiýada "rasa kemsitme" aňlatmasy rasa, teniniň reňki, tire-taýpasy, milleti ýa etniki asly boýunça amala aşyrylýan, adamyň hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň syýasy, ykdysady, durmuş, medeni we jemgyýetiň durmuşynyň islendik beýleki ugurlarynda ykrar edilmegini, peýdalanylmagyny ýa-da amala aşyrylmagyny ýok etmäge ýa-da kemsitmäge gönükdirilen islendik görnüşdäki tapawutlandyrmany, kadadan çykmany, çäklendirmäni ýa bolmasa ileri tutmany aňladýar.

2. Şu Konwensiýa oňa gatnaşyjy döwletleriň öz raýatlary bilen raýatlary däl adamlar babatda ulanýan tapawutlandyrmalaryna, kadadan çykmalaryna, çäklendirmelerine we ileri tutmalaryna degişli däl.

3. Şu Konwensiýada hiç bir zat gatnaşyjy döwletleriň kanunlarynyň milletine, raýatlygyna ýa resmileşdirilmegine degişli düzgünleri haýsydyr bir millet babatda kemsitmäni amala aşyrmaýan şertde, şol düzgünlere nähilidir bir görnüşde täsir edýän hökmünde düşündirilmeli däl.

4. Aýratyn çäreleriň goraga mätäç bolan, şeýle gorag özlerine adamyň hukuklaryny we esasy azatlyklaryny deň peýdalanmak we amala aşyrmak üçin zerur bolan käbir rasa ýa etniki toparlaryň ýa bolmasa adamlaryň aýry-aýry toparlarynyň geregiçe ilerlemegini gazanmak baradaky aýratyn maksat bilen görülmegi dürli rasa;

toparlar üçin aýratyn hukuklaryň saklanyp galmagyna eltmese we görülende öňde goýlan maksatlar hasyl bolandan soň güýji ýatyrylsa, rasa kemsitme hökmünde garalmaýar.

2-nji madda

Gatnaşyjy döwletler rasa kemsitmäni ýazgarýar hem-de jynsy kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek syýasatyny mümkin bolan ähli usullar arkaly gaýragoýmasyz amala aşyrmaga we ähli jynslaryň arasynda özara düşünişmäge ýardam bermäge borçlanýar hem-de şu maksat üçin:

a) her bir gatnaşyjy döwlet şahslar, toparlar ýa-da edaralar barada rasa kemsitme bilen baglanyşykly haýsydyr bir amallary ýa hereketleri etmezlige hem-de hem milli, hem ýerli döwlet guramalarynyň we döwlet edaralarynyň ählisiniň şu borçnama laýyklykda hereket etjekdigini kepillendirmäge borçlanýar;

b) her bir gatnaşyjy döwlet islendik şahslar ýa guramalar tarapyndan amala aşyrylýan rasa kemsitmäni höweslendirmezlige, goramazlyga we goldamazlyga borçlanýar;

ç) her bir gatnaşyjy döwlet hökümetiň syýasatyna milli we ýerli derejelerde täzeden garamak, şeýle hem rasa kemsitmäniň döremegine we bar ýerleriniň ählisinde müdimileşdirilmegine alyp barýan islendik kanunlary we kararlary düzetmek, hereketini bes etmek ýa-da güýjüni ýatyrmak üçin netijeli çäreleri görmeli;

d) her bir gatnaşyjy döwlet ähli degişli serişdeleri, şol sanda ýagdaýa baglylykda kanunçylyk çärelerini peýdalanyp, islendik şahslar, taraplar ýa-da guramalar tarapyndan amala aşyrylýan rasa kemsitmäni gadagan etmeli we onuň soňuna çykmaly;

e) her bir gatnaşyjy döwlet köp rasalaryň wekilleriniň gatnaşmagyndaky birleşdiriji guramalary we hereketleri, hut şonuň ýaly-da jynsy bökdençlikleri ýok etmäge gönükdirilen beýleki çäreleri degişli halatlarda höweslendirmäge we olaryň jynsy bölünişigiň çuňlaşmagyna sebäp bolýanlaryny goldamazlyga borçlanýar.

2. Gatnaşyjy döwletler ýagdaýlar muny talap edende, käbir rasa toparlaryň ýa-da olara degişli şahslaryň adamyň hukuklaryny we

esasy azatlyklaryny doly we deň peýdalanmagyny kepillendirmek üçin olaryň geregiçe ösmegini we goralmagyny üpjün etmek maksady bilen, durmuş, ykdysady, medeni we beýleki ugurlarda aýratyn we anyk çäreleri görmeli. Şeýle çäreler netijede durmuşa geçirilmegi üçin ulanylan maksatlara ýetilenden soň dürli rasa toparlar üçin deň däl ýa aýratyn hukuklaryň saklanyp galmagyna hiç bir halatda eltmeli däl.

3-nji madda

Gatnaşyjy döwletler jynsy segregasiýany we aparteidi aýratyn ýazgarýar hem- de öz hukuk ygtyýaryndaky ýerlerde şeýle häsiýetli islendik amallaryň öňüni almaga, olary gadagan we doly ýok etmäge borçlanýar.

4-nji madda

Gatnaşyjy döwletler bir jynsyň ýa-da belli bir reňkli ýa-da etniki asylly şahslaryň toparynyň artykmaçlygy baradaky pikirlere we taglymlara esaslanan, ýa bolmasa jynsy ýigrenji ýa kemsitmäni haýsydyr bir görnüşde aklamaga synanyşýan ýa höweslendirýän islendik wagyz-nesihaty we ähli guramalary ýazgarýar hem-de şonuň ýaly kemsitmelere ýa kemsitme amallaryna islendik öjükdirmeleri doly ýok etmäge gönükdirilen gaýragoýmasyz we oňyn çäreleri görmäge borçlanýar we şu maksat bilen olar Adamyň hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda bar bolan, şu Konwensiýanyň 5-nji maddasynda aýdyň beýan edilen ýörelgelere laýyklykda beýleki çäreleriň görülmegi bilen bilelikde:

a) rasa artykmaçlyga ýa ýigrenje esaslanan pikirleriň islendik görnüşde ýaýradylmagyny, rasa kemsitmä bolan islendik öjükdirmäni, şeýle hem islendik rasa ýa beýleki reňkli, ýa-da etniki şahslaryň toparyna garşy gönükdirilen zorluk amallarynyň ýa şeýle amallara öjükdirmeleriň ählisini, şeýle hem rasaparaz işi geçirmek üçin islendik kömegiň berilmegini, şol sanda onuň maliýeleşdirilmegini kanun boýunça jezalandyrylýan jenaýatlar diýip yglan edýär;

b) rasa kemsitmäni höweslendirýän ýa oňa öjükdirýän guramalary, şeýle hem guramaçylykly we islendik beýleki wagyz-nesihat işini kanuna ters diýip yglan edýär we gadagan edýär we şeýle guramalara ýa şeýle işe gatnaşmagy kanun boýunça jezalandyrylýan jenaýat diýip ykrar edýär;

c) rasa kemsitmäni höweslendirmäge ýa oňa öjükdirmäge milli ýa-da ýerli döwlet häkimiýet edaralaryna ýa-da döwlet guramalaryna ygtyýar bermeýär.

5-nji madda

Şu Konwensiýanyň 2-nji maddasynda beýan edilen esasy borçnamalara laýyklykda gatnaşyjy döwletler rasa kemsitmäniň ähli görnüşlerini gadagan we ýok etmäge hem-de rasasyna, teniniň reňkine, milletine ýa etniki aslyna garamazdan, her bir adamyň kanunyň öňünde deňligini, aýratyn-da aşakda görkezilen hukuklary amala aşyrmak babatda üpjün etmäge borçlanýar:

a) kazyýetiň we adyl kazyýetligi amala aşyrýan ähli beýleki edaralaryň öňünde deňlige hukugy;

b) şahsy howpsuzlygyna we hökümetiň wezipeli adamlary tarapyndan bolşy ýaly, haýsydyr bir aýry-aýry adamlar, toparlar ýa edaralar tarapyndan hem amala aşyrylýan zorlukdan ýa beden şikeslerinden döwlet tarapyndan goralmagyna hukugy;

ç) syýasy hukuklar, hususan-da, ählumumy we deň saýlaw hukugy esasynda saýlawlara gatnaşmak – ses bermek we sese goýulmak hukugy, ýurdy dolandyrmak, hut şonuň ýaly-da islendik derejede döwlet işlerine ýolbaşçylyk etmek hukugy, şeýle hem döwlet gullugynyň deň derejede elýeter bolmagyna hukugy;

d) beýleki raýat hukuklary, hususan-da:

1) döwletiň çäklerinde erkin hereket etmäge we ýaşamaga hukugy;

2) islendik ýurdy, şol sanda öz ýurduny terk etmek we öz ýurduna gaýdyp gelmek hukugy;

3) raýatlyga hukuk;

4) nikalaşmak we är-aýaly seçip almak hukugy;

5) emläge ýekelikde bolşy ýaly, beýlekiler bilen bilelikde hem eýelik etmek hukugy;

6) miras hukugy;

7) pikir, wyždan we din erkinliginiň hukugy;

8) ynam-ygtykatlaryň erkinligi we olary erkin beýan etmegiň hukugy;

9) parahat ýygnaklaryň we birleşmeleriň azatlygyna hukugy;

e) ykdysady, durmuş we medeni ugurlarda hukuklar, hususan-da:

1) zähmete, işi erkin seçip almaga, zähmetiň adalatly we amatly şertlerine, işsizlikden goralmagyna, deň zähmet üçin deň tölege, adalatly we kanagatlanarly haka hukugy;

2) kärdeşler arkalaşyklaryny döretmäge we olara girmäge hukugy;

3) ýaşaýyş jaýa hukugy ;

4) saglygy goraýyşa, saglygy goraýyş kömegine, durmuş üpjünçiligine we durmuş hyzmatlaryna hukugy;

5) bilim we hünär taýýarlygy üçin hukuk;

6) medeni durmuşa deň gatnaşmaga hukugy;

ä) jemgyýetiň peýdalanmagyna niýetlenilen islendik ýeriň ýa hyzmatyň islendik görnüşiniň, mysal üçin ulaglaryň, myhmanhanalaryň, restoranlaryň, kafeleriň, teatrlaryň, seýilgähleriň elýeter bolmagyna hukugy.

6-njy madda

Gatnaşyjy döwletler rasa kemsitmäniň şu Konwensiýany bozýan, adamyň hukuklaryna we esasy azatlyklaryna hyýanat etmek bolup durýan islendik amallaryň halatynda ygtyýarly milli kazyýetler we beýleki döwlet edaralary arkaly netijeli goragy we gorag serişdelerini, şeýle hem şeýle kemsitme netijesinde çekilen islendik zyýan üçin adalatly we barabar öwezini dolma ýa kanagatlandyrma hakyndaky hak isleglerini şol kazyýetlere bildirmek hukuklaryny öz hukuk ygtyýarlylygy degişli bolan her bir adama üpjün edýär.

7-nji madda

Gatnaşyjy döwletler rasa kemsitmä eltýän tarapgöý pikirlere garşy göreşmek, milletleriň we rasa ýa etniki toparlaryň arasynda özara düşünişmegi, geçirimliligi we dostlugy höweslendirmek, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň, Adamyň hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň, Birleşen Milletler Guramasynyň Rasa kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky jarnamasynyň we şu Konwensiýanyň maksatlaryny we ýörelgelerini giňden ýaýbaňlandyrmak maksady bilen, haýal etmän we netijeli çäreleri, hususan-da, okatmak, terbiýelemek, medeniýet we maglumat ugurlarynda şeýle çäreleri görmäge borçlanýar.

II BÖLEK

8-nji madda

1. Rasa kemsitmäni ýok etmek boýunça komitet (mundan beýläk Komitet diýlip atlandyrylýar) döredilmeli, ol gatnaşyjy döwletleriň öz raýatlarynyň arasyndan saýlanýan, ýokary ahlak sypatlaryna eýe bolan we tarapgöý däldigi ykrar edilen on sekiz bilermenden ybaratdyr, olar öz borçlaryny şahsyýet hökmünde ýerine ýetirmeli, özi-de geografik taýdan adalatly paýlanylmagyna hem-de medeniýetiň dürli görnüşleriniň, şeýle hem esasy hukuk ulgamlarynyň wekilçiligine üns berilýär.

2. Komitetiň agzalary gatnaşyjy döwletler tarapyndan görkezilenleriň sanawyna goşulan adamlardan gizlin ses bermek arkaly saýlanylýar. Her bir gatnaşyjy döwlet öz raýatlaryndan bir adamy görkezip biler.

3. Ilkinji saýlawlar şu Konwensiýa güýje gireninden soň alty aýdan geçirilýär. Saýlawlara çenli azyndan üç aý galanda her gezek Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary görkezýän adamlarynyň atlaryny iki aýyň dowamynda bermäge çagyryp, gatnaşýan döwletlere hat bilen ýüzlenýär. Baş sekretar şeýlelikde görkezilen adamlaryň hödürlän gatnaşyjy döwletleriň görkezilen elipbiý tertibindäki sanawyny taýýarlaýar we şol sanawy Konwensiýa gatnaşyjy döwletlere hödürleýär.

4. Komitetiň agzalary Konwensiýa gatnaşyjy döwletleriň Baş sekretar tarapyndan Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi edaralarynda çagyrylýan mejlisinde saýlanylýar. Hukuk ygtyýarly bolmagy üçin gatnaşyjy döwletleriň üçden iki böleginiň wekilleriniň gatnaşmagy zerur bolan şol mejlisde Konwensiýa gatnaşyjy döwletleriň ses bermekde bolan we oňa gatnaşan wekilleriniň seslerinin has köp sanyny ýa-da aglaba sanyny alan adamlar Komitetiň saýlanylan agzalary bolup durýar.

5. a) Komitetiň agzalary dört ýyla saýlanylýar. Emma birinji saýlawlarda saýlanylan dokuz agzanyň ygtyýarlyklarynyň möhleti iki ýyllyk döwrüň ahyrynda tamamlanýar; şol dokuz agzanyň atlaryny Komitetiň Başlygy birinji saýlawlardan soň haýal etmän bije boýunça kesgitleýär.

b) Garaşylmadyk ýagdaýda boşan orunlary doldurmak üçin Konwensiýa gatnaşyjy döwlet başga bir bilermeni öz raýatlaryndan Komitetiň makullamagynda şert bilen belleýär.

6. Gatnaşyjy döwletler Komitetiň agzalary Komitetdäki borçlaryny ýerine ýetiren döwründe olaryň çykdajylary üçin jogapkärçilik çekýär.

9-njy madda

1. Gatnaşyjy döwletler şu Konwensiýanyň düzgünlerini durmuşa geçirmek üçin görlen kanunçylyk, kazyýet, dolandyryş çäreleri ýa-da beýleki çäreleri hakyndaky doklady Komitetiň garamagy üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna a) şu Konwensiýa özi üçin güýje girenden soň bir ýylyň dowamynda; we b) soňra her iki ýylda we Komitet talap edende her gezek bermäge borçlanýar. Komitet Konwensiýa gatnaşýan döwletlerden goşmaça maglumatlaryň berilmegini sorap biler.

2. Komitet her ýyl Baş sekretaryň üsti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasyna öz işi hakyndaky doklady berýär we Konwensiýa gatnaşyjy döwletlerden alnan dokladlary we maglumatlary öwrenmäge esaslanan teklipleri we umumy maslahatlary hödürläp biler. Şeýle teklipler we umumy maslahatlar, Konwensiýa gatnaşyjy döwletleriň bellikleri bar bolsa, olar bilen bilelikde Baş Assambleýa habar berilýär.

10-njy madda

1. Komitet öz önümçilik kadalaryny belleýär.

2. Komitet öz wezipeli adamlaryny iki ýyl möhlete saýlaýar.

3. Komitetiň müdiriýeti Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary tarapyndan üpjün edilýär.

4. Komitetiň mejlisleri adatça Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi edaralarynda geçirilýär.

11-nji madda

1. Eger haýsydyr bir gatnaşyjy döwlet beýleki gatnaşyjy döwlet şu Konwensiýanyň düzgünlerini ýerine ýetirmeýär diýip hasap edýän bolsa, onda ol bu barada Komiteti habarly edip biler. Komitet soňra şol habary dahylly gatnaşyjy döwlete gowşurýar. Habarnamany alan döwlet şu mesele hem-de özi tarapyndan görülmegi mümkin bolan çäreler boýunça ýazmaça düşündirişleri we beýanatlary Komitete üç aýyň dowamynda berýär.

2. Eger mesele şeýle döwlet ilki başdaky habarnamany alanyndan soň alty aýyň dowamynda ikitaraplaýyn gepleşikler arkaly ýa-da olara elýeter bolan haýsydyr başga bir ýol bilen taraplaryň ikisini-de kanagatlandyrýan derejede düzgünleşdirilmese, onda şol iki döwletiň islendiginiň Komiteti, şeýle hem beýleki döwleti habarly etmek arkaly şol meseläni Komitetiň garamagyna ýene-de bermäge hukugy bar.

3. Komitet hukuk goragynyň ähli içerki elýeter serişdeleriniň synalandygyny we şu halatda başgalarynyň ýokdugyny halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen ýörelgelerine laýyklykda anyklanyndan soň öz garamagyna berlen meselä şu maddanyň 2-nji bendine laýyklykda garaýar. Şeýle serişdeleriň ulanylmagy juda uzaklaşdyrylan halatda bu kada hereket etmeýär.

4. Öz garamagyna berlen islendik mesele boýunça Komitet işe degişli islendik maglumatlary bermegi dahylly gatnaşyjy döwletlere teklip edip biler.

5. Eger şu maddanyň düzgünlerinden gelip çykýan haýsydyr bir mesele Komitetiň garamagynda bolsa, dahylly gatnaşyjy döwletleriň öz wekillerini şu meselä garalýan döwür üçin Komitetiň mejlislerine ses bermek hukugy bolmazdan gatnaşmak üçin ibermäge hukugy bar.

12-nji madda

1. a) Komitet zerur hasap edýän ähli maglumatlaryny alandan we jikme-jik barlanyndan soň Başlyk bäş adamdan ybarat düzümde ýörite Ylalaşdyryjy topary (mundan beýläk Topar diýlip atlandyrylýar) belleýär, şol adamlar Komitetiň agzalaryndan bolup ýa bolman biler. Toparyň agzalary jedeldäki taraplaryň biragyzdan razylygy bilen bellenilýär we Topar şol meseläni şu Konwensiýanyň düzgünlerini berjaý etmek esasynda parahatçylykly düzgünleşdirmek maksady bilen dahylly döwletlere öz hoşniýetli hyzmatlaryny üpjün edýär.

b) Eger Toparyň ähli düzümi ýa-da onuň bir bölegi barada ylalaşyk jedeldäki taraplar bolan döwletleriň arasynda üç aýyň dowamynda gazanylmasa, onda Toparyň özi barada jedeldäki taraplar bolan döwletleriň arasynda ylalaşyk gazanylmadyk agzalary Komitetiň agzalaryndan gizlin ses bermek arkaly sesleriniň üçden iki bölegine barabar köplügi bilen saýlanylýar,

2. Toparyň agzalary öz borçlaryny şahsyýet hökmünde ýerine ýetirýär. Olar jedeldäki taraplar bolan döwletleriň ýa-da Konwensiýa gatnaşmaýan döwletleriň raýatlary bolmaly däl.

3. Topar öz Başlygyny saýlaýar we öz önümçilik kadalaryny belleýär.

4. Toparyň mejlisleri adatça Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi edaralarynda ýa-da Toparyň çözgüdi boýunça başga bir islendik amatly ýerde geçirilýär.

5. Eger Konwensiýa gatnaşyjy döwletleriň arasyndaky jedel Komissiýanyň döredilmegine eltse, Konwensiýanyň 10-njy maddasynyň 3-nji bendine laýyklykda üpjün edilýän müdiriýet Komissiýa hem hyzmat edýär.

6. Jedeldäki taraplar bolan döwletler Komissiýanyň agzalarynyň ähli çykdajylaryny Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary tarapyndan berilýän çykdajy sanawyna laýyklykda deň derejede çekýär.

7. Eger bu zerur bolsa, Baş sekretaryň Komissiýanyň agzalarynyň çykdajylaryny jedeldäki tarap bolan döwletler olaryň şu

maddanyň 6-njy bendine laýyklykda öwezini dolmanka tölemäge hukugy bar.

8. Komitet tarapyndan alnan we öwrenilen maglumatlar Toparyň ygtyýaryna berilýär we Topar işe degişli islendik maglumatlary bermegi dahylly döwletlere teklip edip biler.

13-nji madda

1. Komissiýa meselä doly garanyndan soň ol taraplaryň arasyndaky jedeliň hakyky mazmunyna degişli ähli meseleler boýunça öz gelen netijesinden ybarat bolan doklady hem-de jedeli parahatçylykly çözmek üçin özüniň zerur diýip ykrar edýän maslahatlaryny taýýarlamaly we Komitetiň Başlygyna bermeli.

2. Komitetiň Başlygy Komissiýanyň dokladyny jedele gatnaşýan taraplaryň her birine ibermeli. Şol döwletler Komissiýanyň dokladyndaky maslahatlar bilen razylaşýandygy ýa-da däldigi hakynda Komitetiň Başlygyna üç aýyň dowamynda habar bermeli.

3. Şu maddanyň 2-nji bendine göz öňünde tutulan döwür tamamlanandan soň Komitetiň Başlygy Komissiýanyň dokladyny we dahylly gatnaşyjy döwletleriň beýanatlaryny Konwensiýa gatnaşyjy beýleki döwletlere ibermeli.

14-nji madda

1. Gatnaşyjy döwlet Komitetiň şu Konwensiýada beýan edilen haýsydyr bir hukuklary şu gatnaşyjy döwletiň bozmagynyň pidalary bolandygyny tekrarlaýan aýry-aýry şahslaryň ýa-da şahslaryň toparlarynyň habarlaryny kabul etmäge we öz hukuk ygtyýarlyklarynyň çäklerinde olara garamaga ygtyýarlydygyny islendik wagtda beýan edip biler. Komitet şeýle beýanat bilen çykyş etmedik gatnaşyjy döwlete degişli bolan hiç bir habarlary kabul etmeli däl.

2. Şu maddanyň 1-nji bendinde göz öňünde tutulan beýanat bilen çykyş eden islendik gatnaşyjy döwlet şu Konwensiýada beýan edilen haýsydyr bir hukuklaryň bozulmagynyň pidasydygyny aýdýan we hukuk goragynyň beýleki ýerli elýeter serişdeleriniň ählisini synap görendigini aýdýan aýry-aýry şahslaryň ýa-da

şahslaryň toparlarynyň şikaýatlaryny kabul etmäge we olara öz hukuk ygtyýarlyklarynyň çäklerinde garamaga ygtyýarly boljak edarany özüniň milli hukuk ulgamynyň çäklerinde döredip ýa-da belläp biler.

3. Şu maddanyň 1-nji bendine laýyklykda berlen beýanat, şeýle hem şu maddanyň 2-nji bendine laýyklykda döredilen ýa-da görkezilen islendik edaranyň ady degişli gatnaşyjy döwlet tarapyndan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berilmeli, ol bolsa olaryň nusgalaryny beýleki gatnaşyjy döwletlere iberýär. Beýanat bu barada Baş sekretara habar bermek arkaly islendik wagtda yzyna alnyp bilner, emma munuň özi Komitetiň garamagyndaky habarlara hiç bir derejede täsir etmeli däl.

4. Şikaýatlaryň sanawyny şu maddanyň 2-nji bendine laýyklykda döredilen ýa-da görkezilen edara düzýär, şol sanawyň tassyklanan nusgalary bolsa her ýyl degişli ýollar arkaly Baş sekretara tabşyrylýar, özi-de olaryň mazmuny aýan edilmeli däl.

5. Şikaýaty beriji şu maddanyň 2-nji bendine laýyklykda döredilen ýa-da görkezilen edaranyň hereketleri bilen kanagatlanmadyk halatda onuň alty aýyň dowamynda şu meseläni Komitete bermäge hukugy bar.

6. a) Komitet öz alan islendik habary hakynda şu Konwensiýanyň haýsydyr bir düzgünlerini bozmakda aýyplanylýan gatnaşyjy döwlete gizlin tertibinde mälim edýär, emma degişli şahs ýa şahslaryň topary onuň ýa bolmasa olaryň razylygy bolmadyk halatda mälim edilmeýär. Komitet golsuz şikaýatlary kabul etmeli däl.

b) Habarnamany alan döwlet şu mesele we özi tarapyndan görülmegi mümkin bolan çäreler boýunça ýazmaça düşündirişleri ýa-da beýanatlary Komitete üç aýyň dowamynda berýär.

7. a) Komitet habarnamalara dahylly gatnaşyjy döwletiň we şikaýatçynyň öz ygtyýaryna beren ähli maglumatlaryny nazara alyp garaýar. Eger Komitet şikaýatçynyň hukuk goragynyň ähli elýeter içerki serişdelerini doly ulanandygyny anyklamasa, haýsydyr bir şikaýatçydan hiç hili habarlara garamaly däl. Emma şol serişdeleriň ulanylmagy juda uzaklaşdyrylan halatlarda bu kada hereket etmeýär.

b) Eger Komitetiň teklipleri we maslahatlary bar bolsa, ol olary dahylly gatnaşyjy döwlete we şikaýatça iberýär.

8. Komitet şeýle habarnamalaryň jemlemesini we gerek halatda dahylly gatnaşyjy döwletleriň düşündirişleriniň we beýanatlarynyň gysgaça beýanyny, şeýle hem öz tekliplerini we maslahatlaryny öz her ýyllyk dokladyna goşýar.

9. Komitet şu maddada göz öňünde tutulan wezipeleri ýerine ýetirmäge diňe Konwensiýa gatnaşyjy döwletleriň azyndan onusy şu maddanyň 1-nji bendine laýyklykda beýanatlar bilen çykyş eden halatda ygtyýarly.

15-nji madda

1. Baş Assambleýanyň 1960-njy ýylyň 14-nji dekabryndaky 1514 (XV) rezolýusiýasyndaky Kolonial ýurtlara we halklara garaşsyzlyk bermek hakyndaky jarnamanyň maksatlaryna ýetilýänçä şu Konwensiýanyň düzgünleri beýleki halkara resminamalara laýyklykda ýa-da Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen edaralary tarapyndan şol halklara berlen şikaýat bermek hukugyny hiç bir derejede çäklendirmeýär.

2. a) Şu Konwensiýanyň 8-nji maddasynyň 1-nji bendine laýyklykda döredilen Komitet Birleşen Milletler Guramasynyň şu Konwensiýanyň ýörelgelerine we maksatlaryna göni degişli bolan meseleler bilen meşgullanýan edaralaryndan şikaýatlaryň nusgalaryny alýar hem-de hemaýat astyndaky we öz-özüni dolandyrmaýan çäkleriň we 1514 (XV) rezolýusiýa özi barada ulanylýan beýleki çäkleriň ýaşaýjylaryndan alnan, şu Konwensiýada göz öňünde tutulan meselelere degişli bolan, şol edaralaryň garamagynda bolan şikaýatlaryna garalan mahaly şol edaralaryň şol şikaýatlar baradaky pikirini we maslahatlaryny mälim edýär.

b) Komitet şu Konwensiýanyň ýörelgelerine we maksatlaryna göni degişli bolan we dolandyryjy döwletler tarapyndan şu bendiň a) kiçi bendinde görkezilen sebitler barada amala aşyrylýan kanunçylyk, kazyýet, dolandyryş we beýleki çärelere degişli dokladlaryň nusgalaryny Birleşen Milletler Guramasynyň ygtyýarly edaralaryndan alýar, şeýle hem şu mesele boýunça öz pikirini beýan edýär we şol edaralara maslahatlary berýär.

3. Komitet öz Baş Assambleýa berýän dokladyna Birleşen Milletler Guramasynyň edaralaryndan öz alan şikaýatlary we dokladlary boýunça jemlemäni, şeýle hem Komitetiň şol şikaýatlara we dokladlara degişli pikirlerini we maslahatlary goşýar.

4. Komitet şu Konwensiýanyň maksatlaryna degişli bolan we şu maddanyň 2-nji bendiniň a) kiçi bendinde görkezilen sebitler boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň ygtyýarynda bolan ähli maglumatlary ondan sorap alýar.

16-njy madda

Şu Konwensiýanyň jedelleri düzgünleşdirmäge ýa-da şikaýatlara garamaga degişli düzgünleri kemsitmeler babatdaky jedelleri we şikaýatlary çözmegiň Birleşen Milletler Guramasynyň we onuň ýöriteleşdirilen edaralarynyň binýatlyk resminamalarynda ýa-da olar tarapyndan makullanylan konwensiýalarda beýan edilen beýleki usullaryna zyýan ýetirmezden ulanylýar hem-de gatnaşyjy döwletleriň jedelleri çözmek üçin öz aralarynda hereket edýän umumy ýa-da ýörite halkara ylalaşyklaryna laýyklykda beýleki usullary peýdalanmagyna päsgel bermeýär.

III BÖLEK

17-nji madda

1. Şu Konwensiýa Birleşen Milletler Guramasynyň agzasy ýa-da onuň islendik ýöriteleşdirilen edarasynyň agzasy bolan islendik döwletiň, Halkara Kazyýetiniň Statutyna gatnaşyjy islendik döwletiň we Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan şu Konwensiýa gatnaşmaga çagyrylan islendik beýleki döwletiň gol çekmegi üçin açyk.

2. Şu Konwensiýa tassyklanylmaga degişli. Tassyklaýyş hatlary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynda saklanylýar.

18-nji madda

1. Şu Konwensiýa onuň 17-nji maddasynyň 1-nji bendinde görkezilen islendik döwletiň goşulmagy üçin açyk bolar.

2. Goşulmak amaly ol baradaky resminamanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berilmegi arkaly amala aşyrylýar.

19-njy madda

1. Şu Konwensiýa tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň ýigrimi ýedinjisi Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berlenden soň otuzynjy günde güýje girýär.

2. Tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň ýigrimi ýedinjisi saklanylmaga berlenden soň şu Konwensiýany tassyklan ýa-da oňa goşulan döwlet üçin şu Konwensiýa onuň öz tassyklaýyş haty ýa-da goşulmak hakyndaky resminamasy saklanylmaga berlenden soň otuzynjy günde güýje girer.

20-nji madda

1. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary döwletler tarapyndan tassyklamak ýa-da goşulmak pursatynda edilen şertlendirmeleriň tekstlerini alýar we şu Konwensiýanyň gatnaşyjysy bolan ýa bolmagy mümkin bolan ähli döwletlere iberýär. Şertlendirmä garşy çykýan islendik döwlet ony kabul etmeýändigi hakynda Baş sekretara ýokarda görkezilen habarnamadan soň togsan günüň dowamynda habar bermeli.

2. Şu Konwensiýanyň maksatlaryna we wezipelerine ters gelýän şertlendirmelere, hut şonuň ýaly-da şu Konwensiýa esasynda döredilen haýsydyr bir edaralaryň işine päsgel berip biljek şertlendirmelere ýol berilmeýär. Konwensiýa gatnaşyjy döwletleriň azyndan üçden iki bölegi şertlendirmä garşy bolsa, ol ters gelýän ýa-da işe päsgel berýän hasap edilýär.

3. Şertlendirmeler Baş sekretaryň adyna iberilen degişli habarnama arkaly islendik wagtda aradan aýrylyp bilner. Şonuň ýaly habarnama alnan gününden güýje girýär.

21-nji madda

Her bir gatnaşyjy döwlet bu barada Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna ýazmaça habarnama ibermek arkaly şu Konwensiýadan çykyp biler (denonsasiýa). Denonsasiýa Baş sekretar bu baradaky habarnamany alan günden başlap bir ýyldan güýje girýär.

22-nji madda

Şu Konwensiýany düşündirmek ýa-da ulanmak barada gatnaşyjy döwletleriň ikisiniň ýa-da birnäçesiniň arasynda ýüze çykan, gepleşikler ýa-da şu Konwensiýada göz öňünde tutulan ýörite amallar arkaly çözülmedik islendik jedel oňa gatnaşýan taraplar düzgünleşdirilmegiň başga bir usuly hakynda şertleşmedik halatda jedeldäki taraplaryň islendiginiň talaby boýunça Halkara Kazyýetiň çözmegine berilýär.

23-nji madda

1. Şu Konwensiýa täzeden garamak hakyndaky talaby islendik gatnaşyjy tarap, islendik wagtda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň adyna iberilen ýazmaça habarnama arkaly öňe sürüp biler.

2. Şol talap bilen baglanyşykly çäreleri görmek zerur bolsa, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy nähili çäreleri görmelidigi hakynda çözgüt çykarýar.

24-nji madda

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary aşakda görkezilen maglumatlary şu Konwensiýanyň 17-nji maddasynyň 1-nji bendinde görkezilen ähli döwletlere iberýär:

a) 17-nji we 18-nji maddalara laýyklykda gol çekmeler, tassyklamalar we goşulmalar hakynda;

b) şu Konwensiýanyň 19-njy madda laýyklykda güýje girýän senesi hakynda;

ç) 14-nji, 20-nji we 23-nji maddalara laýyklykda alnan habarnamalar we beýanatlar hakynda;

d) 21-nji madda laýyklykda güýjüni ýatyrmalar hakynda.

25-nji madda

1. Iňlis, ispan, hytaý, rus we fransuz dillerindäki tekstleri deň güýje eýe bolan şu Konwensiýa Birleşen Milletler Guramasynyň arhiwinde saklanylýar.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary şu Konwensiýanyň tassyklanylan nusgalaryny şu Konwensiýanyň 17-nji maddasynyň 1-nji bendinde görkezilen islendik topara degişli döwletleriň ählisine iberýär.

RAÝAT WE SYÝASY HUKUKLAR HAKYNDA HALKARA PAKTY

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1966-njy ýylyň 16-njy dekabryndaky 2200 A (XXI) rezolýusiýasy bilen kabul edildi
1976-njy ýylyň 23-nji martynda güýje girdi

Giriş

Şu Pakta gatnaşýan döwletler,

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasy bilen jar edilen ýörelgelere laýyklykda, ynsan maşgalasynyň ähli agzalaryna mahsus mertebäniň hem-de olaryň deň we aýrylmaz hukuklarynyň ykrar edilmegi azatlygyň, adalatlylygyň we ählumumy parahatlygyň esasy bolup durýandygyny nazara alyp,

bu hukuklaryň adamyň şahsyýetine mahsus mertebeden gelip çykýanlygyny ykrar edip,

Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasyna laýyklykda, raýat we syýasy azatlykdan hem-de gorky we mätäçlik babatdaky azatlykdan peýdalanýan erkin adam şahsyýeti hakynda beslenýän arzuwyň diňe her bir adama özüniň ykdysady, jemgyýetçilik we medeni hukuklaryndan, hut şonuň ýaly-da özüniň raýat we syýasy hukuklaryndan peýdalanar ýaly şertler döredilende hasyl boljakdygyny ykrar edip,

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasy boýunça, döwletleriň adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň ählumumy hormatlanylmagyny we berjaý edilmegini höweslendirmäge borçludygyny nazara alyp,

her bir aýratyn adamyň beýleki adamlar babatda we özi degişli bolan köpçülik babatda borçlary bolmak bilen, şu Paktda ykrar edilýän hukuklaryň höweslendirilmegini we berjaý edilmegini gazanmalydygyny nazara alyp,

şu aşakdakylar hakynda ylalaşýar:

I BÖLEK

1-nji madda

1. Ähli halklaryň öz-özlerini kesgitlemäge hukugy bar. Şu hukuk esasynda olar öz syýasy derejesini erkin belleýär we öz ykdysady, durmuş we medeni ösüşini erkin üpjün edýär.

2. Ähli halklar öz maksatlarynyň hasyl bolmagy üçin öz tebigy baýlyklaryna we serişdelerine birek-birege peýdalylyk ýörelgesine esaslanan halkara ykdysady hyzmatdaşlygyndan we halkara hukugyndan gelip çykýan haýsydyr bir borçlaryna zyýan ýetirmezden erkin ygtyýar edip bilýär. Hiç bir halk hiç bir halatda özüne degişli ýaşaýyş serişdelerinden mahrum edilip bilinmez.

3. Şu Pakta gatnaşýan ähli döwletler, şol sanda olaryň öz-özüni dolandyrmaýan we howandarlykdaky ýerleri dolandyrmak üçin jogapkärçilik çekýänleri Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň düzgünlerine laýyklykda öz özlerini kesgitlemek hukugynyň amala aşyrylmagyny höweslendirmeli we şol hukuga hormat goýmaly.

II BÖLEK

2-nji madda

1. Şu Pakta gatnaşýan her bir döwlet öz ýerleriniň çäklerinde bolýan we öz hukuk ygtyýaryndaky ähli adamlaryň şu Paktda ykrar edilýän hukuklaryny rasa, teniniň reňki, jynsy, dili, dini, syýasy ýa-da beýleki ynam-ygtykatlary, milleti ýa-da jemgyýetiň haýsy gatlagyna degişlidigi, emläk ýagdaýy, dogulmagy ýa başga bir ýagdaýy babatdaky ýaly haýsydyr bir tapawutlandyrmasyz hormatlamaga we üpjün etmäge borçlanýar.

2. Eger munuň özi bar bolan kanunçylyk we beýleki çäreler bilen eýýäm göz öňünde tutulmadyk bolsa, şu Pakta gatnaşýan her bir döwlet şu Paktda ykrar edilýän hukuklary amala aşyrmak üçin zerur bolup biljek şonuň ýaly kanunçylyk ýa-da beýleki çäreleri özüniň konstitusion amallaryna laýyklykda kabul etmäge borçlanýar.

3. Şu Pakta gatnaşýan her bir döwlet:

a) şu Pakt bilen ykrar edilýän hukuklary we azatlyklary bozulan islendik adama hukuk goragynyň netijeli serişdelerini, hat-da şol bozulma resmi şahslar hökmünde hereket eden adamlar tarapyndan amala aşyrylanda hem üpjün etmäge;

b) hukuk goragyny talap edýän islendik adam üçin şeýle gorag baradaky hukugy ygtyýarly kazyýet, administratiw ýa-da kanunçykaryjy häkimiýetleriň ýa-da döwletiň hukuk ulgamynda göz öňünde tutulan islendik beýleki ygtyýarly edaranyň bellemegini üpjün etmäge we kazyýet goragynyň mümkinçiligini ösdürmäge;

ç) hukuk goragynyň serişdeleri üpjün edilende ygtyýarly häkimiýetleriň olary ulanmagyny üpjün etmäge borçlanýar.

3-nji madda

Şu Pakta gatnaşýan döwletler şu Paktda göz öňünde tutulan ähli raýat we syýasy hukuklary peýdalanmaga erkekler we aýallar üçin deň hukuklary üpjün etmäge borçlanýar.

4-nji madda

1. Döwletde adatdan daşary ýagdaý bolup, ol mahaly milletiň durmuşy howp astynda bolanda we onuň barlygy hakynda resmi taýdan yglan edilende, şu Pakta gatnaşýan döwletler özleriniň şu Pakt boýunça borçnamalaryndan çykmak görnüşde çäreleri diňe munuň özi ýagdaýyň ýitiligi bilen talap edilýän derejede, şeýle çäreler olaryň halkara hukugy boýunça beýleki borçnamalaryna laýyk gelýän hem-de diňe rasa, teniniň reňki, jynsy, dili, dini ýa-da jemgyýetiň belli bir gatlagyna degişlidigi esasynda kemsitmelere eltmeýän şertde amala aşyryp biler.

2. Şu düzgün 6-njy, 7-nji, 8-nji (1-nji we 2-nji bentler), 11-nji, 15-nji, 16-njy we 18-nji maddalardan haýsydyr bir çykmalar üçin esas bolup hyzmat edip bilmez.

3. Şu Pakta gatnaşýan, şeýle düzgünlerden çykmak hukugyndan peýdalanýan islendik döwlet çäklerinden çykylan düzgünler we şeýle çözgüdi kabul etmäge iteren sebäpler hakynda şu Pakta gatnaşýan beýleki döwletlere Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň üsti bilen haýal etmän habar bermeli. Şeýle hem şol

araçyň üsti bilen şeýle düzgünlerden çykmagyň ýatyrylmagynyň senesi barada habar berilmeli.

5-nji madda

1. Şu Paktda hiç bir zat haýsydyr bir döwletiň, haýsydyr bir toparyň ýa-da haýsydyr bir adamyň şu Paktda ykrar edilen islendik hukuklary ýa-da azatlyklary ýok etmäge ýa bolmasa olary şu Paktda göz öňünde tutulanyndan köp derejede çäklendirmäge gönükdirilen nähilidir bir iş bilen meşgullanmak ýa nähilidir bir hereketleri etmek hukugynyň barlygyny aňladýan hökmünde düşündirilmeli däl.

2. Şu Pakta gatnaşýan haýsydyr bir döwletde kanun, konwensiýa, kadalar ýa-da däpler esasynda ykrar edilýän ýa adamyň bar bolan haýsydyr bir esasy hukuklarynyň şu Paktda şeýle hukuklaryň ykrar edilmeýändigi ýa-da olaryň onda az möçberde ykrar edilýändigi bahanasy bilen hiç hili çäklendirilmegine ýa olara kemter garalmagyna ýol berilmeýär.

III BÖLEK

6-njy madda

1. Ýaşamak hukugy her bir adamyň aýrylmaz hukugy bolup durýar. Bu hukuk kanun bilen goralýar. Hiç kim janyňdan eden-etdiliklik mahrum edilip bilinmez.

2. Ölüm jezasyny ýatyrmadyk ýurtlarda ölüm jezasy baradaky hökümler diňe has agyr jenaýatlar üçin we şol jenaýat edilen wagtynda ulanylan hem-de şu Paktyň kararlaryna we Genosid jenaýatynyň öňüni almak we onuň üçin jezalandyrmak hakyndaky konwensiýanyň kararlaryna ters gelmeýän kanuna laýyklykda çykarylyp bilner. Bu jeza diňe ygtyýarly kazyýet tarapyndan çykarylan gutarnykly hökümi ýerine ýetirmek üçin amala aşyrylyp bilner.

3. Janyňdan mahrum etmek genosid jenaýatyndan ybarat bolan mahaly şu maddada hiç bir zadyň şu Pakta gatnaşýan döwletlere Genosid jenaýatynyň öňüni almak we onuň üçin jezalandyrmak hakyndaky konwensiýanyň kararlaryna laýyklykda kabul edilen

islendik borçnamalardan haýsydyr bir görnüşde çykmak hukugyny bermeýändigini nazara almak gerek.

4. Ölüm jezasyna höküm edilen her bir adamyň rehim edilmegini ýa-da hökümiň ýumşadylmagyny haýyş etmäge hukugy bar. Günäsini geçmek, rehim etmek ýa-da ölüm jezasy baradaky hökümi çalşyrmak ähli halatlarda ulanylyp bilner.

5. Ölüm jezasy baradaky höküm on sekiz ýaşdan kiçi adamlar tarapyndan edilen jenaýatlar üçin çykarylmaýar we göwreli aýallar babatynda amala aşyrylmaýar.

6. Şu maddada hiç bir zat şu Pakta gatnaşýan haýsydyr bir döwletiň ölüm jezasynyň ýatyrylmagyny gaýra goýmagyna ýa-da oňa ýol bermezligine esas bolup hyzmat edip bilmez.

7-nji madda

Hiç kim gynamalara ýa-da rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebesini kemsidýän çemeleşmä ýa jeza sezewar edilmeli däl. Hususan-da, hiç bir adam özüniň erkin razylygy bolmasa, medisina ýa-da ylmy tejribelere sezewar edilmeli däl.

8-nji madda

1. Hiç kim gulçulykda saklanylmaly däl; gulçulyk we gul söwdasy olaryň ähli görnüşlerinde gadagandyr.

2. Hiç kim tabyn ýagdaýda saklanylmaly däl.

3. a) Hiç kim mejbury ýa-da hökmany zähmete mejbur edilmeli däl;

b) jenaýat üçin jeza görnüşinde sürgün işleri bilen baglanyşykly azatlykdan mahrum etmek bellenilip bilinjek ýurtlarda 3 a) bent sürgün işleriniň şeýle jezany bellän ygtyýarly kazyýetiň hökümi boýunça ýerine ýetirilmegi üçin bökdençlik bolup durmaýar;

ç) aşakda görkezilenler "mejbury ýa-da hökmany zähmet" diýen adalga bilen gurşalyp alynmaýar:

1) adatça kazyýetiň kanuny buýrugy esasynda tussaglykda bolýan adam ýa-da şeýle tussaglykdan şertleýin boşadylan adam tarapyndan ýerine ýetirilmeli bolan, b) kiçi bendinde görkezilmedik haýsydyr bir iş ýa-da gulluk;

2) harby häsiýetli haýsydyr bir gulluk, syýasy ýa-da dini-etniki sebäpler boýunça harby gullukdan boýun gaçyrmak ykrar edilýän ýurtlarda bolsa harby gullukdan şeýle sebäpler boýunça boýun gaçyrýan adamlar üçin göz öňünde tutulan haýsydyr bir gulluk;

3) ilatyň ýaşaýyşyna ýa-da abadançylygyna howp salýan adatdan daşary ýagdaý ýa-da betbagtçylyk halatlarynda hökmany bolan haýsydyr bir gulluk;

4) adaty raýat borçlaryna girýän haýsydyr bir iş ýa-da gulluk.

9-njy madda

1. Her bir adamyň erkinlige we şahsy eldegrilmesizlige hukugy bar. Hiç kim eden-etdilikli tussaga ýa-da tussaglykda saklanylmaga sezewar edilip bilinmez. Hiç kim kanun bilen bellenilenlerden başga esaslar we amallar boýunça azatlykdan mahrum edilip bilinmez.

2. Her bir tussag edilene tussag edilen mahaly özüniň tussag edilmeginiň sebäpleri habar berilýär we özüne bildirilýän islendik günä hakynda gyssagly tertipde habar berilýär.

3. Jenaýat aýyplamasy boýunça tussag edilen ýa-da saklanylan her bir adam gyssagly tertipde kazynyň ýanyna ýa-da kazyýet häkimiýetini amala aşyrmak hukugy kanun boýunça özüne degişli bolan we pähime laýyk möhletiň dowamynda kazyýet seljerişini geçirmäge ýa boşatmaga hukugy bolan başga bir wezipeli adamyň ýanyna eltilýär. Kazyýet seljerişiniň geçirilmegine garaşýan adamlaryň tussag astynda saklanylmagy umumy kada bolmaly däl, ýöne boşadylmak kazyýete gelmeginiň, kazyýet seljerişine onuň islendik beýleki tapgyrynda gelmeginiň we zerur halatda hökümi ýerine ýetirmek üçin gelmeginiň kepillendirmeleriniň berilmegine bagly edilip bilner.

4. Tussag edilmek ýa-da gorag astynda saklanmak netijesinde azatlykdan mahrum edilen her bir adama kazyýetiň onuň saklanylmagynyň kanunylygy barada gaýragoýulmasyz karar çykaryp we saklanylmagy bikanun bolsa, onuň boşadylmagy hakynda görkezme berip bilmegi üçin öz işiniň kazyýetde seljerilmegine degişli hukugy bardyr.

5. Bikanun tussag edilmegiň ýa-da gorag astynda saklanylmagyň pidasy bolan her bir adamyň hak isleginiň güýjüne eýe bolan öwezini dolma hukugy bardyr.

10-njy madda

1. Azatlykdan mahrum edilen ähli adamlaryň ynsanperwerlikli çemeleşmä we ynsan şahsyýetine mahsus bolan mertebesiniň hormatlanylmagyna hukugy bar.

2. a) Günä bildirilýänler, adatdan daşary ýagdaýlar bolmadyk halatda iş kesilenlerden aýratynlykda ýerleşdirilýär we olara iş kesilmedik adamlaryň hukuk ýagdaýyna laýyk gelýän aýratyn düzgün üpjün edilýär;

b) Kämillik ýaşyna ýetmedik günä bildirilýänler kämillik ýaşyna ýetenlerden aýratyn saklanylýar we çözgüdiň çykarylmagy üçin kazyýete örän gysga möhletde eltilýär.

3. Düzediş edaralarynyň ulgamynyň tertibinde tussaglar barada düýpli maksady olaryň düzedilmeginden we jemgyýetçilik taýdan täzeden terbiýelenmeginden ybarat bolan düzgün göz öňünde tutulýar. Hukuk tertibini bozan kämillik ýaşyna ýetmedik adamlar kämillik ýaşyna ýetenlerden aýry saklanylýar we olara ýaşyna we hukuk ýagdaýyna laýyk gelýän düzgün üpjün edilýär.

11-nji madda

Hiç kim diňe haýsydyr bir şertnamalaýyn borçnamany ýerine ýetirmäge ukypsyz bolandygy esasynda azatlykdan mahrum edilip bilinmez.

12-nji madda

1. Haýsydyr bir döwletiň çäklerinde kanuny ýagdaýda bolýan her bir adama şol döwletiň ýerleriniň çäklerinde erkin hereket etmäge hukugy we ýaşaýan ýerini saýlap almaga azatlygy degişli.

2. Her bir adamyň islendik ýurdy, şol sanda öz ýurduny terk etmäge hukugy bar.

3. Ýokarda görkezilen hukuklar kanunlar bilen göz öňünde tutulan, döwletiň howpsuzlygyny, jemgyýetçilik tertibini, ilatyň

saglygyny ýa-da ahlagyny ýa beýlekileriň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin zerur bolanlardan we şu Paktda ykrar edilýän beýleki hukuklara laýyk gelýänlerden başga hiç hili çäklendirmelere sezewar edilip bilinmez.

4. Hiç kim öz ýurduna gelmek hukugyndan eden-etdilikli mahrum edilip bilinmez.

13-nji madda

Şu Pakta gatnaşýan haýsydyr bir ýurduň çäklerinde kanuna laýyklykda bolýan daşary ýurtly diňe kanuna laýyklykda çykarylan çözgüdi ýerine ýetirmek üçin ýurtdan çykarylyp bilner we döwlet howpsuzlygy baradaky hökmany häsiýetli pikirler başgaça talap etmeýän bolsa, onuň özüniň ýurtdan çykarylmagyna garşy delilleri getirmäge, öz işine ygtyýarly häkimiýetiň ýa-da ygtyýarly häkimiýet tarapyndan ýörite bellenilen adamyň, ýa adamlaryň täzeden garamagyna we şu maksat üçin şol häkimiýetiň, adamyň ýa-da adamlaryň huzuryna eltilmäge hukugy bar.

14-nji madda

1. Ähli adamlar kazyýetleriň we tribunallaryň öňünde deň. Her kimiň özüne bildirilýän jenaýat aýyplamasyna garalanda ýa-da haýsydyr bir raýat seljerişinde onuň hukuklary we borçlary kesgitlenilende işe kanun esasynda döredilen ygtyýarly, garaşsyz we tarapgöýsiz kazyýetiň adalatly we jemagatyň gatnaşmagynda seljermegine hukugy bar. Metbugatçylar we jemagat ähli kazyýet seljerişine ýa-da onuň bir bölegine ahlak, jemgyýetçilik tertibi ýa-da demokratik jemgyýetde döwlet howpsuzlygy hakyndaky bähbitler boýunça ýa-da muny taraplaryň hususy durmuşynyň bähbitleri talap edende ýa bolmasa - kazyýetiň pikirine görä, örän zerur bolan derejede – aýratyn ýagdaýlarda, jemagata aýanlyk adyl kazyýetiň bähbitlerini bozan mahaly goýberilmän bilner; emma jenaýat ýa-da raýat işi boýunça islendik kazyýetiň karary aýan bolmaly, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň bähbitleri talap edýän halatlar ýa-da iş enelik jedellerine ýa bolmasa çagalara hossarlyk etmäge degişli halatlar muňa girmeýär.

2. Jenaýaty edenliginde aýyplanylýan her bir adamyň tä günälidigi kanuna laýyklykda subut edilýänçä, günäsiz diýlip hasap edilmäge hukugy bar.

3. Her bir adamyň özüne bildirilýän islendik jenaýat aýyplamasyna garalanda juda bolmanda şu kepillendirmelere doly deňlik esasynda hukugy bar:

a) özüne bildirilýän aýyplamanyň häsiýeti we esasy hakynda özüne düşnükli bolan dilde gyssagly tertipde we jikme-jik habarly bolmaga;

b) özüniň goralmagyny taýýarlamak we özi tarapyndan saýlap alnan aklawçy bilen duşuşyp gepleşmäge ýeterlik wagtyň we mümkinçiligiň bolmagy;

ç) delillendirilmedik uzaklaşdyrma bolmazdan kazyýetde işine seredilmek;

d) özüniň gatnaşmagynda kazyýetde işine seredilmek we özüni özi ýa-da özi tarapyndan alnan aklawçy arkaly goramak; eger aklawçysy bolmasa, bu hukuk barada habarly edilmek we adyl kazyýetligiň kadalary muny talap edýän islendik halatda, özünde şol aklawça hak tölemek üçin ýeterlik serişdeler bolmadyk islendik şeýle halatda özüne bellenilen goraýjyly bolmak;

e) özüne garşy görkezme berýän şaýatlary sorag etmek ýa-da şol şaýatlaryň sorag edilmegine hukugy bolmak we öz şaýatlarynyň oňa garşy görkezme berýän şaýatlar üçin bar bolan hut şol şertlerde çagyrylmagyna we sorag edilmegine hukugy bolmak;

ä) eger kazyýetde ulanylýan dile düşünmeýän ýa-da şol dilde geplemeýän bolsa, terjimeçiniň mugt kömeginden peýdalanmak;

f) özüne garşy görkezme bermäge ýa-da özüni günäli diýip boýun almaga mejbur edilmezlik.

4. Kämillik ýaşyna ýetmedikler barada kazyýet önümçiligi olaryň ýaşy we olaryň täzeden terbiýelenmegine ýardam bermegiň arzylanýandygy nazara alynýan bolmaly.

5. Haýsydyr bir jenaýat üçin iş kesilen her bir adamyň özüne iş kesilmegine we höküme ýokarda durýan basgançakly kazyýetiň kanuna laýyklykda täzeden garamagyna hukugy bar.

6. Eger haýsydyr bir adama gutarnykly çözgüt bilen jenaýat üçin iş kesilen bolsa we oňa çykarylan höküm soňra haýsydyr bir täze ýa täzeden ýüze çykarylan ýagdaýyň kazyýetiň ýalňyşynyň bardygyny jedelsiz subut edýändigi esasynda ýatyrylan ýa oňa rehim etmek ulanylan bolsa, onda şeýle iş kesmek netijesinde jeza çeken şol adam kanuna laýyk öwezini dolmany alýar, ýokarda görkezilen nämälim ýagdaýyň diňe ýa-da kem-käsleýin onuň günäsi bilen wagtynda ýüze çykarylmandygy subut edilen halatlar muňa girmeýär.

7. Hiç kim eýýäm gutarnykly iş kesilen ýa-da aklanylan jenaýat üçin her bir ýurduň kanunlaryna we jenaýat-iş ýörediş hukugyna laýyklykda ikinji gezek iş kesilmeli däl ýa-da jezalandyrylmaly däl.

15-nji madda

1. Hiç kim edilen pursatda hereket edýän içerki döwlet kanunçylygyna we halkara hukugyna laýyklykda jenaýat bolmadyk haýsydyr bir hereket ýa-da säwlik sebäpli haýsydyr bir jenaýaty edendigi üçin günäkär diýlip ykrar edilip bilinmez. Hut şonuň ýaly-da, jenaýat edilen pursatda ulanylmaga degişli bolandan has agyr jeza bellenilip bilinmez. Eger jenaýat edileniňden soň kanun bilen has ýeňil jeza bellenilýän bolsa, şol kanunyň hereketi şol jenaýatkäre degişlidir.

2. Şu maddada hiç bir zat edilen pursatynda hukugyň halkara bileleşigi tarapyndan ykrar edilen umumy ýörelgelerine laýyklykda bolan islendik hereket ýa säwlik üçin islendik adamyň kazyýete berilmegine we jezalandyrylmagyna päsgel bermeýär.

16-njy madda

Her bir adamyň nirede bolýandygyna garamazdan, öz hukuklarynyň bolmagyny we hukuk borçlaryny amala aşyrmagyny ykrar edilmegine hukugy bar.

17-nji madda

Hiç kim öz şahsy ýa-da maşgala durmuşyna eden-etdilikli ýa-da bikanun gatyşylmagyna, öz ýaşaýan ýeriniň eldegrilmesizligine ýa öz hat-habarlarynyň syryna eden-etdilikli ýa, bolmasa

bikanun hyýanatçylyklara ýa-da öz abraýyna we mertebesine bikanun hyýanatçylyklara sezewar edilip bilinmez.

2. Her bir adamyň kanunyň şeýle gatyşylmagyndan ýa-da hyýanatçylyklardan goralmagyna hukugy bar.

18-nji madda

1. Her bir adamyň pikiriň, wyždanyň we diniň azatlygyna hukugy bar. Bu hukuk dine ýa-da ynam-ygtykatlaryna öz saýlap almagy boýunça eýe bolmak ýa-da olary kabul etmek azatlygyndan we öz dinine we ynam-ygtykatlaryna ýeke özi bolşy ýaly, şeýle hem beýleki adamlar bilen bilelikde jemagat ýa-da hususy tertipde uýmak, ybadatlary berjaý etmek, dini we ybadat däplerini we okuwyny ýerine ýetirmek azatlygyny öz içine alýar.

2. Hiç kim öz saýlap almagy boýunça dine we ynam-ygtykatlaryna eýe bolmak ýa-da olary kabul etmek azatlygyny kemsidýän mejburlyga sezewar edilmeli däl.

3. Dine ýa-da ynam-ygtykatlaryna uýmak azatlygy barada diňe kanun bilen bellenilen we jemgyýetçilik howpsuzlygyny, tertibini, saglygyny we ahlagyny, hut şonuň ýaly-da beýleki adamlaryň esasy hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin zerur çäklendirmeler ulanylmaly.

4. Şu Pakta gatnaşýan döwletler ata-eneleriň we degişli halatlarda kanuny hossarlaryň öz çagalarynyň dini we ahlaky terbiýesini öz ynam-ygtykatlaryna laýyklykda üpjün etmek azatlygyny hormatlamaga borçlanýar.

19-njy madda

1. Her bir adamyň öz pikirlerine bökdençliksiz eýermäge hukugy bar.

2. Her bir adamyň öz pikirini erkin beýan etmäge hukugy bar; ol hukuk her dürli maglumatlary we pikirleri döwlet serhetlerine garamazdan, dilden, ýazmaça ýa-da metbugat ýa bolmasa beýan etmegiň çeper görnüşleri arkaly, ýa bolmasa özüniň saýlamagy boýunça beýleki usullar bilen gözlemek, almak we ýaýratmak azatlygyny öz içine alýar.

3. Şu maddanyň 2-nji bendinde göz öňünde tutulan hukuklardan peýdalanmak aýratyn borçlary we aýratyn jogapkärçiligi ýükleýär. Ol, diýmek, käbir çäklendirmeler bilen baglanyşykly bolup biler, emma olar;

a) beýleki adamlaryň hukuklaryny we abraýyny hormatlamak üçin;

b) döwletiň howpsuzlygyny, jemgyýetçilik tertibini, ilatyň saglygyny ýa-da ahlagyny goramak üçin kanun bilen bellenilen we zerur bolmaly.

20-nji madda

1. Urşuň her hili wagyz edilmegi kanun bilen gadagan edilen bolmaly.

2. Milli, rasa ýa-da dini ýigrenjiň peýdasyna edilýän, kemsitmäge, duşmançylyga ýa-da zorluga öjükdirme bolup durýan her bir çykyş kanun bilen gadagan edilen bolmaly.

21-nji madda

Parahat ýygnaklara hukuk ykrar edilýär. Şol hukukdan peýdalanmak barada kanuna laýyklykda bellenilýän we demokratik jemgyýetde döwlet ýa-da jemgyýetçilik howpsuzlygyny, jemgyýetçilik tertibini, ilatyň saglygyny ýa-da ahlagyny goramak ýa-da beýleki adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin zerur bolan çäklendirmelerden başga hiç hili çäklendirmeler ulanylmaly däl.

22-nji madda

1. Her bir adamyň beýlekiler bilen birleşmek azatlygyna hukugy, şol sanda öz bähbitlerini goramak üçin kärdeşler arkalaşyklaryny döretmek we şeýle arkalaşyklara girmek hukugy bar.

2. Şu hukukdan peýdalanmak babatda kanun bilen göz öňünde tutulan we demokratik jemgyýetde döwlet ýa-da jemgyýetçilik howpsuzlygyny, jemgyýetçilik tertibini, ilatyň saglygyny ýa-da ahlagyny goramak ýa-da beýleki adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin zerur bolan çäklendirmelerden başga hiç

hili çäklendirmeler ulanylmaly däl. Şu madda ýaragly güýçleriň we polisiýanyň düzümine girýän adamlar üçin şu hukuk bilen peýdalanmaga kanuny çäklendirmeleri girizmäge päsgel berenok.

3. Şu maddada hiç bir zat Halkara zähmet guramasynyň Birleşmeleriň azatlygy we gurama üçin hukugy goramak baradaky 1948-nji ýyldaky Konwensiýasyna gatnaşyjy döwletlere şol Konwensiýada göz öňünde tutulan kepillendirmelere zyýan ýetirýän kanunçylyk namalaryny kabul etmäge ýa-da kanuny şol kepillendirmelere zyýan ýetiriler ýaly görnüşde ulanmaga hukuk bermeýär.

23-nji madda

1. Maşgala jemgyýetiň tebigy we esasy öýjügi bolup durýar we onuň jemgyýet we döwlet tarapyndan goralmaga hukugy bar.

2. Nika ýaşyna ýeten erkekleriň we aýallaryň nikalaşmak hukugy we maşgala gurmak hukugy ykrar edilýär.

3. Hiç bir nika nikalaşýan adamlaryň erkin we doly razylygy bolmasa, baglaşylyp bilinmez.

4. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler nikalaşmak babatda, nikada bolnan wagtda we ol bozulan mahaly är-aýalyň hukuklarynyň we borçlarynyň deňligini üpjün etmek üçin degişli çäreleri görmeli. Nika bozulan halatda ähli çagalaryň zerur derejede goralmagy göz öňünde tutulmaly.

24-nji madda

1. Her bir çaganyň rasa, teniniň reňki, jynsy, dili, dini, milleti ýa-da jemgyýetiň belli bir gatlagyna degişlidigi, emläk ýagdaýy ýa-da dogulmagy boýunça hiç hili kemsitmesiz onuň kiçi ýaşlylyk ýagdaýynyň talap edişi ýaly, onuň maşgalasy, jemgyýet we döwlet tarapyndan goramak çäreleriniň görülmegine hukugy bar.

2. Her bir çaga doglanyndan soň haýal etmän bellige alynmaly we onuň ady bolmaly.

3. Her bir çaganyň raýatlygy almaga hukugy bar.

25-nji madda

Her bir raýatyň 2-nji maddada görkezilen haýsydyr bir kemsitmesiz we esaslandyrylmadyk çäklendirmeler bolmazdan şulara hukugy we mümkinçiligi bolmaly:

a) döwlet işlerini ýöretmäge gös-göni bolşy ýaly, şeýle hem erkin saýlanan wekilleriň üsti bilen gatnaşmaga;

b) ählumumy we deň saýlaw hukugy esasynda gizlin ses bermek esasynda geçirilýän we saýlawçylaryň erk-isleginiň azat beýan edilmegini üpjün edýän hakyky döwürleýin saýlawlarda saýlamaga we saýlanylmaga;

ç) öz ýurdunda umumy şertlerde döwlet gullugynyň elýeter bolmagyna.

26-njy madda

Ählі adamlar kanunyň öňünde deňdir we olaryň hiç hili kemsitmesiz kanunyň deň goragyna hukugy bar. Şu babatda ählі görnüşdäki kemsitmeler kanun bilen gadagan edilmeli we kanun ählі adamlara rasa, teniniň reňki, jynsy, dili, dini, syýasy we beýleki ynam-ygtykatlaryna, milleti ýa-da jemgyýetçiligiň belli bir gatlagyna degişlidigi, emläk ýagdaýy, dogulmagy ýa-da haýsydyr bir başga ýagdaý boýunça kemsidilmegine garşy deň we netijeli goragy kepillendirmeli.

27-nji madda

Etniki, dini we dil azlyklary bolan ýurtlarda şeýle azlyklara degişli adamlaryň hut şol toparyň agzalary bilen bilelikde öz medeniýetini peýdalanmak, öz diniňe uýmak we onuň dessurlaryny berjaý etmek, şeýle hem ene dilinden peýdalanmak hukugy ret edilip bilinmez.

IV BÖLEK

28-nji madda

1. Adam hukuklary baradaky komitet döredilýär (şu Paktda aşakda Komitet diýlip atlandyrylýar). Ol on sekiz agzadan ybarat bolýar we aşakda göz öňünde tutulan wezipeleri ýerine ýetirýär.

2. Komitetiň düzümine şu Pakta gatnaşýan döwletleriň raýatlary bolup durýan we ýokary ahlak sypatlaryna hem-de adam hukuklary babatda ykrar edilen işe beletlige eýe bolan adamlar girýär, özi-de hukuk işi babatda tejribesi bolan birnäçe adamyň gatnaşmagynyň peýdalydygy nazara alynýar.

3. Komitetiň agzalary şahsyýet hökmünde saýlanylýar we işleýär.

29-njy madda

1. Komitetiň agzalary 28-nji maddada göz öňünde tutulan talaplary kanagatlandyrýan we bu maksat üçin şu Pakta gatnaşýan döwletler tarapyndan hödürlenilen adamlaryň sanawyndan gizlin ses bermek arkaly saýlanylýar.

2. Şu Pakta gatnaşýan her bir döwlet ikiden köp bolmadyk adamy hödürläp bilýär. Şol adamlar olary hödürleýän döwletleriň raýatlary bolmaly.

3. Islendik adamyň ikinji gezek hödürlenilmäge hukugy bar.

30-njy madda

1. Ilkinji saýlawlar şu Pakt güýje giren gününden başlap alty aýdan gijä galynman geçirilýär.

2. Komitete saýlawlar geçiriljek güne azyndan dört aý galanda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Komitetiň agzalygyna hödürleýän adamlaryny üç aýyň dowamynda görkezmek barada ýazmaça çakylyk bilen şu Pakta gatnaşýan döwletlere ýüzlenýär, bu ýagdaý döränligi, 34-nji madda laýyklykda yglan edilýän boş orunlary doldurmak üçin geçirilýän saýlawlara degişli däl.

3. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary şeýlelikde hödürlenilen adamlaryň elipbiý tertibindäki sanawyny şu Pakta gatnaşýan, şol adamlary hödürlän döwletleri görkezip düzýär we şol sanawy şu Pakta gatnaşýan döwletlere saýlawlaryň geçirilýän senesine azyndan bir aý galanda hödürleýär.

4. Komitetiň agzalarynyň saýlanylmagy şu Pakta gatnaşýan döwletleriň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary tarapyndan Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi edaralarynda

çagyrylýan mejlisinde amala aşyrylýar. Hukuk ygtyýarly bolmagy üçin şu Pakta gatnaşýan döwletleriň wekilleriniň üçden ikisiniň bolmagy hökmany bolan şol mejlisde gatnaşyjy döwletleriň onda bolýan we ses berýän wekilleriniň seslerinin has köp sanyny we aglaba köplügini alan, hödürlenilen adamlar Komitete saýlanylan hasap edilýär.

31-nji madda

1. Komitetiň düzümine şol bir döwletiň diňe bir raýaty girip biler.

2. Komitete saýlawlar mahaly agzalaryň geografik paýlanyşynyň we medeniýetleriň dürli görnüşleriniň we esasy hukuk ulgamlarynyň wekilçiliginiň adalatly bolmagy nazara alynýar.

32-nji madda

1. Komitetiň agzalary dört ýyllyk möhlete saýlanylýar. Olaryň ikinji gezek hödürlenilen mahaly täzeden saýlanylmaga hukugy bar. Emma ilkinji saýlawlarda saýlanylan agzalaryň dokuzysynyň ygtyýarlarynyň möhleti iki ýyllyk döwrüň ahyrynda tamamlanýar; şol dokuz agzanyň atlary ilkinji saýlawlardan soň haýal etmän 30-njy maddanyň 4-nji bendinde görkezilen mejlisde başlyk tarapyndan bije boýunça kesgitlenilýär.

2. Ygtyýarlaryň möhleti tamamlanandan soň saýlawlar şu Pakta şu böleginiň ýokardaky maddalaryna laýyklykda geçirilýär.

33-nji madda

1. Eger beýleki agzalaryň agzybir pikirine görä, Komitetiň haýsydyr bir agzasy öz wezipelerini ýerine ýetirmegi wagtlaýyn bolmazlykdan başga sebäp boýunça bes eden bolsa, Komitetiň Başlygy Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna habar berýär, ol bolsa soňra şol agzanyň ornuny boş diýip yglan edýär.

2. Komitetiň haýsydyr bir agzasy ölen ýa-da iş başyndan aýrylan halatda Başlyk Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna haýal etmän habar berýär, ol bolsa şol orny ölen

gününden başlap ýa-da iş başyndan aýrylmak hakykata öwrülen gününden başlap boş diýip yglan edýär.

34-nji madda

1. Onuň boşandygy 33-nji madda laýyklykda yglan edilende we çalşyrylmaly agzanyň ygtyýarlarynyň möhleti şeýle yglandan soň alty aýyň dowamynda tamamlanmaýan bolsa, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary şu Pakta gatnaşýan, şol boş ýeri doldurmak üçin 29-njy madda laýyklykda adam hödürläp biljek her bir döwlete habar berýär.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary şeýlelikde hödürlenilen adamlaryň elipbiý tertibindäki sanawyny düzýär we şol sanawy şu Pakta gatnaşýan döwletlere berýär. Boş orunlary doldurmak üçin saýlawlar soňra şu Paktyň şu böleginiň degişli düzgünlerine laýyklykda geçirilýär.

3. Komitetiň 33-nji madda laýyklykda yglan edilen boş orny eýelemek üçin saýlanylan agzasy şol wezipäni Komitetdäki orny görkezilen maddanyň düzgünlerine laýyklykda boşadan agzanyň ygtyýarlarynyň möhletiniň galan böleginiň dowamynda eýeleýär.

35-nji madda

Komitetiň agzalary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary tarapyndan bellenilen haky Birleşen Milletler Guramasynyň serişdelerinden Baş Assambleýa tarapyndan Komitetiň wezipeleriniň möhümligi nazara alnyp bellenilýän tertipde we şertlerde alýar.

36-njy madda

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Komitetiň wezipeleriniň şu Pakta laýyklykda netijeli amala aşyrylmagy üçin zerur işgärleri we maddy serişdeleri berýär.

37-nji madda

l. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Komitetiň birinji mejlisini Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi edaralarynda çagyrýar.

2. Özüniň birinji mejlisinden soň Komitet öz önümçilik kadalarynda göz öňünde tutulan wagtda ýygnanýar.

3. Komitet adatça Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi edaralarynda ýa-da Birleşen Milletler Guramasynyň Ženewadaky Bölüminde ýygnanýar.

38-nji madda

Komitetiň her bir agzasy öz wezipelerini ýerine ýetirmäge girişmekden öň Komitetiň açyk mejlisinde öz wezipelerini tarapgöýsüzlik we ak ýürekli ýerine ýetirjekdigini dabaraly beýan edýär.

39-njy madda

1. Komitet öz wezipeli adamlaryny iki ýyllyk möhlete saýlaýar. Olar täzeden saýlanylyp bilner.

2. Komitet öz önümçilik kadalaryny belleýär, emma şol kadalarda, hususan-da:

a) Komitetiň hukuk ygtyýarly bolmagy üçin onuň on iki agzasynyň gatnaşmalydygy;

b) Komitetiň kararlarynyň gatnaşýan agzalaryň sanynyň köplügi bilen kabul edilýändigi göz öňünde tutulmaly.

40-njy madda

1. Şu Pakta gatnaşýan döwletler şu Paktda ykrar edilýän hukuklary durmuşa geçirmek boýunça özüniň gören çäreleri hakynda we şol hukuklardan peýdalanmakda gazanylan ösüş hakynda dokladlary şu möhletlerde bermäge borçlanýar:

a) şu Pakt degişli gatnaşyjy döwletler üçin güýje gireninden soň bir ýylyň dowamynda;

b) şondan soň Komitet talap eden ähli halatlarda.

2. Ähli dokladlar Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna berilýär, ol bolsa olary garamak üçin Komitete iberýär. Dokladlarda şu Paktyň durmuşa geçirilmegine täsir edýän şertler we kynçylyklar görkezilýär.

3. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Komitet bilen geňeşmelerden soň dokladlaryň dahylly ýöriteleşdirilen edaralaryň ygtyýarlaryna degişli bolup biljek böleklerinin nusgalaryny şeýle edaralara iberip biler.

4. Komitet şu Pakta gatnaşýan döwletleriň berýän dokladlaryny öwrenýär. Ol öz dokladlaryny we maksadalaýyk diýip hasap eden umumy häsiýetdäki belliklerini gatnaşyjy döwletlere iberýär. Komitet şol bellikleri şu Pakta gatnaşýan döwletlerden alnan dokladlaryň nusgalary bilen bilelikde Ykdysady we Durmuş Geňeşine hem iberip biler.

5. Şu Pakta gatnaşýan döwletler şu maddanyň 4-nji bendine laýyklykda edilmegi mümkin bolan islendik bellikler boýunça öz pikirlerini Komitete hödürläp biler.

41-nji madda

1. Şu madda laýyklykda, şu Pakta gatnaşýan döwlet haýsydyr bir gatnaşyjy döwletiň başga bir gatnaşyjy döwletiň şu Pakt boýunça öz borçlaryny ýerine ýetirmeýändigini tekrarlamagy hakyndaky habarlary almaga we olara garamaga Komitetiň ygtyýarlaryny ykrar edýändigini islendik wagtda beýan edip biler. Şu maddada göz öňünde tutulan habarnamalar diňe olar Komitetiň ygtyýarlaryny özi üçin ykrar edýändigini beýan eden gatnaşyjy döwlet tarapyndan berlende kabul edilip we olara garalyp bilner. Komitet şeýle beýanat bilen çykyş etmedik gatnaşyjy döwlete dahylly bolan hiç hili habarlary kabul etmeýär. Şu madda laýyklykda alnan habarlara şu tertibe laýyklykda garalýar:

a) Eger şu Pakta gatnaşýan haýsydyr bir döwlet başga bir gatnaşyjy döwlet şu Paktyň düzgünlerini durmuşa geçirmeýär diýip pikir edýän bolsa, onda ol şu meseläni şol gatnaşyjy döwletiň dykgatyna ýazmaça habar arkaly ýetirip biler. Şeýle habarnamany alan döwlet ony alanyňdan soň üç aýyň dowamynda şu mesele boýunça düşündirişi ýa-da düşündirişler bolan başga bir beýanaty şeýle habary iberen döwlete iberýär, şol düşündirişde şu mesele boýunça amala aşyrylan, amala aşyryljak ýa-da amala aşyrylmagy

mümkin bolan içerki amallar we çäreler mümkinçilige we maksadalaýyklyga görä görkezilmeli.

b) Eger mesele alyjy döwlet ilki başdaky habarnamany alanyndan soň alty aýyň dowamynda dahylly gatnaşyjy döwletleriň ikisini-de kanagatlandyrýan derejede çözülmese, şol döwletleriň islendiginiň bu barada Komitete we beýleki döwlete habar berip, şol meseläni Komitete bermäge hukugy bar.

ç) Komitet özüne berlen meselä diňe elýeter bolan içerki serişdeleriň ählisiniň halkara hukugynyň ýörelgelerine laýyklykda şu halatda doly synalyp görlendigine göz ýetireninden soň garaýar. Şu kada şol serişdeleriň ulanylmagy delillendirip bolmajak derejede uzaklaşdyrylan halatlara degişli däl.

d) Şu maddada göz öňünde tutulan habarnamalara garalan mahaly Komitet ýapyk mejlisleri geçirýär.

e) ç) kiçi bendiniň kararlaryny berjaý etmek bilen, Komitet meseläniň adamyň şu Paktda ykrar edilen hukuklaryny we azatlyklaryny hormatlamak esasynda dostlukly çözülmegi maksady bilen, dahylly gatnaşyjy döwletlere öz hoşniýetli hyzmatlaryny edýär.

ä) Komitet özüniň garamagyna berlen islendik mesele boýunça işe degişli islendik maglumatlary bermek haýyşy bilen b) kiçi bentde görkezilen dahylly gatnaşyjy döwletlere ýüz tutup biler.

f) b) kiçi bentde görkezilen dahylly gatnaşyjy döwletleriň meselä Komitetde garalan mahaly wekilleriniň bolmagyna dilden ýa-da ýazmaça beýanatlar bermäge hukugy bar.

g) Komitet habarnamany alan gününden başlap on iki aýyň dowamynda aşakda görkezilen halatlarda b) kiçi laýyklykda doklad berýär:

1) eger e) kiçi bölümiň çäklerinde çözgüt gazanylsa, onda Komitet öz dokladynda bolan wakalary we gazanylan çözgüdi gysgaça beýan etmek bilen çäklenýär;

2) eger e) kiçi bölümiň çäklerinde çözgüt gazanylmasa, onda Komitet öz dokladynda bolan wakalary gysgaça beýan etmek bilen çäklenýär; dahylly gatnaşyjy döwletler tarapyndan berlen ýazmaça

beýanatlar we dilden beýanatlaryň ýazgysy dokladyň ýanyna goşulýar.

Her mesele boýunça doklad dahylly gatnaşyjy döwletlere iberilýär.

2. Şu maddanyň kararlary şu Pakta gatnaşýan on döwlet şu maddanyň 1-nji bendine laýyklykda beýanat berende güýje girýär. Şeýle beýanat Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynda saklanylýar, ol şol beýanatlaryň nusgalaryny beýleki gatnaşyjy döwletlere iberýär. Beýanat Baş sekretary habarly etmek arkaly islendik wagtda yzyna alnyp bilner. Şeýle hereket şu madda laýyklykda eýýäm berlen habaryň mazmuny bolan islendik meselä garamaga päsgel bermeýär; Baş sekretar beýanatyň yzyna alynmagy hakyndaky habarnamany alanyndan soň islendik gatnaşyjy döwletiň hiç hili soňraky habarnamalary kabul edilmeýär, dahylly gatnaşyjy döwletiň täze beýanat beren halaty muňa girmeýär.

42-nji madda

1. a) Eger 41-nji madda laýyklykda Komitete berlen haýsydyr bir mesele dahylly gatnaşyjy döwletleri kanagatlandyrýan derejede çözülmedik bolsa, Komitet dahylly gatnaşyjy döwletleriň deslapky razylygyny almak bilen, Ylalaşdyryjy topary (mundan beýläk Topar diýlip atlandyrylýar) belläp biler. Toparyň hoşniýetli hyzmatlary dahylly gatnaşyjy döwletlere şol meseläni şu Ylalaşygyň düzgünlerini berjaý etmek esasynda süýjülikli çözmek maksady bilen edilýär;

b) Topar dahylly gatnaşyjy döwletler üçin kabul ederlikli bolan bäş adamdan ybarat bolýar. Eger dahylly gatnaşyjy döwletler Toparyň ähli düzümi ýa-da düzüminiň bir bölegi barada ylalaşygy üç aýyň dowamynda gazanmasa, onda Toparyň bellenilmegi barada ylalaşyk gazanylmadyk agzalary gizlin ses bermek arkaly Komitetiň agzalarynyň arasyndan onuň agzalarynyň seslerinin üçden iki bölegine barabar köplügi bilen saýlanylýar.

2. Toparyň agzalary öz wezipelerini şahsyýet hökmünde ýerine ýetirýär. Olar dahylly gatnaşyjy döwletleriň ýa-da şu Pakta

gatnaşmaýan döwletiň, ýa bolmasa 41-nji madda laýyklykda beýanat bermedik gatnaşyjy döwletiň raýatlary bolmaly däl.

3. Topar öz Başlygyny saýlaýar we öz önümçilik kadalaryny belleýär.

4. Toparyň mejlisleri adatça Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi edaralarynda ýa-da Birleşen Milletler Guramasynyň Ženewadaky Bölüminde geçirilýär. Emma olar beýleki amatly ýerlerde hem geçirilip bilner, şeýle ýerleri Topar Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary we degişli gatnaşyjy döwletler bilen geňeşmek arkaly kesgitläp biler.

5. 36-njy madda laýyklykda üpjün edilýän Müdiriýet şu madda esasynda bellenilýän toparlara hem hyzmat edýär.

6. Komitet tarapyndan alnan we öwrenilen maglumatlar Toparyň ygtyýaryna berilýär we Topar işe degişli islendik maglumatlaryň berilmegi hakyndaky haýyş bilen dahylly gatnaşyjy döwletlere ýüz tutup biler.

7. Topar meselä doly garanyndan soň, emma ähli halatlarda şol mesele özüne berlenden soň 12 aýdan gijä galman, ony dahylly gatnaşyjy döwletlere iberilmegi üçin Komitetiň Başlygyna berýär:

a) Eger Topar şol meselä garamagy on iki aýyň çäklerinde tamamlap bilmeýän bolsa, ol öz dokladyny özüne berlen meselä garamagyň ýagdaýynyň gysgaça beýany bilen çäklendirýär.

b) Eger şol meseläniň şu Paktda ykrar edilen adam hukuklary esasynda süýjülikli çözülmegi gazanylýan bolsa, Topar öz dokladyny bolan wakalaryň we gazanylan çözgüdiň gysgaça beýany bilen çäklendirýär.

c) Eger b) kiçi bentde görkezilen çözgüt gazanylmasa, Toparyň doklady dahylly gatnaşyjy döwletleriň arasyndaky jedele degişli hakykat häsiýetli ähli meseleler boýunça onuň netijenamasyndan we şol meseläni süýjülikli düzgünleşdirmegiň mümkinçilikleri hakynda onuň pikirlerinden ybarat bolýar. Şol doklad gatnaşyjy döwletler tarapyndan edilen ýazmaça beýanatlary we dilden beýanatlaryň ýazgysyny öz içine alýar.

d) Eger toparyň doklady c) kiçi bende laýyklykda berilýän bolsa, dahylly gatnaşyjy döwletler şol doklady alanyndan soň üç aňyň

dowamynda Toparyň dokladynyň mazmuny bilen ylalaşýandygy ýa-da däldigi hakynda Komitetiň Başlygyna habar edýär.

8. Şu maddanyň kararlary Komitetiň 41-nji maddada göz öňünde tutulan borçlaryny kemsitmeýär.

9. Dahylly gatnaşyjy döwletler Toparyň agzalarynyň ähli çykdajylaryny Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary tarapyndan berilýän sanawa laýyklykda deň derejede çekýär.

10. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň zerur bolanda Toparyň agzalarynyň çykdajylaryny olaryň dahylly gatnaşyjy döwletler tarapyndan şu maddanyň 9-njy bendine laýyklykda öwezi dolunýança tölemäge hukugy bar.

43-nji madda

Komitetiň we 42-nji madda laýyklykda bellenilip bilinjek ýörite ylalaşdyryjy toparlaryň agzalarynyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan iş saparlaryna iberilýän bilermenleriň ýeňilliklerine, artykmaçlyklaryna we immunitetlerine Birleşen Milletler Guramasynyň Artykmaçlyklar we immunitetler hakynda Konwensiýasynyň degişli bölümlerinde göz öňünde tutulyşy ýaly hukugy bar.

44-nji madda

Şu Pakty amala aşyrmak hakyndaky düzgünler Birleşen Milletler Guramasynyň we ýöriteleşdirilen edaralaryň döredişi namalarynda we konwensiýalarynda göz öňünde tutulan adam hukuklary babatdaky amallara zyýan edilmezden ýa-da olara laýyklykda ulanylýar we şu Pakta gatnaşýan döwletleriň öz aralarynda hereket edýän umumy ýa-da ýörite halkara ylalaşyklary esasynda jedeli çözmegiň beýleki amallaryny ulanmagyna päsgel bermeýär.

45-nji madda

Komitet öz işi hakyndaky her ýyllyk hasabaty Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasyna Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň üsti bilen berýär.

V BÖLEK

46-njy madda

Şu Paktda hiç bir zat Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň we ýöriteleşdirilen edaralaryň tertipnamalarynyň şu Pakt degişli bolan meseleler boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň dürli edaralarynyň we ýöriteleşdirilen edaralarynyň degişli borçlaryny kesgitleýän düzgünleriniň ähmiýetini kemsidýän hökmünde düşündirilmeli däl.

47-nji madda

Şu Paktda hiç bir zat ähli halklaryň öz tebigy baýlyklaryna we serişdelerine doly derejede we erkin eýelik etmäge we olardan peýdalanmaga aýrylmaz hukugynyň kemsidilmegi hökmünde düşündirilmeli däl.

VI BÖLEK

48-nji madda

1. Şu Pakt Birleşen Milletler Guramasynyň agzasy ýa-da onuň islendik ýöriteleşdirilen edaralarynyň agzasy bolan islendik döwletiň, ýa bolmasa Halkara Kazyýetiniň Statutyna gatnaşyjy islendik döwletiň we Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan şu Pakta gatnaşmaga çagyrylan islendik beýleki döwletiň gol çekmegi üçin açyk.

2. Şu Pakt tassyklanylmaga degişli. Tassyklaýyş hatlary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynda saklanylýar.

3. Şu Pakt şu maddanyň 1-nji bendinde görkezilen islendik döwletiň goşulmagy üçin açyk.

4. Goşulmak ol baradaky resminamanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berilmegi arkaly amala aşyrylýar.

5. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary her bir tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň saklanylmaga berilmegi hakynda şu Pakta gol çeken ýa-da oňa goşulan ähli döwletlere habar berýär.

49-njy madda

1. Şu Pakt tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň otuz bäşinjisi Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berlen günden başlap üç aýdan güýje girýär.

2. Tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň otuz bäşinjisi saklanylmaga berlenden soň şu Pakty tassyklan ýa-da oňa goşulan her bir döwlet üçin şu Pakt onuň öz tassyklaýyş haty ýa-da goşulmagy hakyndaky resminamanyň saklanylmaga berlen günden başlap üç aýdan güýje girýär.

50-nji madda

Şu Pakyň kararlary federatiw döwletleriň ähli böleklerine hiç hili çäklendirmesiz ýa-da aýyrmasyz degişli.

51-nji madda

1. Şu Pakta gatnaşýan islendik döwlet düzedişleri teklip edip we olary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna berip biler. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary soňra şol tekliplere garamak we olar boýunça ses bermegi geçirmek maksady bilen, gatnaşyjy döwletleriň konferensiýasynyň çagyrylmagynyň tarapdarydygyny ýa-da däldigini özüne habar bermegini haýyş edip, teklip edilen islendik düzedişleri şu Pakta gatnaşýan döwletlere iberýär. Eger döwletleriň juda bolmanda üçden biri şeýle konferensiýanyň çagyrylmagynyň tarapdary bolup öz pikirini aýtsa, Baş sekretar şol konferensiýany Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygy astynda çagyrýar. Şol konferensiýada bolýan we ses bermäge gatnaşýan gatnaşyjy döwletleriň köplügi tarapyndan kabul edilen islendik düzediş tassyklamak üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasyna berilýär.

2. Düzedişler Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy olary tassyklanyndan we şu Pakta gatnaşýan döwletleriň üçden iki böleginden ybarat köplügi olary öz konstitusion amallaryna laýyklykda kabul edeninden soň güýje girýär.

3. Düzedişler güýje gireninden soň olar şol düzedişleri kabul eden gatnaşyjy döwletler üçin hökmany bolýar, beýleki gatnaşyjy döwletler üçin bolsa şu Paktyň kararlary we olar tarapyndan öň kabul edilen islendik düzedişler hökmany bolmagynda galýar.

52-nji madda

48-nji maddanyň 5-nji bendine laýyklykda berilýän habarnamalara garamazdan, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary hut şol maddanyň 1-nji bendinde gürrüňi edilýän ähli döwletlere:

a) 48-nji madda laýyk gol çekmeler, tassyklamalar we goşulmalar;

b) 49-njy madda laýyklykda şu Paktyň güýje girýän senesi we islendik düzedişleriň 51-nji madda laýyklykda güýje girmeginiň senesi hakynda habar berýär.

53-nji madda

1. Iňlis, ispan, hytaý, rus we fransuz dillerindäki tekstleri deň güýje eýe bolan şu Pakt Birleşen Milletler Guramasynyň arhiwine saklanylmaga berilmäge degişlidir.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary şu Paktyň tassyklanylan nusgalaryny Paktyň 48-nji maddasynda görkezilen ähli döwletlere iberýär.

RAÝAT WE SYÝASY HUKUKLAR HAKYNDA HALKARA PAKTYNYŇ FAKULTATIW TESWIRNAMASY

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1966-njy ýylyň 16-njy dekabryndaky 2200 A (XXI) rezolýusiýasy bilen kabul edildi

Şu Teswirnama Gatnaşyjy döwletler,

Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky Paktyň (mundan beýläk Pakt diýlip atlandyrylýar) maksatlaryny mundan beýläk-de hasyl etmek we onuň kararlaryny amala aşyrmak üçin Paktyň IV bölegi esasynda döredilýän Adam hukuklary baradaky komitete (mundan beýläk Komitet diýlip atlandyrylýar) özleriniň Paktda beýan edilen haýsydyr bir hukuklaryň bozulmagynyň pidalarydygyny tekrarlaýan aýry-aýry adamlardan gowuşýan habarlary şu Teswirnamada göz öňünde tutulyşy ýaly kabul etmäge we olara garamaga mümkinçilik bermegiň maksadalaýyk boljakdygyny nazara alyp,

şular barada ylalaşdylar:

1-nji madda

Şu Teswirnamanyň gatnaşyjysy bolýan Pakta gatnaşyjy döwlet Komitetiň özleriniň şu gatnaşyjy döwletiň Paktda beýan edilen haýsydyr bir hukuklary bozmagynyň pidalarydygyny tekrarlaýan, onuň hukuk ygtyýarlaryna degişli bolan adamlardan habarlary kabul etmek we olara garamak ygtyýarlaryny ykrar edýär. Eger habarlar şu Teswirnamanyň gatnaşyjysy bolup durmaýan Pakta gatnaşyjy döwlete degişli bolsa, Komitet olaryň hiç birini kabul etmeýär.

2-nji madda

1-nji maddanyň düzgünleri berjaý edilen şertde, Paktda sanalyp geçilen öz hukuklarynyň haýsydyr biriniň bozulandygyny tekrarlaýan we hukuk goragynyň bar bolan ähli içerki mümkinçiliklerini doly ulanan adamlar ýazmaça habarlaryny Komitetiň garamagyna berip biler.

3-nji madda

Komitet şu Teswirnama laýyklykda islendik golsuz berlen ýa-da onuň pikirine görä, şeýle habarlary bermek hukugynyň hyýanatly ulanylmagy bolup durýan ýa bolmasa Paktyň düzgünlerine laýyk gelmeýän habary kabul ederlikli däl diýip ykrar edip biler.

4-nji madda

1. 3-nji maddanyň düzgünleri berjaý edilen şertde, Komitet şu Teswirnama laýyklykda özüne berlen islendik habary şu Teswirnama gatnaşýan, Paktyň haýsydyr bir düzgünlerini bozýandygy barada tekrarlanylýan döwletiň dykgatyna ýetirýär.

2. Habarnamany alan döwlet şu meseläni we şol döwletiň kabul etmegi mümkin bolan çäreler görlen bolsa, islendik şeýle çäreler hakynda ýazmaça düşündirişi ýa-da beýanaty Komitete alty aýyň dowamynda berýär.

5-nji madda

1. Komitet şu Teswirnama laýyklykda alnan habarlara aýry-aýry adamlaryň we dahylly gatnaşyjy döwletiň özüne beren ähli ýazmaça maglumatlaryny nazara alyp garaýar.

2. Komitet:

a) hut şol meselä halkara seljermesiniň ýa-da düzgünleşdirmesiniň başga bir amalyna laýyklykda garalmandygyna;

b) şol adamyň hukuk goragynyň ähli elýeter içerki serişdelerini doly ulanandygyna göz ýetirmese, adamlardan alnan hiç hili habarlara garamaýar. Bu kada şeýle serişdeleriň ulanylmagy ýerlikli delil bolmazdan uzaklaşdyrylanda hereket etmeýär.

3. Şu Teswirnamada göz öňünde tutulýan habarlara garalan mahaly Komitet ýapyk mejlisleri geçirýär.

4. Komitet öz pikirlerini degişli gatnaşyjy döwlete we şol adama habar berýär.

6-njy madda

Komitet özüniň Paktyň 45-nji maddasynda göz öňünde tutulan her ýyllyk dokladyna özüniň şu Teswirnama laýyklykdaky işi hakyndaky gysgaça hasabaty goşýar.

7-nji madda

Kolonial ýurtlara we halklara garaşsyzlyk bermek hakyndaky jarnama barada Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1960-njy ýylyň 14-nji dekabrynda kabul eden 1514 (XV) rezolýusiýasynyň maksatlary hasyl bolýança şu Teswirnamanyň düzgünleri Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasy we Birleşen Milletler Guramasynyň we onuň ýöriteleşdirilen edaralarynyň beýleki halkara konwensiýalary we resminamalary bilen şol halklaryň ýüztutmalary bermek hukuklaryny hiç bir görnüşde çäklendirmeýär.

8-nji madda

1. Şu Teswirnama Pakta gol çeken islendik döwletiň gol çekmegi üçin açyk.

2. Şu Teswirnama Pakty tassyklan ýa-da oňa goşulan islendik döwlet tarapyndan tassyklanylmaga degişli. Tassyklaýyş hatlary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berilýär.

3. Şu Teswirnama Pakty tassyklan ýa-da oňa goşulan islendik döwletiň goşulmagy üçin açyk.

4. Goşulmak ol baradaky resminamanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berilmegi arkaly amala aşyrylýar.

5. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary her bir tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň saklanylmaga berilmegi hakynda şu Teswirnama gol çeken ýa-da oňa goşulan ähli döwletlere habar berýär.

9-njy madda

l. Pakt güýje giren şertde, şu Teswirnama tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň onunjysy Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berlen günden başlap üç aýdan güýje girýär.

2. Tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň onunjysy saklanylmaga berlenden soň şu Teswirnamany

tassyklaýan ýa-da oňa goşulýan her bir döwlet üçin şu Teswirnama onuň öz tassyklaýyş haty ýa-da goşulmak hakyndaky resmi kagyzy saklanylmaga berlen günden başlap üç aýdan güýje girýär.

10-njy madda

Şu Teswirnamanyň kararlary federatiw döwletiň ähli böleklerine haýsydyr bir çäklendirmesiz we kadadan çykmasyz degişli bolýar.

11-nji madda

1. Şu Teswirnama gatnaşýan islendik döwlet düzedişleri teklip edip we olary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna hödürläp biler. Baş sekretar soňra islendik teklip edilen düzedişleri şu Teswirnama gatnaşyjy döwletlere iberip, şol teklibe garamak we ol boýunça ses bermegi geçirmek maksady bilen gatnaşyjy döwletleriň konferensiýasynyň çagyrylmagynyň tarapdarydygyny ýa däldigini özüne habar bermegi olardan haýyş edýär. Eger gatnaşyjy döwletleriň azyndan üçden bir bölegi şeýle konferensiýany çagyrmak üçin ses berse, Baş sekretar şol konferensiýany Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygy astynda çagyrýar. Şol konferensiýada bolan we ses bermäge gatnaşan gatnaşyjy döwletleriň köplügi bilen kabul edilen düzediş tassyklamak üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasyna hödürlenilýär.

2. Düzedişler Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan tassyklanylanda we şu Teswirnama gatnaşýan döwletleriň üçden ikisinden ybarat köplügi tarapyndan öz konstitusion amallaryna laýyklykda kabul edilende güýje girýär.

3. Düzedişler güýje gireniňden soň olar şol düzedişleri kabul eden gatnaşyjy döwletler üçin hökmany bolýar, beýleki gatnaşyjy döwletler üçin bolsa şu Teswirnamanyň kararlary we olar tarapyndan kabul edilen islendik öňki düzedişler hökmany bolmagynda galýar.

12-nji madda

1. Her bir gatnaşyjy döwlet Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň adyna ýazmaça habarnama arkaly şu Teswirnamadan islendik wagtda çykyp biler (denonsasiýa). Onuň

hereketiniň ýatyrylmagy Baş sekretar şol habarnamany alan günden başlap üç aýdan güýje girýär.

2. Denonsasiýa şu Teswirnamanyň düzgünlerini hereketiniň ýatyrylmagy güýje girmänkä 2-nji madda laýyklykda berlen islendik habar barada ulanmagy dowam etmäge päsgel bermeýär.

13-nji madda

Şu Teswirnamanyň 8-nji maddasynyň 5-nji bendine laýyklykda berlen habarnamalara garamazdan, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Paktyň 48-nji maddasynda gürrüň edilýän ähli döwletlere şular barada habar berýär:

a) 8-nji madda laýyklykda gol çekmeler, tassyklamalar we goşulmalar;

b) 9-njy madda laýyklykda şu Teswirnamanyň güýje girmeginiň senesi we 11-nji madda laýyklykda islendik düzedişleriň güýje girmeginiň senesi;

ç) 12-nji madda laýyklykda hereketiniň ýatyrylmalary hakynda.

14-nji madda

1. Iňlis, arap, ispan, hytaý, rus we fransuz dillerindäki tekstleri deň güýje eýe bolan şu Teswirnama Birleşen Milletler Guramasynyň arhiwine saklanylmaga berilmäge degişli.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary şu Teswirnamanyň tassyklanan nusgalaryny Paktyň 48-nji maddasynda görkezilen ähli döwletlere iberýär.

RAÝAT WE SYÝASY HUKUKLAR HAKYNDA HALKARA PAKTYNYŇ ÖLÜM JEZASYNY ÝATYRMAGA GÖNÜKDIRILEN IKINJI FAKULTATIW TESWIRNAMASY

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1989-njy ýylyň 15-nji dekabry 44/128 rezolýusiýasy bilen kabul edildi

Şu Teswirnama Gatnaşyjy döwletler,

Ölüm jezasynyň ýatyrylmagy ynsan mertebesiniň pugtalanmagyna we adamyň hukuklarynyň ilerleýji ösmegine ýardam edýär diýip hasap edip,

1948-nji ýylyň 10-njy dekabrynda kabul edilen Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň 3-nji maddasyna we 1966-njy ýylyň 16-njy dekabrynda kabul edilen Raýat we syýasy hukuklar hakynda halkara paktynyň 6-njy maddasyna salgylanyp,

Raýat we syýasy hukuklar hakynda halkara paktynyň 6-njy maddasynyň ölüm jezasyny ýatyrmaga degişli kesgitlemeleriniň onuň ýatyrylmagynyň işlenilmeginiň saldamly görkezmesi bolup durýandygyny belläp,

Ölüm jezasyny ýatyrmak boýunça ähli çäreleriň ýaşamak üçin hukugy üpjün etmekde ilerleme bolup durýandygyna ynanyp,

Şunuň bilen ölüm jezasyny ýatyrmak hakynda halkara borçnamasyny öz üstüne kabul etmegini isläp,

Şular barada ylalaşdy:

1-nji madda

1. Şu Teswirnama gatnaşyjy döwletiň hukuk ygtyýarynda bolan hiç bir adam ölüm jezasyna sezewar edilmeýär.

2. Her bir gatnaşyjy döwlet ölüm jezasyny ýatyrmak üçin öz hukuk ygtyýarynyň çäklerinde ähli çäreleri görýär.

2-nji madda

1. Şu Teswirnama barada hiç hili şertlendirmelere ýol berilmeýär, tassyklamak ýa-da goşulmak mahalynda edilen, ölüm jezasynyň harby häsiýetli has agyr jenaýatlaryň harby döwürde

edilendigi baradaky günä ykrar edilenden soň harby döwürde ulanylmagyny göz öňünde tutýan şertlendirme muňa girmeýär.

2. Tassyklamak ýa-da goşulmak pursatynda şeýle şertlendirmäni öňe sürýän gatnaşyjy döwlet öz milli kanunlarynyň harby döwürde ulanylýan degişli düzgünleri hakynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna habar berýär.

3. Şeýle şertlendirmäni öňe süren gatnaşyjy döwlet öz ýerleri babatda uruş ýagdaýynyň islendik başlanmagy ýa-da bes edilmegi hakynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna habar berýär.

3-nji madda

Şu Teswirnama gatnaşyjy döwletler Paktyň 40-njy maddasyna laýyklykda Adam hukuklary baradaky komitete özleri tarapyndan berilýän hasabatlara şu Teswirnamany amala aşyrmak üçin öz gören çäreleri hakynda maglumatlary goşýar.

4-nji madda

Paktyň gatnaşyjysy bolup, 41-nji madda laýyklykda beýanat bilen çykyş eden döwletler barada aýdylanda bolsa, onda Adam hukuklary baradaky komitetiň haýsydyr bir gatnaşyjynyň beýleki gatnaşyjy döwletiň öz borçnamalaryny ýerine ýetirmeýändigini tekrarlaýandygy hakyndaky habara garamak boýunça ygtyýarlylygy şu Teswirnamanyň düzgünlerine degişlidir, dahylly gatnaşyjy döwletiň tassyklamak ýa-da goşulmak pursatynda muny ret edýän beýanat bilen çykyş eden halaty muňa girmeýär.

5-nji madda

1966-njy ýylyň 16-njy dekabrynda kabul edilen Raýat we syýasy hukuklar hakynda halkara paktyna birinji Fakultatiw teswirnama gatnaşyjy döwletlere degişlilikde bolsa, onda Adam hukuklary baradaky komitetiň şol döwletleriň hukuk ygtyýarynda bolýan aýry-aýry adamlaryň habarlaryny almak we olara garamak ygtyýarlylygy şu Teswirnamanyň düzgünlerine degişlidir, dahylly

gatnaşyjy döwletiň tassyklamak ýa-da goşulmak pursatynda muny ret edýän beýanat bilen çykyş eden halaty muňa girmeýär.

6-njy madda

1. Şu Teswirnamanyň düzgünleri Paktyň goşmaça düzgünleri hökmünde ulanylýar.

2. Şu Teswirnamanyň 2-nji maddasyna laýyklykda şertlendirme girizmek mümkinçiligine zyýan ýetirmezden, şu Teswirnamanyň 1-nji maddasynyň 1-nji bendi bilen kepillendirilen hukuk Paktyň 4-nji maddasyna laýyklykda ondan nähilidir bir görnüşde çykylmagyna degişli däl.

7-nji madda

1. Şu Teswirnama Pakta gol çeken islendik döwletiň gol çekmegi üçin açyk.

2. Şu Teswirnama Pakty tassyklan ýa-da oňa goşulan islendik döwlet tarapyndan tassyklanylmaga degişli. Tassyklaýyş hatlary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berilýär.

3. Şu Teswirnama Pakty tassyklan ýa-da oňa goşulan islendik döwletiň goşulmagy üçin açyk.

4. Goşulmak amaly ol baradaky resminamanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berilmegi arkaly amala aşyrylýar.

5. Şu Teswirnamanyň düzgünleri her bir tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň saklanylmaga berilmegi hakynda şu Teswirnama gol çeken ýa-da oňa goşulan döwletleriň ählisine habar berýär.

8-nji madda

1. Şu Teswirnama tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň onunjysy Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berlen gününden başlap üç aýdan güýje girýär.

2. Tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň onunjysy saklanylmaga berlenden soň şu Teswirnamany tassyklaýan ýa bolmasa oňa goşulýan her bir döwlet üçin şu Teswirnama onuň öz tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň saklanylmaga gowşan gününden üç aýdan güýje girýär.

9-njy madda

Şu Teswirnamanyň düzgünleri federatiw döwletleriň ähli böleklerine hiç hili çäklendirmesiz ýa-da kadadan çykmasyz degişli.

10-njy madda

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Paktyň 48-nji maddasynyň 1-nji bendinde gürrüň edilýän ähli döwletlere şular hakynda habar berýär:

a) Şu Teswirnamanyň 2-nji maddasyna laýyklykda şertlendirmeler, habarlar we habarnamalar;

b) Şu Teswirnamanyň 4—nji ýa-da 5-nji maddalaryna laýyklykda edilen beýanatlar;

ç) Şu Teswirnamanyň 7-nji maddasyna laýyklykda gol çekmeler, tassyklamalar we goşulmalar;

d) Şu Teswirnamanyň onuň 8-nji maddasyna laýyklykda güýje giren senesi.

11-nji madda

1. Iňlis, arap, ispan, hytaý, rus we fransuz dillerindäki tekstleri deň güýje eýe bolan şu Teswirnama Birleşen Milletler Guramasynyň arhiwine saklanylmaga berilmäge degişli.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary şu Teswirnamanyň tassyklanan nusgalaryny Paktyň 48-nji maddasynda görkezilen ähli döwletlere iberýär.

YKDYSADY, DURMUŞ WE MEDENI HUKUKLAR HAKYNDA HALKARA PAKTY

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1966-njy ýylyň 16-njy dekabryndaky 2200 A (XXI) rezolýusiýasy bilen kabul edildi 1976-njy ýylyň 3-nji ýanwarynda güýje girdi

Giriş

Şu Pakta gatnaşýan döwletler,

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasy bilen jar edilen ýörelgelere laýyklykda ynsan maşgalasynyň ähli agzalaryna mahsus mertebäniň hem-de olaryň deň we aýrylmaz hukuklarynyň ykrar edilmegi azatlygyň, adalatlylygyň we ählumumy parahatçylygyň esasy bolup durýandygyny nazara alyp,

bu hukuklaryň adamyň şahsyýetine mahsus mertebeden gelip çykýanlygyny ykrar edip,

Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasyna laýyklykda, gorky we mätäçlik babatdaky azatlykdan peýdalanýan azat adam şahsyýeti hakyndaky beslenilýän arzuwyň diňe her bir adam özüniň ykdysady, durmuş we medeni hukuklaryndan, hut şonuň ýaly-da özüniň raýat we syýasy hukuklaryndan peýdalanar ýaly şertler döredilende hasyl boljakdygyny ykrar edip,

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasy boýunça döwletleriň adam—hukuklarynyň we azatlyklarynyň ählumumy hormatlanylmagyny we berjaý edilmegini höweslendirmäge borçludygyny nazara alyp,

her bir aýratyn adamyň beýleki adamlar babatda we özi degişli bolan köpçülik babatda borçlary bolmak bilen, şu Paktda ykrar edilýän hukuklaryň höweslendirilmegini we berjaý edilmegini gazanmalydygyny nazara alyp,

şu aşakdaky maddalar hakynda ylalaşýar:

I BÖLEK

1-nji madda

1. Ähli halklaryň öz özlerini kesgitlemäge hukugy bar. Şu hukuk esasynda olar öz syýasy derejesini erkin belleýär we öz ykdysady, durmuş we medeni ösüşini erkin üpjün edýär.

2. Ähli halklar öz maksatlarynyň hasyl bolmagy üçin öz tebigy baýlyklaryna we serişdelerine birek-birege peýdalylyk ýörelgesine esaslanan halkara ykdysady hyzmatdaşlygyndan we halkara hukugyndan gelip çykýan haýsydyr bir borçlaryna zyýan ýetirmezden erkin ygtyýar edip bilýär. Hiç bir halk hiç bir halatda özüne degişli ýaşaýyş serişdelerinden mahrum edilip bilinmez.

3. Şu Pakta gatnaşýan ähli döwletler, şol sanda olaryň öz-özüni dolandyrmaýan we howandarlykdaky ýerleri dolandyrmak üçin jogapkärçilik çekýänleri Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň düzgünlerine laýyklykda öz-özlerini kesgitlemek hukugynyň amala aşyrylmagyny höweslendirmeli we şol hukuga hormat goýmaly.

II BÖLEK

2-nji madda

1. Şu Pakta gatnaşýan her bir döwlet ýekelikde hem-de halkara kömegi we hyzmatdaşlygy, hususan-da, ykdysadyýet we tehniki babatyndaky şeýle kömek we hyzmatdaşlyk tertibinde şu Paktda ykrar edilýän hukuklaryň kem-kemden doly amala aşyrylmagyny üpjün etmek üçin çäreleri ähli degişli usullar arkaly, şol sanda kanunçylyk çärelerini görmek bilen, özünde bar bolan serişdeleriň mümkingadar derejesinde amala aşyrmaga borçlanýar.

2. Şu Pakta gatnaşýan döwletler şu Paktda jar edilen hukuklaryň rasa, teniniň reňki, jynsy, dili, dini, syýasy ýa-da beýleki ynamygtykatlary, milleti ýa durmuş gelip çykyşy, emläk ýagdaýy, dogulmagy we beýleki ýagdaýlar ýaly alamatlar boýunça hiç bir kemsitmesiz amala aşyryljakdygyny kepillendirmäge borçlanýar.

3. Ösüş ýoluna düşen ýurtlar şu Paktda ykrar edilýän ykdysady hukuklary öz raýatlary däl adamlara nähili derejede kepillendirip biljekdigini adam hukuklaryny we öz halk hojalygyny geregiçe nazara almak bilen kesgitläp biler.

3-nji madda

Şu Pakta gatnaşýan döwletler şu Ylalaşykda göz öňünde tutulan ähli ykdysady, durmuş we medeni hukuklardan peýdalanmaga erkeklere we aýallara deň hukugy üpjün etmäge borçlanýar.

4-nji madda

Şu Pakta gatnaşýan döwletler ol ýa-da beýleki döwletiň şu Pakta laýyklykda üpjün edýän hukuklaryny peýdalanmak babatda diňe kanun bilen kesgitlenilýän çäklendirmeleri hem-de diňe şol görkezilen hukuklaryň asylky manysyna laýyk gelýän derejede we diňe demokratik jemgyýetde umumy abadançylyga ýardam bermek maksady bilen girizip biljekdigini ykrar edýär.

5-nji madda

1. Şu Paktda hiç bir zat haýsydyr bir döwletde, haýsydyr bir toparda ýa-da haýsydyr bir adamda şu Paktda ykrar edilen islendik hukuklary ýa azatlyklary ýok etmäge, ýa bolmasa olary şu Paktda göz öňünde tutulanyňdan köp derejede çäklendirmäge gönükdirilen haýsydyr bir iş bilen meşgullanmaga ýa haýsydyr bir hereketleri etmäge hukugynyň bardygyny aňladýan hökmünde düşündirilip bilinmez.

2. Haýsydyr bir ýurtda kanun, konwensiýa, kadalar ýa-da däp-dessurlar esasynda ykrar edilýän ýa bar bolan adamyň esasy hukuklarynyň şu Paktda şeýle hukuklaryň ykrar edilmeýändigi ýa olaryň onda has az derejede ykrar edilýändigi bahanasy bilen hiç bir çäklendirilmegine ýa-da kemsidilmegine ýol berilmeýär.

III BÖLEK

6-njy madda

1. Şu Pakta gatnaşýan döwletler her bir adamyň özüniň erkin saýlap alýan we erkin ylalaşýan zähmeti bilen özüniň ýaşamagy üçin gazanmaga mümkinçilik almak hukugyny öz içine alýan zähmete hukugyny ykrar edýär hem-de şu hukugy üpjün etmek ugurda gerekli çäreleri görer.

2. Şu Pakta gatnaşýan döwletleriň şu hukugy doly amala aşyrmak maksady bilen görmeli çäreleri hünär-tehniki okuw we taýýarlyk maksatnamalaryny, adamyň esasy syýasy we ykdysady hukuklaryny kepillendirýän şertlerde gyşarnyksyz ykdysady, durmuş we medeni ösüşi hem-de önümçilikde iş bilen doly üpjünçiligi gazanmagyň ýollaryny we usullaryny öz içine alýar.

7-nji madda

Şu Pakta gatnaşýan döwletler her bir adamyň zähmetiň adalatly we amatly şertlerine, hususan-da, şu aşakdakylara hukugyny ykrar edýär:

a) ähli zähmetkeşlere juda bolmanda şulary üpjün edýän tölegi:

1) gymmaty deň zähmet üçin adalatly iş hakyny we haýsydyr bir tapawudyň bolmazlygynda deň haky, özü-de, hususan-da, aýallara deň zähmet üçin deň töleg bilen, erkekleriň peýdalanýanlaryndan erbet bolmadyk zähmet şertleriniň kepillendirilmegini;

2) şu Paktyň kararlaryna laýyklykda olar üçin we olaryň maşgalalary üçin kanagatlanarly ýaşaýşy;

b) howpsuzlygyň we arassaçylygyň talaplaryna laýyk gelýän iş şertlerini;

ç) işde degişlilikde has ýokary basgançaklara diňe zähmet staży we hünärliligi esasynda geçmäge hemmeler üçin deň mümkinçiligi;

d) dynç alşy, boş wagty we iş wagtynyň pähime laýyk çäklendirilmegini hem-de tölegli döwürleýin rugsady, hut şonuň ýaly-da, baýram günleri üçin haky.

8-nji madda

1. Şu Pakta gatnaşýan döwletler şulary üpjün etmäge borçlanýar:

a) her bir adamyň öz ykdysady we durmuş bähbitlerini amala aşyrmak üçin kärdeşler arkalaşyklaryny döretmek hem-de olara öz seçip almagy boýunça degişli guramanyň kadalaryny berjaý etmek baradaky ýeke-täk şert bilen girmek hukugyny.

Bu hukukdan peýdalanmaga kanunda göz öňünde tutulanlardan hem-de demokratik jemgyýetde döwletiň howpsuzlygynyň ýa-da jemgyýetçilik tertibiniň bähbitleri üçin ýa bolmasa beýlekileriň hukuklaryny we azatlyklaryny penalamak üçin zerur bolanlardan başga hiç hili çäklendirmeler degişli däl;

b) kärdeşler arkalaşyklarynyň milli federasiýalary we konfederasiýalary döretmek hukugyny hem-de olaryň halkara kärdeşler guramalaryny döretmek ýa-da şonuň ýalylara goşulmak hukugyny;

ç) kärdeşler arkalaşyklarynyň kanunda göz öňünde tutulanlardan hem-de demokratik jemgyýetde döwletiň howpsuzlygynyň ýa-da jemgyýetçilik tertibiniň bähbitleri üçin ýa bolmasa beýlekileriň hukuklaryny we azatlyklaryny penalamak üçin zerur bolanlardan başga hiç hili çäklendirmesiz bökdençsiz hereket etmek hukugyny;

d) iş taşlaýyş hukugynyň her bir ýurduň kanunlaryna laýyklykda amala aşyrylmagy bilen, şeýle hukugy.

2. Şu madda şu hukuklary peýdalanmak babatda döwletiň ýaragly güýçleriniň, polisiýasynyň ýa-da dolandyryjylarynyň düzümine girýän adamlar üçin kanuny çäklendirmeleriň girizilmegine päsgel bermeýär.

3. Şu maddada hiç bir zat Halkara zähmet guramasynyň Birleşmeleriň azatlygy we gurama hukugyny goramak baradaky 1948-nji ýyldaky konwensiýasyna gatnaşýan döwletlere şol Konwensiýada göz öňünde tutulan kepillendirmelere zyýan ýetirýän kanunçylyk namalaryny kabul etmäge ýa-da kanuny şol kepillendirmelere zyýan ýetiriler ýaly şekilde ulanmaga hukuk bermeýär.

9-njy madda

Şu Pakta gatnaşýan döwletler her bir adamyň durmuş üpjünçiligine, şol sanda durmuş ätiýaçlandyrmasyna hukugyny ykrar edýär.

10-njy madda

Şu Pakta gatnaşýan döwletler şulary ykrar edýär:

1. Jemgyýetiň tebigy we esasy öýjügi bolan maşgala mümkin boldugyça iň giň gorag we kömek, aýratyn-da ol döredilen mahaly we tä özbaşdak däl çagalar we olary terbiýelemek hakyndaky alada onuň üstünde bolýança şeýle gorag we kömek berilmeli. Nika nikalaşýanlaryň erkin razylygy boýunça baglaşylmaly.

2. Enelere çaga dogurmakdan öň we soň pähime laýyk döwrüň dowamynda aýratyn gorag berilmeli. Işleýän enelere şol döwrüň dowamynda hak tölenilýän rugsat ýa-da durmuş üpjünçiligi boýunça ýeterlik hemaýatlar bilen rugsat berilmeli.

3. Aýratyn gorag we kömek çäreleri maşgala degişlidigi boýunça ýa-da başga bir tapawut boýunça hiç hili kemsitmesiz ähli çagalar we ýetginjekler barada görülmeli. Çagalar we ýetginjekler ykdysady we durmuş ezmekden goralan bolmaly. Olaryň zähmetiniň olaryň ahlagy we saglygy üçin zyýanly ýa-da jany üçin howply, ýa bolmasa olaryň kadaly ösüşine zyýan ýetirip biljek babatda ulanylmagy üçin kanun boýunça jezalandyrylýan bolmaly. Mundan-da başga, döwletler belli bir ýaşa ýetmedik çagalaryň tölegli zähmetiniň peýdalanylmagyny gadagan etmeli we bu kadanyň bozulmagy üçin kanun boýunça jeza berilmeli.

11-nji madda

1. Şu Pakta gatnaşýan döwletler her bir adamyň özi we öz maşgalasy üçin ýeterlik durmuş derejesine, şol sanda ýeterlik iýmite, egin-eşige we ýaşaýyş jaýyna hem-de durmuş şertleriniň üznüksiz gowulanmagyna hukugyny ykrar edýär. Gatnaşyjy döwletler şu ugurda erkin ylalaşyga esaslanýan halkara hyzmatdaşlygynyň

möhüm ähmiýetini ykrar etmek bilen, bu hukugyň amala aşyrylmagy üçin degişli çäreleri görer.

2. Şu Pakta gatnaşýan döwletler her bir adamyň açlykdan azat bolmak hukugyny ykrar etmek bilen, şulary amala aşyrmak üçin zerur bolan, anyk maksatnamalaryň geçirilmegini öz içine alýan çäreleri ýekelikde we halkara hyzmatdaşlygy tertibinde amala aşyrar:

a) tehniki we ylmy bilimleri giňden peýdalanmak, iýmitlenmegiň ýörelgeleri hakyndaky bilimleri ýaýratmak we oba hojalyk ulgamlaryny tebigy serişdeleri has netijeli özleşdirmegi we peýdalanmagy gazanar ýaly şekilde kämilleşdirmek ýa özgertmek arkaly azyk önümlerini öndürmegiň, saklamagyň we paýlamagyň usullaryny gowulandyrmagy; we

b) azyk önümlerini import edýän, şonuň ýaly-da eksport edýän ýurtlarynda hajatlaryna laýyklykda we çözmeli meselelerini nazara alyp, dünýädäki azyk gorlaryny adalatly paýlamagy üpjün etmegi.

12-nji madda

1. Şu Pakta gatnaşýan döwletler her bir adamyň fiziki we psihiki saglygynyň gazanyp boljak has ýokary derejesine hukugyny ykrar edýär.

2. Şu Pakta gatnaşýan döwletleriň şu hukugyň doly amala aşyrylmagy üçin görmeli çäreleri aşakda görkezilen maksatlar üçin zerur bolan işleriň ýerine ýetirilmegini öz içine alýar:

a) öli dogýan we çaga ölümiň sanyny azaltmak we bäbegiň sagdyn ösmegini üpjün etmek;

b) daş-töweregiň arassaçylygynyň we senagatda zähmetiň arassaçylygynyň ähli jähtlerini gowulandyrmak;

ç) epidemik, endemik we hünär kesellerinin we beýleki keselleriň öňüni almak we olary bejermek hem-de olara garşy göreşmek;

d) hemmelere kesel halatynda saglygy goraýyş kömegini we saglygy goraýyş idegini üpjün edýän şertleri döretmek.

13-nji madda

1. Şu Pakta gatnaşýan döwletler her bir adamyň bilime hukugyny ykrar edýär. Olar bilimiň adamyň şahsyýetiniň doly ösmegine we onuň mertebesine düşünmäge gönükdirilmelidigi hem-de adam hukuklaryna we esasy azatlyklaryna hormaty pugtalandyrmalydygy bilen ylalaşýar. Olar şeýle hem bilimiň hemmelere azat jemgyýetiň peýdaly gatnaşyjylary bolmaga mümkinçilik bermelidigi, ähli milletleriň we ähli rasalaryň, etniki we dini toparlaryň arasynda özara düşünişmäge, geçirimlilige we dostluga hemaýat bermelidigi we Birleşen Milletler Guramasynyň parahatçylygy goldamak baradaky işine ýardam bermelidigi bilen ylalaşýar.

2. Şu Pakta gatnaşýan döwletler şu hukugyň doly amala aşyrylmagy üçin:

a) başlangyç bilimiň hökmany we hemmeler üçin mugt bolmalydygyny;

b) orta bilimiň dürli görnüşleriniň, şol sanda orta hünär-tehniki bilimiň açyk bolmalydygy we ähli zerur çäreleri görmek we hususan-da, mugt bilimi kem-kemden girizmek arkaly hemmeler üçin elýeter edilmelidigini;

ç) ýokary bilimiň ähli zerur çäreleriň görülmegi we hususan-da, mugt bilimi kem-kemden girizmek arkaly her bir adamyň ukyplary esasynda hemmeler üçin birmeňzeş elýeter bolmalydygyny;

d) iň ýönekeý bilim başlangyç bilimini almadyklar ýa-da ony doly tamamlamadyklar üçin mümkin boldugyça höweslendirilmeli ýa güýçlendirilmeli;

e) ähli derejeli mekdepleriň ulgamy işjeň ösdürilmeli, talyp haklarynyň kanagatlanarly tertibi ýola goýulmaly we mugallym işgärleriň maddy şertleri hemişe gowulandyrylmaly.

3. Şu Pakta gatnaşýan döwletler ata-eneleriň we degişli halatlarda kanuny hossarlaryň öz çagalary üçin diňe bir döwlet häkimiýetleri tarapyndan döredilen mekdepleri däl-de, eýsem bilim babatda talaplaryň döwlet tarapyndan bellenilip ýa-da tassyklanylyp bilinjek aňryçäk az möçberine laýyk gelýän beýleki mekdepleri-de saýlap almak we öz çagalaryna özleriniň ynam-ygtykadyna laýyk dini

we ahlak terbiýesini üpjün etmek azatlygyny hormatlamaga borçlanýar.

4. Şu maddanyň hiç bir bölegi aýry-aýry adamlaryň we edaralaryň şu maddanyň 1-nji bendinde beýan edilen ýörelgeleri hem-de şeýle okuw jaýlarynda berilýän bilimiň döwlet tarapyndan bellenilip bilinjek talaplaryň aňryçäk az möçberine laýyk gelmegi baradaky talabyň üýtgewsiz berjaý edilmegi şertde okuw jaýlaryny döretmek we olara ýolbaşçylyk etmek azatlygyny kemsidýän manyda düşündirilmeli däl.

14-nji madda

Şu Pakta gatnaşýan, özüniň gatnaşyjylaryň sanyňa giren wagtyna çenli öz asylky döwletiniň çäklerinde ýa-da özüniň hukuk ygtyýarlylygynyň çäklerindäki beýleki ýerlerde hökmany mugt başlangyç bilimi ýola goýup bilmedik her bir döwlet hökmany mugt ählumumy bilim ýörelgesini kem-kemden - pähime laýyk ýyllaryň içinde - durmuşa geçirmek üçin çäreleriň jikme-jik meýilnamasyny iki ýylyň dowamynda işläp düzmäge we kabul etmäge borçlanýar, şol ýyllaryň sany şol meýilnamada görkezilen bolmaly.

15-nji madda

Şu Pakta gatnaşýan döwletler her bir adamyň:

a) medeni durmuşa gatnaşmak;

b) ylmy ösüşiň netijelerini peýdalanmak we olary durmuşda ulanmak;

ç) özi awtor bolan islendik ylmy, edebi ýa-da çeper işler bilen baglanyşykly döreýän ahlak we maddy bähbitleriniň goralmagyndan peýdalanmak hukugyny ykrar edýär.

2. Şu Pakta gatnaşýan döwletleriň şu hukuk doly amala aşyrylýança görmeli çäreleri ylmyň we medeniýetiň gazananlaryny goramak, ösdürmek we ýaýratmak üçin zerur bolanlary öz içine alýar.

3. Şu Pakta gatnaşýan döwletler ylmy barlaglar we döredijilik işi üçin gürrüňsiz zerur bolan azatlygy hormatlamaga borçlanýar.

4. Şu Pakta gatnaşýan döwletler ylym we medeniýet babatdaky halkara gatnaşyklaryny we hyzmatdaşlygyny höweslendirmekden we ösdürmekden alynýan peýdany ykrar edýär.

IV BÖLEK

16-njy madda

1. Şu Pakta gatnaşýan döwletler şu Paktda ykrar edilýän hukuklaryň berjaý edilmegi üçin öz görýän çäreleri hakynda we bu ugurdaky ösüşler hakynda dokladlary şu Paktyň şu bölegine laýyklykda bermäge borçlanýar.

2. a) Ähli dokladlar Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna berilýär, ol bolsa olaryň nusgalaryny garamak üçin Ykdysady we Durmuş Geňeşine şu Paktyň düzgünlerine laýyklykda iberýär;

b) Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary şu Pakta gatnaşýan, ýöriteleşdirilen edaralaryň agzalary bolup durýan döwletleriň dokladlaryny ýa-da olaryň islendik degişli böleklerini şeýle ýöriteleşdirilen edaralara hem iberýär, sebäbi şeýle dokladlar ýa olaryň bölekleri ýokarda görkezilen edaralaryň borçlarynyň çäklerine olaryň konstitusion namalaryna laýyklykda girýän islendik meselelere degişli bolup durýar.

17-nji madda

1. Şu Pakta gatnaşýan döwletler öz dokladlaryny Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň şu Pakt güýje gireninden soň bir ýylyň dowamynda gatnaşyjy döwletler we dahylly ýöriteleşdirilen edaralar bilen geňeşip belleýän maksatnamasyna laýyklykda tapgyrlar boýunça berýär.

2. Dokladlarda şu Pakt boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmeginiň derejesine täsir edýän şertler we kynçylyklar görkezilip bilner.

3. Eger degişli maglumatlar öň Birleşen Milletler Guramasyna ýa-da haýsydyr bir ýöriteleşdirilen edara şu Pakta gatnaşýan haýsydyr bir döwlet tarapyndan habar berlen bolsa, onda şol maglumatlary gaýtalamagyň zerurlygy ýok we şeýlelikde habar berlen maglumatlara takyk salgylanma ýeterlik bolar.

18-nji madda

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasy boýunça özüniň adam hukuklary we azatlyklary babatdaky borçlaryny ýerine ýetirmek üçin Ykdysady we Durmuş Geňeşi şu Paktyň ýöriteleşdirilen edaralaryň işiniň çygryna degişli kararlarynyň berjaý edilmegini gazanmak ýolundaky ösüşler hakyndaky dokladlaryň özüne berilmegi barada şeýle edaralar bilen ylalaşyk gazanyp biler. Şol dokladlar olaryň ygtyýarly edaralarynyň şeýle amala aşyryş hakynda kabul edýän çözgütleriniň we maslahatlarynyň jikme-jikliklerini öz içine alyp biler.

19-njy madda

Ykdysady we Durmuş Geňeşi döwletler tarapyndan 16-njy we 17-nji maddalara laýyklykda berilýän, adam hukuklaryna degişli bolan we ýöriteleşdirilen edaralar tarapyndan 18-nji madda laýyklykda berilýän, adam hukuklaryna degişli bolan dokladlary Adam hukuklary baradaky komissiýasyna garamak we umumy maslahatlary bermek ýa-da degişli halatlarda maglumat üçin berip biler.

20-nji madda

Şu Pakta gatnaşýan gyzyklanýan döwletler we gyzyklanýan ýöriteleşdirilen edaralar 19-njy madda laýyklykda islendik umumy maslahat boýunça ýa-da Adam hukuklary baradaky komissiýanyň islendik dokladyndaky ýa-da şonuň ýaly salgylanma bar bolan islendik resminamadaky şeýle umumy maslahat boýunça bellikleri Ykdysady we Durmuş Geňeşine berip biler.

21-nji madda

Ykdysady we Durmuş Geňeşi umumy häsiýetli maslahatlar bolan we şu Paktda ykrar edilýän hukuklaryň ählumumy üpjün edilmegini gazanmak babatda görlen çäreler we gazanylan netijeler hakynda şu Pakta gatnaşýan döwletlerden we ýöriteleşdirilen edaralardan alynýan maglumatlar gysgaça beýan edilen dokladlary Baş Assambleýa mahal-mahal berip biler.

22-nji madda

Ykdysady we Durmuş Geňeşi şu Paktyň şu böleginde agzalýan dokladlar bilen baglanyşykly döreýän, Birleşen Milletler Guramasynyň beýleki edaralarynyň, olaryň kömekçi edaralarynyň we tehniki kömek bermek bilen meşgullanýan ýöriteleşdirilen edaralaryň her biri öz ygtyýarlarynyň çäklerinde şu Paktyň kem-kemden netijeli durmuşa geçirilmegine ýardam edip biljek halkara çäreleriniň maksadalaýyklygy barada çözgütleri çykaran mahaly şol edaralara peýdaly bolup biljek islendik meselelere şol edaralaryň ünsüni çekip biler.

23-nji madda

Şu Pakta gatnaşýan döwletler şu Paktda ykrar edilýän hukuklaryň amala aşyrylmagyna ýardam edýän halkara çärelerine konwensiýalary baglaşmak, maslahatlary kabul etmek, tehniki kömegi bermek hem-de geňeşmeler maksady bilen sebitleýin maslahatlary we tehniki maslahatlary geçirmek, şeýle hem gyzyklanýan hökümetler bilen bilelikde guralan barlaglar ýaly serişdeleriň degişlidigi bilen ylalaşýar.

24-nji madda

Şu Paktda hiç bir zat Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň we ýöriteleşdirilen edaralaryň tertipnamalarynyň Birleşen Milletler Guramasynyň dürli edaralaryň we ýöriteleşdirilen edaralarynyň şu Ylalaşyga degişli meseleler babatdaky degişli borçlaryny kesgitleýän kararlarynyň ähmiýetini kemsidýän hökmünde düşündirilmeli däl.

25-nji madda

Şu Paktda hiç bir zat ähli halklaryň öz tebigy baýlyklaryna we serişdelerine doly we erkin eýelik etmäge we olardan peýdalanmaga aýrylmaz hukugynyň kemsidilmegi hökmünde düşündirilmeli däl.

V BÖLEK

26-njy madda

1. Şu Pakt Birleşen Milletler Guramasynyň agzasy ýa-da onuň islendik ýöriteleşdirilen edaralarynyň agzasy bolan islendik döwletiň, ýa bolmasa Halkara Kazyýetiniň Statutyna gatnaşyjy islendik döwletiň we Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan şu Ylalaşyga gatnaşmaga çagyrylan islendik beýleki döwletiň gol çekmegi üçin açyk.

2. Şu Pakt tassyklanylmaga degişli. Tassyklaýyş hatlary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynda saklanylýar.

3. Şu Pakt şu maddanyň 1-nji bendinde görkezilen islendik döwletiň goşulmagy üçin açyk.

4. Goşulmak amaly ol baradaky resminamanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berilmegi arkaly amala aşyrylýar.

5. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary her bir tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň saklanylmaga berilmegi hakynda şu Ylalaşyga gol çeken ýa-da oňa goşulan ähli döwletlere habar berýär.

27-nji madda

1. Şu Pakt tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň otuz bäşinjisi Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berlen günden başlap üç aýdan güýje girýär.

2. Tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň otuz bäşinjisi saklanylmaga berleninden soň şu Pakty tassyklan ýa-da oňa goşulan her bir döwlet üçin şu Pakt onuň öz tassyklaýyş haty ýa-da goşulmagy hakyndaky resminamany saklanylmaga berlen günden başlap üç aýdan güýje girýär.

28-nji madda

Şu Paktyň kararlary federatiw döwletleriň ähli böleklerine hiç hili çäklendirmesiz ýa-da aýyrmasyz degişli.

29-njy madda

1. Şu Pakta gatnaşýan islendik döwlet düzedişleri teklip edip we olary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna berip biler. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary soňra şol tekliplere garamak we olar boýunça ses bermegi geçirmek maksady bilen, gatnaşyjy döwletleriň konferensiýasynyň çagyrylmagynyň tarapdarydygyny ýa-da däldigini özüne habar bermegini haýyş edip, islendik teklip edilen düzedişleri şu Pakta gatnaşýan döwletlere iberýär. Eger döwletleriň juda bolmanda üçden biri şeýle konferensiýanyň çagyrylmagynyň tarapdary bolup öz pikirini aýtsa, Baş sekretar şol konferensiýany Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygy astynda çagyrýar. Şol konferensiýada bolýan we ses bermäge gatnaşýan gatnaşyjy döwletleriň köplügi tarapyndan kabul edilen islendik düzediş tassyklamak üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasyna berilýär.

2. Düzedişler Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy olary tassyklanyndan we şu Pakta gatnaşýan döwletleriň üçden iki böleginden ybarat köplügi olary öz konstitusion amallaryna laýyklykda kabul edenden soň güýje girýär.

3. Düzedişler güýje gireninden soň olar şol düzedişleri kabul eden döwletler üçin hökmany bolýar, beýleki gatnaşyjy döwletler üçin bolsa şu Paktyň kararlary we olar tarapyndan öň kabul edilen islendik düzedişler hökmany bolmagynda galýar.

30-njy madda

26-njy maddanyň 5-nji bendine laýyklykda berilýän habarnamalara garamazdan, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary hut şol maddanyň 1-nji bendinde gürrüňi edilýän ähli döwletlere:

a) 26-njy madda laýyklykda gol çekmeler, tassyklamalar we goşulmalar;

b) 27-nji madda laýyklykda şu Paktyň güýje girýän senesi we islendik düzedişleriň 29-njy madda laýyklykda güýje girmeginiň senesi hakynda habar berýär.

31-nji madda

1. Iňlis, ispan, hytaý, rus we fransuz dillerindäki tekstleri deň güýje eýe bolan şu Pakt Birleşen Milletler Guramasynyň arhiwine saklanylmaga berilmäge degişlidir.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary şu Paktyň tassyklanan nusgalaryny Paktyň 26-njy maddasynda görkezilen ähli döwletlere iberýär.

AÝALLAR BABATDA KEMSITMÄNIŇ ÄHLI GÖRNÜŞLERINI ÝOK ETMEK HAKYNDA KONWENSIÝA

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1979-njy ýylyň 18-nji dekabryndaky 34/180 rezolýusiýasy bilen gol çekmek, tassyklamak we goşulmak üçin kabul edildi we açyldy

Güýje girmegi: 27-nji (1) madda laýyklykda 1981-nji ýylyň 3-nji sentýabry

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň adamyň esasy hukuklaryna, ynsan şahsyýetiniň mertebesine we gymmatlygyna hem-de erkekleriň we aýallaryň deňligine ynamy ýene-de tassyklandygyny nazara alyp,

Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň kemsitmegiň ýol bererliksizdigi hakyndaky ýörelgäni tassyklaýandygyny hem-de ähli adamlaryň erkin we mertebede hem-de hukuklarda deň dogulýandygyny we her bir adamyň şol Jarnamada yglan edilen ähli hukuklara we ähli azatlyklara haýsydyr bir tapawutlandyrmasyz, şol sanda aýal-erkekligi boýunça tapawutlandyrmasyz eýe bolmalydygyny yglan edýändigini nazara alyp,

Adam hukuklary hakynda halkara paktlaryna gatnaşyjy döwletleriň üstüne erkekler we aýallar üçin ykdysady, durmuş, medeni, raýat we syýasy hukuklardan deň peýdalanmagy üpjün etmek borjunyň ýüklenilýändigini nazara alyp,

erkekleriň we aýallaryň deňhukuklylygyna ýardam etmek maksady bilen Birleşen Milletler Guramasynyň we ýöriteleşdirilen edaralaryň howandarlygynda baglaşylan halkara konwensiýalaryny göz öňünde tutup,

şeýle hem erkekleriň we aýallaryň deňhukuklylygyna ýardam etmek maksady bilen Birleşen Milletler Guramasynyň we ýöriteleşdirilen edaralaryň kabul eden rezolýusiýalaryny, jarnamalaryny we ündemelerini nazara alyp,

emma şu dürli resminamalara garamazdan, aýallar babatynda ep-esli kemsitmäniň ozalkysy ýaly saklanyp galandygy barada biynjalyk bolup,

aýallaryň kemsidilmeginiň deňhukuklylygyň we ynsan mertebesine hormat goýmagyň ýörelgelerini bozýandygyny, aýallaryň erkekler bilen deň derejede öz ýurdunyň syýasy, durmuş, ykdysady we medeni durmuşyna gatnaşmagyny bökdeýändigini, jemgyýetiň we maşgalanyň abadançylygynyň ösmegine päsgel berýändigini hem-de aýallaryň mümkinçiliklerініň öz ýurtlarynyň we adamzadyň eşreti üçin doly beýan edilmegini has-da kynlaşdyrýandygyny ýatladyp,

gedaýçylyk şertlerinde azygyň, saglygy goraýşyň, bilimiň, hünär taýýarlygynyň we işe ýerleşmek mümkinçiliginiň, şeýle hem beýleki hajatlaryň kanagatlandyrylmagynyň aýallar üçin az elýeter bolýandygyna biynjalyk bolup,

deňlige we adalatlylyga esaslanan täze halkara ykdysady tertibiň ýola goýulmagynyň erkekleriň we aýallaryň arasynda deňligiň üpjün edilmegine ep-esli ýardam etjekdigine ynanyp,

aparteidiň, rasizmiň ähli görnüşleriniň, rasa kemsitmäniň, kolonializmiň, neokolonializmiň, ýaragly çozuşyň, daşary ýurt basybalyjylygyň hem-de hökmürowanlygyň we döwletleriň içerki işlerine gatyşmagyň ýok edilmeginiň erkekleriň we aýallaryň hukuklaryny doly amala aşyrmak üçin zerurdygyny nygtap,

halkara parahatçylygynyň we howpsuzlygynyň pugtalanmagy, halkara dartgynlygynyň gowşamagy, döwletleriň jemgyýetçilik we ykdysady gurluşlaryna garamazdan, olaryň ählisiniň özara hyzmatdaşlyk etmegi, berk we netijeli halkara gözegçiligi astynda ählumumy we doly ýaragsyzlanmak, aýratyn-da ýadro ýaragy babatda şeýle ýaragsyzlanmak, ýurtlaryň arasynda adalatlylyk, deňlik we birek-birege peýdalylyk ýörelgeleriniň berkarar bolmagy hem-de daşary ýurt we kolonial tabynlykdaky we daşary ýurtlularyň basyp almagyndaky halklaryň öz ykbalyny özi kesgitlemek we garaşsyzlyk hukuklarynyň amala aşyrylmagy, şeýle hem döwletleriň özygtyýarlylygynyň we çäkleriniň bitewiliginiň hormatlanylmagy durmuş taýdan ilerlemä we ösüşe ýardam eder hem-de munuň netijesi

hökmünde erkekleriň we aýallaryň arasynda doly deňligiň gazanylmagyna ýardam eder diýip tassyklap,

ýurtlaryň doly ösmeginiň, bütin dünýäniň abadançylygynyň we parahatçylykly işiniň ähli ugurlardaky tagallalara aýallaryň erkekler bilen deň derejede mümkin boldugyça gatnaşmagyny talap edýändigine ynanyp,

maşgalanyň abadançylygyna we jemgyýetiň ösmegine aýallaryň şu wagta çenli heniz doly ykrar edilmedik goşandynyň ähmiýetini, eneligiň durmuş ähmiýetini nazara almaly hem-de ynsan nesliniň dowam etmeginde aýallaryň ornunyň kemsitmäniň sebäbi bolmaly däldigine, sebäbi çagalary terbiýelemek üçin erkekleriň we aýallaryň we ähli jemgyýetiň bilelikdäki jogapkärçiligini talap edýändigini hasaba alyp,

erkekleriň we aýallaryň arasynda doly deňligi gazanmak üçin jemgyýetde we maşgalada erkegiň hem, aýalyň hem däp bolan ornuny üýtgetmegiň zerurdygyny ýatlap,

Aýallar babatynda kemsitmäni ýok etmek hakyndaky jarnamada yglan edilen ýörelgeleri amala aşyrmak hem-de bu maksat bilen şeýle kemsitmäniň ähli görnüşlerini we ýüze çykmalaryny ýok etmek üçin zerur çäreleri görmek hyjuwy bilen doly gurşalyp,

şular barada ylalaşdylar:

I BÖLEK

1-nji madda

Şu Konwensiýanyň maksatlary üçin "aýallar babatynda kemsitme" düşünjesi jynsy boýunça amala aşyrylýan, aýallaryň maşgala ýagdaýyna garamazdan, olaryň adamyň esasy hukuklarynyň syýasy, ykdysady, durmuş, medeni, raýat we islendik beýleki ugurda erkekleriň we aýallaryň deňhukyklylygy esasynda ykrar edilmegini, peýdalanylmagyny ýa amala aşyrylmagyny gowşatmaga ýa-da ýoga çykarmaga gönükdirilen islendik görnüşdäki tapawutlandyrmany, kadadan çykmany ýa-da çäklendirmäni aňladýar.

2-nji madda

Gatnaşyjy döwletler aýallar babatdaky kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýazgarýar, aýallar babatdaky kemsitmäni ýok etmek syýasatyny ähli degişli usullar arkaly ýöretmäge ylalaşýar hem-de şu maksat bilen şulara borçlanýar:

a) erkekleriň we aýallaryň deňhukuklylygynyň ýörelgesi şu wagta çenli olaryň milli konstitusiýasyna ýa-da beýleki degişli kanunlaryna girizilmedik bolsa, muny amala aşyrmaga hem-de şu ýörelgäniň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegini kanunyň we beýleki degişli çäreleriň kömegi bilen üpjün etmäge;

b) aýallar babatdaky islendik kemsitmäni gadagan edýän degişli kanunçylyk we beýleki çäreleri, şol sanda zerur bolanda jeza çärelerini görmäge;

ç) aýallaryň hukuklarynyň erkekler bilen deň derejede hukuk taýdan goralmagyny ýola goýmaga we aýallaryň islendik kemsitme hereketinden netijeli goralmagyny ygtyýarly milli kazyýetleriň we beýleki döwlet edaralarynyň kömegi bilen üpjün etmäge;

d) aýallar babatda haýsydyr bir kemsidiji amallary ýa-da hereketleri amala aşyrmakdan saklanmaga hem-de döwlet edaralarynyň we guramalarynyň şu borçnama laýyklykda hereket etjekdigini kepillendirmäge;

e) haýsydyr bir şahsyň, guramanyň ýa-da kärhananyň aýallar babatda kemsitmäni ulanmagyny ýok etmek üçin ähli degişli çäreleri görmäge;

ä) hereket edýän, aýallary kemsidýän kanunlary, kararlary, däpleri we iş tejribesini üýtgetmek ýa-da ýatyrmak üçin ähli degişli çäreleri, şol sanda kanunçylyk çärelerini görmäge;

f) özüniň jenaýat kanunçylygynyň aýallary kemsidýän ähli düzgünlerini ýatyrmaga.

3-nji madda

Gatnaşyjy döwletler aýallara adamyň hukuklaryny we esasy azatlyklaryny erkekler bilen deň derejede amala aşyrmagy we peýdalanmagy kepillendirmek üçin aýallaryň ähli ugurlarda we hususan-da, syýasy, durmuş, ykdysady we medeni ugurlarda

hemmetaraplaýyn ösmegini we ilerlemegini üpjün etmek maksady bilen ähli degişli çäreleri, şol sanda kanunçylyk çärelerini görýär.

4-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletleriň erkekler bilen aýallaryň arasynda hakyky deňligi ýola goýmaga gönükdirilen wagtlaýyn ýörite çäreleri görmegi şu Konwensiýada kesgitlemä laýyklykda kemsitme hasap edilmeýär, ýöne ol hiç bir derejede deňhukukly däl ýa-da tapawutlandyrylan ölçegleriň saklanyp galmagyna eltmeli däl; mümkinçilikleriň deňligi we deňhukukly gatnaşyklar baradaky maksat hasyl bolandan soň olar ýatyrylmaly.

2. Gatnaşyjy döwletleriň eneligi goramaga gönükdirilen ýörite çäreleri, şol sanda şu Konwensiýada hem bolan çäreleri görmegi, kemsitme diýlip hasap edilmeýär

5-nji madda

Gatnaşyjy döwletler aşakda görkezilen maksatlary üçin ähli degişli çäreleri görýär:

a) aýallaryň ýa erkekleriň biriniň kemisligi ýa-da artykmaçlygy hakyndaky pikire ýa-da erkekleriň we aýallaryň orny hakyndaky tarapgöý ülňülere esaslanan ýalňyş pikirleriň ýok edilmegini we däpleriň hem-de ähli edim-gylymlaryň ýatyrylmagyny gazanmak maksady bilen erkekleriň we aýallaryň özüni alyp barmagynyň durmuş we medeni nusgalaryny üýtgetmek;

b) maşgalada berilýän terbiýäniň eneligiň durmuş wezipesine dogry düşünmegi hem-de öz çagalarynyň terbiýelenmegi we kämilleşmegi üçin erkekleriň we aýallaryň umumy jogapkärçiligine, şunda ähli halatlarda çagalaryň bähbitleriniň ileri tutulmagyna düşünmegi öz içine almagyny üpjün etmek.

6-njy madda

Gatnaşyjy döwletler aýallaryň söwdasynyň we aýallaryň jelepçiliginiň gazanç çeşmesine öwrülmeginiň ähli görnüşleriniň soňuna çykmak üçin ähli zerur çäreleri, şol sanda kanunçylyk çärelerini görýär.

II BÖLEK

7-nji madda

Gatnaşyjy döwletler ýurduň syýasy we jemgyýetçilik durmuşynda aýallar babatynda kemsitmäni ýok etmek boýunça ähli degişli çäreleri görýär we hususan-da aýallara:

a) ähli saýlawlarda we jemagat sala salşyklarda ses bermek hem-de ähli köpçülikleýin saýlawly edaralara saýlanmak;

b) hökümetiň syýasatynyň kesgitlenilmegine we amala aşyrylmagyna gatnaşmak we döwlet wezipelerini eýelemek, şeýle hem döwlet dolandyryşynyň ähli derejelerinde ähli döwlet wezipelerini amala aşyrmak;

ç) ýurduň jemgyýetçilik we syýasy durmuşynyň meseleleri bilen hökümete dahylly däl guramalaryň we birleşmeleriň işine gatnaşmak hukugyny erkekler bilen deň şertlerde üpjün etmek.

8-nji madda

Gatnaşyjy döwletler aýallara öz hökümetlerine halkara derejesinde erkekler bilen deň şertlerde we haýsydyr bir kemsitmesiz wekilçilik etmek we halkara guramalarynyň işine gatnaşmak mümkinçiligini üpjün etmek üçin ähli zerur çäreleri görýär.

9-njy madda

1. Gatnaşyjy döwletler aýallara öz raýatlygyny edinmek, üýtgetmek ýa-da saklap galmak babatda erkekler bilen deň hukuklary üpjün edýär. Olar, hususan-da, daşary ýurtly bilen nikalaşmagyň hem, äriniň raýatlygynyň nika mahaly üýtgemeginiň hem aýalynyň raýatlygynyň öz-özünden üýtgemegine eltmezligini üpjün edýär, aýaly raýatlyksyz adama öwürmeýär we äriniň raýatlygyny kabul etmäge ony mejbur edip bilmeýär.

2. Gatnaşyjy döwletler aýallara öz çagalarynyň raýatlygy babatda erkekler bilen deň hukuklary berýär.

III BÖLEK

10-njy madda

Gatnaşyjy döwletler aýallara bilim babatda erkekler bilen deň hukuklary üpjün etmek we hususan-da, aşakda görkezilenler babatda erkekleriň we aýallaryň deňligini üpjün etmek üçin aýallar babatynda kemsitmäni ýok etmek maksady bilen ähli degişli çäreleri görýär:

a) oba ýerlerinde bolşy ýaly, şäher ýerlerinde hem hünäri ýa-da käri saýlamakda gözükdirmek üçin, ähli derejelerdäki okuw jaýlarynda bilimiň we diplomlary almagyň elýeter bolmagy üçin deň şertler; bu deňlik mekdebe çenli, umumy, ýörite we ýokary tehniki bilimde, şeýle hem hünär taýýarlygynyň ähli görnüşlerinde üpjün edilýär;

b) birmeňzeş okuw maksatnamalarynyň, birmeňzeş synaglaryň, birmeňzeş hünär derejeli mugallymlar düzüminiň, mekdep jaýlarynyň we hili deň enjamlaryň elýeter bolmagy;

ç) erkekleriň we aýallaryň orny hakyndaky islendik tarapgöý konsepsiýasyny okatmagyň ähli derejelerinde we ähli görnüşlerinde bilelikde okatmagy we okatmagyň şu maksadyň hasyl bolmagyna ýardam etjek beýleki görnüşlerini höweslendirmek arkaly we hususan-da, okuw gollanmalaryna we mekdep maksatnamalaryna täzeden garamak we okatmagyň usullaryny kämilleşdirmek arkaly aradan aýyrmak;

d) stipendiýalary we bilim üçin beýleki kömek pullaryny almaga birmeňzeş mümkinçilikler;

e) bilimi dowam etmek maksatnamalarynyň, şol sanda sowatlylygy uly ýaşlylaryň arasynda ýaýratmak maksatnamalarynyň we gündelik ulanylýan sowatlylygyň erkekleriň we aýallaryň arasyndaky bilimlerdäki islendik tapawudyň mümkin boldugyça tiz azaldylmagyna gönükdirilen maksatnamalarynyň birmeňzeş elýeter bolmagynyň mümkinçilikleri;

ä) mekdebi tamamlamaýan gyzlaryň sanyny azaltmagy we mekdebi wagtyndan öň taşlan gyzlar we aýallar üçin maksatnamalary işläp taýýarlamagy;

f) sport we bedenterbiýe bilen meşgullanmaga işjeň gatnaşmaga birmeňzeş mümkinçiligi;

g) maşgalanyň saglygyny we abadançylygyny üpjün etmäge ýardam etmek maksatly bilim häsiýetli ýörite maglumatlaryň, şol sanda maşgalanyň ululygyny meýilleşdirmek hakyndaky maglumatlaryň we geňeşdarlyklaryň elýeter bolmagyny.

11-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler erkekleriň we aýallaryň deňligi esasynda, hususan-da aşakdakylar babatda deň hukuklary üpjün etmek maksady bilen, iş üpjünçiligi babatda aýallaryň kemsidilmegini ýok etmek üçin ähli degişli çäreleri görýär:

a) ähli adamlaryň aýrylmaz hukugy bolan zähmete hukugy;

b) işe hakyna tutulan mahaly birmeňzeş hukuklar, şol sanda hakyna tutmakda seçip almagyň birmeňzeş talaplarynyň ulanylmagy üçin hukuk;

ç) hünäri ýa-da işiň görnüşini erkin seçip almaga, wezipede ilerlemek we iş bilen üpjünçiligiň kepillendirilmegine, şeýle hem işiň ähli ýeňilliklerinden we şertlerinden peýdalanmagy üçin, hünär taýýarlygyny almaga we gaýtadan taýýarlanmaga, şol sanda şägirt bolmaga, has ýokary derejeli hünär taýýarlygyna we yzygiderli täzeden taýýarlanmaga hukugy;

d) deň hak almaga, şol sanda ýeňillikleri almaga, deň gymmatly zähmet babatda deň şertlere, şeýle hem işine baha bermäge deň çemeleşmä hukugy;

e) durmuş üpjünçiligine hukugy, şol sanda pensiýa gitmegi, işsizlik, kesel, maýyplyk, garrylyk boýunça we zähmet ukybyny ýitirmegiň beýleki halatlarynda, , şeýle hem tölegli rugsada hukugy;

ä) saglygyny goramaga we zähmetiň howpsuz şertlerine, şol sanda nesil dowam etmek wezipesini gorap saklamaga hukugy.

2. Durmuşa çykmagy ýa-da ene bolmagy sebäpli aýallaryň kemsidilmeginiň öňüni almak hem-de olara zähmete netijeli hukugy üpjün etmek maksady bilen gatnaşyjy döwletler şu aşakdakylar üçin degişli çäreleri görýär:

a) göwreliligi ýa-da göwrelilik we çaga dogurmak boýunça rugsat esasynda işden çykarmagy ýa-da işden çykarylanda maşgala ýagdaýy sebäpli kemsitmegi jeza çärelerini ulanmak howpy bilen gadagan etmek;

b) ozalky iş ýerini, wezipe derejesini we durmuş kömek pullaryny ýitirmän göwrelilik we çaga dogurmak boýunça tölegli rugsatlary ýa-da barabar durmuş kömek pullary bolan rugsatlary girizmek;

ç) ata-enelere maşgala borçlaryny ýerine ýetirmegi zähmet işi we jemgyýetçilik durmuşyna gatnaşmak bilen utgaşdyrmaga mümkinçilik bermek üçin zerur bolan goşmaça durmuş hyzmatlaryny, hususan-da, çagalara seretmek boýunça edaralary açmak we olaryň sanyny köpeltmek arkaly üpjün etmegi höweslendirmek;

d) işiň aýallaryň saglygy üçin zyýanlydygy subut edilen görnüşlerinde göwrelilik döwründe olaryň aýratyn goralmagyny üpjün etmek.

3. Şu maddada gozgalan hukuklary goramaga degişli kanunçylyga ylmy-tehniki bilimler nukdaýnazaryndan aram-aram garalýar, şeýle hem zerurlyga görä täzeden garalýar, olar ýatyrylýar ýa-da giňeldilýär.

12-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler erkekleriň we aýallaryň deňligi esasynda saglygy goraýyş hyzmatynyň, hususan-da, maşgalanyň ululygyny meýilleşdirmek babatda elýeter bolmagyny üpjün etmek maksady bilen, saglygy goraýyş babatda aýallar babatynda kemsitmäni ýok etmek üçin ähli degişli çäreleri görýär.

2. Şu maddanyň 1-nji bendiniň düzgünlerine garamazdan, gatnaşyjy döwletler göwrelilik, çaga dogurmak döwründe we çaga dogurmakdan soňky döwürde aýallara degişli hyzmatlary üpjün edýär, zerur bolanda mugt hyzmatlary, şeýle hem göwrelilik we emdirmek döwründe degişli iýmitlenişi üpjün edýär.

13-nji madda

Gatnaşyjy döwletler erkekleriň we aýallaryň deňligi esasynda, hususan-da, aşakda görkezilenler babatda deň hukuklary üpjün etmek maksady bilen, ykdysady we jemgyýetçilik durmuşynyň beýleki ugurlarynda aýallar babatynda kemsitmäni ýok etmek üçin ähli zerur çäreleri görýär:

a) maşgala kömek pullaryna hukugy;

b) gozgalmaýan emlägi zamun goýup karz serişde almaga we maliýe karzy almagyň beýleki görnüşlerine hukugy;

ç) dynç alyş, sport bilen meşgullanmak bilen baglanyşykly çärelere we medeni durmuşyň beýleki ugurlaryna gatnaşmak hukugy.

14-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler oba ýerinde ýaşaýan aýallaryň duçar bolýan meselelerinin aýratynlygyny hem-de öz maşgalalarynyň ykdysady abadançylygyny üpjün etmekde olaryň eýeleýän ornunyň ähmiýetini, hususan-da, olaryň hojalygyň harytlyk däl pudaklaryndaky işini nazara alýar we şu Konwensiýanyň düzgünlerini oba ýerinde ýaşaýan aýallar babatda ulanmagy üpjün etmek üçin ähli degişli çäreleri görýär.

2. Gatnaşyjy döwletler erkekleriň we aýallaryň deňligi esasda olaryň oba hojalyk ýerlerini ösdürmäge we şeýle ösüşden peýdalary almaga gatnaşmagyny üpjün etmek üçin oba ýerinde aýallar babatynda kemsitmäni ýok etmek maksady bilen ähli degişli çäreleri görýär we hususan-da, aýallara şu hukuklary üpjün edýär:

a) ähli derejelerdäki ösüş meýilnamalaryny işläp taýýarlamaga we amala aşyrmaga gatnaşmak;

b) degişli saglygy goraýyş hyzmatynyň, şol sanda maşgalanyň ululygyny meýilleşdirmek meseleleri boýunça maglumatlaryň, geňeşdarlygyň we hyzmatlaryň elýeter bolmagy;

ç) durmuş ätiýaçlandyrmasynyň maksatnamalarynyň eşretlerinden göni peýdalanmak;

d) taýýarlygyň we resmi hem-de resmi däl bilimiň ähli görnüşlerini almak, şol sanda gündelik ulanylýan sowatlylyk babatda, şeýle hem oba hojalygynyň meseleleri boýunça jemagat

hyzmatlarynyň ähli serişdeleriniň, geňeşdarlyk gulluklarynyň hyzmatlaryndan, hususan-da, olaryň tehniki derejesini ýokarlandyrmak üçin peýdalanmak;

e) hakyna tutmak işi ýa-da garaşsyz zähmet işi arkaly ykdysady mümkinçilikleriň deň derejede elýeter bolmagyny üpjün etmek üçin öz-özüne kömek toparlaryny we kooperatiwleri guramak;

ä) köpçülikleýin işiň ähli görnüşlerine gatnaşmak;

f) oba hojalyk maksatly karzlaryň, ýerleşdiriş ulgamynyň, degişli tehnologiýanyň elýeter bolmagy hem-de ýer we oba hojalyk özgertmelerinde, şeýle hem ýerlerde ilaty täzeden ýerleşdirmek meýilnamalarynda deň hukuk ýagdaýy;

g) durmuşyň degişli şertlerinden, aýratyn-da ýaşaýyş jaý şertlerinden, arassaçylyk hyzmatlaryndan, elektro we suw üpjünçiliginden, şeýle hem ulaglardan we aragatnaşyk serişdelerinden peýdalanmak.

IV BÖLEK

15-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler aýallaryň kanunyň öňünde erkekler bilen deňligini ykrar edýär.

2. Gatnaşyjy döwletler aýallara erkekler bilen deň raýat hukuk ukyplylygyny we ony durmuşa geçirmegiň birmeňzeş mümkinçiliklerini üpjün edýär. Olar, hususan-da, şertnamalar baglaşylanda we emläk dolandyrylanda deň hukuklary, şeýle hem kazyýetlerde we tribunallarda seljermegiň ähli tapgyrlarynda olara deň garaýşy üpjün edýär.

3. Gatnaşyjy döwletler hukuk netijeleri aýallaryň hukuk ukybyny çäklendirmekden ybarat bolan islendik görnüşdäki ähli şertnamalaryň we ähli beýleki hususy resminamalaryň hakyky däl diýlip hasap edilmegi bilen ylalaşýar.

4. Gatnaşyjy döwletler adamlaryň hereket etmäge we ýaşaýan ýerini we bolýan ýerini saýlap almak azatlygyna degişli kanunçylygy babatda erkeklere we aýallara deň hukuklary berýär.

16-njy madda

1. Gatnaşyjy döwletler nika we maşgala gatnaşyklaryna degişli ähli meselelerde aýallar babatynda kemsitmäni ýok etmek üçin ähli degişli çäreleri görýär we hususanda, erkekleriň we aýallaryň deňligi esasynda aşakdakylary üpjün edýär:

a) nikalaşmak üçin birmeňzeş hukuklar;

b) är-aýalyny erkin saýlap almagy üçin hem-de diňe özüniň erkin we doly razylygy bilen nikalaşmaga birmeňzeş hukuklar üçin hukuk;

ç) nika döwründe we ol bozulan mahaly birmeňzeş hukuklar;

d) ata-ene bolan erkekleriň we aýallaryň öz çagalaryna degişli meselelerde öz maşgala ýagdaýyna garamazdan, birmeňzeş hukuklary; çagalaryň bähbitleri ähli halatlarda ileri tutulýar;

e) çagalaryň sany we olaryň dogulmagynyň arasyndaky döwür hakyndaky meseläni erkin we jogapkärli çözmäge birmeňzeş hukuklar we şol hukuklary amala aşyrmaga mümkinçilik berýän maglumatlaryň, bilimiň we serişdeleriň elýeter bolmagy;

ä) milli kanunçylygy bilen göz öňünde tutulan halatlarda hossar, howandar, ynanylan adam we perzentlige alan bolmaga birmeňzeş hukuklar we borçlar; çagalaryň bähbitleri ähli halatlarda ileri tutulýar;

f) är-aýalyň birmeňzeş şahsy hukuklary, şol sanda familiýany, hünäri we işi saýlap almak hukugy;

g) emläge mugt bolşy ýaly, töleg üçin hem eýelik etmek, ony satyn almak, dolandyrmak, peýdalanmak we oňa ygtyýar etmek babatda är-aýalyň birmeňzeş hukugy.

2. Çaganyň adaglanmagynyň we nikasynyň hukuk güýji ýok we iň kiçi nika ýaşyny kesgitlemek we nikalaryň raýat ýagdaýynyň namalarynda hökman bellige alynmagyny girizmek maksady bilen ähli zerur çäreler, şol sanda kanunçylyk çäreleri görülýär.

V BÖLEK

17-nji madda

1. Şu Konwensiýanyň durmuşa geçirilişine garamak üçin Aýallar babatynda kemsitmäni ýok etmek boýunça komitet (mundan beýläk - Komitet diýlip atlandyrylýar) döredilýär, ol Konwensiýa güýje giren pursatda ýokary ahlak sypatlaryna hem-de şu Konwensiýa bilen gurşalýan pudakdaky işden başy çykýan on sekiz, otuz bäşinji gatnaşyjy döwlet ony tassyklanyndan ýa-da oňa goşulandan soň bolsa ýigrimi üç bilermenden ybarat. Şol bilermenleri gatnaşyjy döwletler öz raýatlaryndan saýlaýar we olar şahs hökmünde çykyş edýär, şunda geografik taýdan adalatly paýlamak we medeniýetleriň dürli görnüşleriniň, şeýle hem esasy hukuk ulgamlarynyň wekilçiligi nazara alynýar.

2. Komitetiň agzalary gatnaşyjy döwletleriň hödürlän adamlarynyň sanawyna girizilenleriň arasyndan gizlin ses bermek arkaly saýlanylýar. Her bir gatnaşyjy döwlet öz raýatlaryndan bir adamy görkezip biler.

3. Ilkinji saýlawlar şu Konwensiýa güýje giren günden başlap alty aýdan geçirilýär. Her saýlawlary geçirmegiň möhletine azyndan üç aý galanda, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary iki aýyň dowamynda öz dalaşgärlerini görkezmek teklibi beýan edilen haty gatnaşyjy döwletlere iberýär. Baş sekretar, şeýlelikde, hödürlenilen ähli şahslary hödürlän döwletler görkezilip, elipbiý tertibinde düzülen sanawyny taýýarlaýar we ony gatnaşyjy döwletlere beryär.

4. Komitetiň agzalarynyň saýlawlary gatnaşyjy döwletleriň Baş sekretaryň Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi edaralarynda çagyrýan mejlisinde geçirilýär. Çözgütleri kabul etmäge ygtyýarly bolmagy üçin gatnaşyjy döwletleriň üçden iki böleginiň wekilleriniň gatnaşmagy talap edilýän şol mejlisde gatnaşyjy döwletleriň ses bermekde bolan we oňa gatnaşan wekilleriniň sesleriniň has köp sanyny we aglaba köp sanyny alanlar Komitete saýlanylan diýlip hasap edilýär.

5. Komitetiň agzalary dört ýyllyk möhlete saýlanylýar. Emma birinji saýlawlarda saýlanylan dokuz agzanyň ygtyýarlyklarynyň möhleti iki ýyl geçenden soň tamamlanýar; şol dokuz agzanyň familiýalary birinji saýlawlardan soň dessine Komitetiň Başlygy tarapyndan bije boýunça kesgitlenilýär.

6. Komitetiň goşmaça bäş agzasy otuz bäşinji döwlet Konwensiýany tassyklanyndan ýa-da oňa goşulanyndan soň şu maddanyň 2-nji, 3-nji we 4-nji bentleriniň düzgünlerine laýyklykda saýlanylýar. Şeýlelikde saýlanylan iki goşmaça agzanyň ygtyýarlyklarynyň möhleti iki ýyldan tamamlanýar; şol iki agzanyň familiýalary Komitetiň Başlygy tarapyndan bije boýunça saýlanylýar.

7. Garaşylmadyk ýagdaýda boşan orunlary doldurmak üçin öz bilermeni Komitetiň agzasy hökmünde hereket etmegini bes eden gatnaşyjy döwlet Komitetiň makullamagy şerti bilen, öz raýatlaryndan başga bir bilermeni belleýär.

8. Komitetiň agzalary Baş Assambleýanyň Komitetiň wezipeleriniň möhümligini nazara alyp, belleýän tertibinde we şertlerinde Birleşen Milletler Guramasynyň serişdelerinden hak alýar.

9. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Komitetiň wezipeleriniň şu Konwensiýa laýyklykda netijeli amala aşyrylmagy üçin zerur işgärleri we maddy serişdeleri berýär.

18-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler şu Konwensiýany ýerine ýetirmek üçin özleriniň kabul eden kanunçylyk, kazyýet, administratiw we beýleki çäreleri hakynda hem-de şunuň bilen baglanyşykly gazanylan ilerleme hakynda dokladlary Komitetiň garamagy üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna aşakda görkezilen möhletlerde bermäge borçlanýar:

a) dahylly döwlet üçin şu Konwensiýa güýje giren pursatdan başlap bir ýylyň dowamynda;

b) şondan soň juda bolmanda her dört ýylda we soňra Komitet bu barada soranda.

2. Dokladlarda şu Konwensiýa boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmeginiň derejesine täsir edýän ýagdaýlar we kynçylyklar görkezilip bilner.

19-njy madda

1. Komitet özüniň önümçilik kadalaryny tassyklaýar.
2. Komitet öz wezipeli adamlaryny iki ýyllyk möhlete saýlaýar.

20-nji madda

1. Komitet şu Konwensiýanyň 18-nji maddasyna laýyklykda berlen dokladlara garamak maksady bilen öz mejlislerini adatça iki hepdeden geçmeýän döwürleriň dowamynda geçirýär.
2. Komitetiň mejlisleri adatça Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi edaralarynda ýa-da Komitet tarapyndan kesgitlenilen başga bir islendik ýerde geçirilýär.

21-nji madda

1. Komitet öz işi hakynda doklady her ýyl Birleşen Milletler Gurmasynyň Baş Assambleýasyna Ykdysadyýet we Durmuş Geňeşiniň üsti bilen berýär we gatnaşyjy döwletlerden alnan dokladlary we maglumatlary öwrenmäge esaslanýan umumy häsiýetli teklipleri we maslahatlary hödürläp biler. Umumy häsiýetli şeýle teklipler we maslahatlar gatnaşyjy döwletleriň bellikleri bar bolsa, olar bilen bir hatarda Komitetiň dokladyna goşulýar.
2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Komitetiň dokladlaryny Aýallaryň ýagdaýy baradaky topary habarly etmek üçin şol topara iberýär.

22-nji madda

Ýöriteleşdirilen edaralarda şu Konwensiýanyň öz işiniň çygryna girýän düzgünleriniň amala aşyrylmagy hakyndaky meselelere garalan mahaly wekilleriniň bolmagyna hukugy bar. Komitet ýöriteleşdirilen edaralara öz işiniň çygryna girýän ugurlarda şu Konwensiýanyň amala aşyrylyşy hakynda dokladlary bermegi teklip edip biler.

VI BÖLEK

23-nji madda

Şu Konwensiýada hiç bir zat aşakda görkezilenlerde bar bolan, erkekleriň we aýallaryň arasynda deňhukuklylygyň gazanylmagyna ýardam edýän haýsydyr bir düzgünlere täsir etmeýär:

a) gatnaşyjy döwletleriň kanunçylygynda; ýa-da

b) şeýle döwlet üçin güýçde bolan haýsydyr bir beýleki halkara konwensiýasynda, şertnamasynda ýa-da ylalaşygynda.

24-nji madda

Gatnaşyjy döwletler şu Konwensiýada ykrar edilen hukuklaryň doly durmuşa geçirilmegini gazanmak üçin milli derejede ähli zerur çäreleri görmäge borçlanýar.

25-nji madda

1. Şu Konwensiýa ähli döwletleriň oňa gol çekmegi üçin açyk.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary şu Konwensiýanyň saklaýjysy diýlip bellenilýär.

3. Şu Konwensiýa tassyklanylmaga degişli. Tassyklaýyş hatlary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berilýär.

4. Şu Konwensiýa ähli döwletleriň oňa goşulmagy üçin açyk. Goşulmak ol hakyndaky resminamanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berilmegi bilen amala aşyrylýar.

26-njy madda

1. Şu Konwensiýa täzeden garamak hakyndaky haýyş islendik wagtda islendik döwlet tarapyndan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň adyna ýazmaça habarnama ibermek arkaly hödürlenip bilner.

2. Eger Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy haýsydyr bir çäreleriň görülmegini zerur diýip ykrar etse, ol şeýle

haýyş barada anyk nähili çäreleriň görülmeginiň zerurdygy barada çözgüt kabul edýär.

27-nji madda

1. Şu Konwensiýa tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resmi kagyzyň ýigriminjisi Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berleninden soň otuzynjy günde güýje girýär.

2. Tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resmi kagyzyň ýigriminjisi saklanylmaga berleninden soň şu Konwensiýany tassyklan ýa-da oňa goşulan her bir döwlet üçin şu Konwensiýa onuň tassyklaýyş haty ýa-da goşulmak hakyndaky resmi kagyzy saklanylmaga berleniňden soň otuzynjy günde güýje girýär.

28-nji madda

1. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary tassyklamak ýa-da goşulmak pursadynda döwletler tarapyndan öňe sürlen şertlendirmeleriň tekstini ähli döwletlere iberýär.

2. Şu Konwensiýanyň maksatlaryna we wezipelerine laýyk gelmeýän şertlendirmelere ýol berilmeýär.

3. Şertlendirmeler Baş sekretaryň adyna iberilen degişli habarnama arkaly islendik wagtda aradan aýrylyp bilner, ol soňra bu barada ähli gatnaşyjy döwletlere habar berýär. Şeýle habarnama alnan gününden başlap güýje girýär.

29-njy madda

1. Şu Konwensiýany düşündirmek ýa-da ulanmak barada gatnaşyjy döwletleriň ikisiniň ýa-da birnäçesiniň arasynda dörän, gepleşikler arkaly çözülmedik islendik jedel taraplaryň biriniň haýyşy boýunça araçynyň seljermegine berilýär. Eger araçynyň seljermesi hakyndaky arza berlen pursatdan başlap alty aýyň dowamynda taraplar araçy seljermesini guramak barada ylalaşyga gelmegi başarmasa, şol taraplaryň islendigi Halkara Sudunyň Statutyna laýyklykda arza bermek arkaly şol jedeli şol Suduň garamagyna berip biler.

2. Her bir gatnaşyjy döwlet şu Konwensiýa gol çeken ýa-da ony tassyklan ýa oňa goşulan wagtynda özüni şu maddanyň 1-nji bölümindäki borçnamalar bilen bagly hasap etmeýändigini beýan edip biler. Beýleki gatnaşyjy döwletler şonuň ýaly şertlendirmäni öňe süren haýsydyr bir gatnaşyjy döwlet barada şu maddanyň şol bölüminden gelip çykýan borçnamalary çekmeýär.

3. Şu maddanyň 2-nji bölümine laýyklykda şertlendirmäni öňe süren islendik gatnaşyjy döwlet Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna habarnama ibermek arkaly öz şertlendirmesini islendik wagtda aradan aýryp biler.

30-njy madda

1. Rus, iňlis, arap, ispan, hytaý we fransuz dillerindäki tekstleri birmeňzeş güýje eýe bolan şu Konwensiýa Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berilýär.

MUŇA GÜWÄ GEÇMEK HÖKMÜNDE, geregiçe ygtyýarly edilen aşakda gol çekenler şu Konwensiýa gol çekdiler.

AÝALLAR BABATDA KEMSITMÄNIŇ ÄHLI GÖRNÜŞLERINI ÝOK ETMEK HAKYNDA KONWENSIÝANYŇ FAKULTATIW TESWIRNAMASY

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1999-njy ýylyň 6-njy oktýabryndaky 54/4 rezolýusiýasy bilen kabul edildi

Şu Teswirnama gatnaşyjy döwletler

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynda esasy adam hukuklaryna, adamyň mertebesine we gymmatyna, erkekleriň we aýallaryň deň hukuklaryna bolan ynamy ýene bir gezek tassyklanandygyny hasaba alyp,

şeýle hem Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasy ähli adamlaryň erkin we öz mertebesi we hukuklary bilen deň derejede dogulýandygyny we her bir adamyň Jarnamada görkezilen ähli hukuklardan we azatlyklardan hiç hili tapawudy bolmazdan, şol sanda jyns babatynda tapawudy bolmazdan, peýdalanmalydygyny hasaba alyp,

Jyns esasynda kemsitmäni gadagan edýän adam hukuklary hakynda halkara paktlara we adam hukuklary boýunça beýleki halkara hukuk resminamalaryna salgylanyp,

şeýle hem Aýallar babatynda kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda konwensiýa ("Konwensiýa") salgylanyp, onda gatnaşyjy döwletler ähli görnüşdäki aýallar babatynda kemsitmäni ýazgarýarlar we aýallar babatynda kemsitmäni ýok etmek üçin ähli zerur görnüşler arkaly syýasaty haýal etmän durmuşa geçirmäge ylalaşyp,

aýallara adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny doly we deň derejede berilmegini üpjün etmek we bu hukuklaryň we azatlyklaryň bozulmagynyň öňüni almak üçin netijeli çäreleri görmek baradaky hyjuwlylygyny tassyklap,

aşakdakylar barada ylalaşdylar:

1-nji madda

Şu Teswirnama gatnaşyjy döwlet (Gatnaşyjy döwlet) aýallar babatynda kemsitmani iberilen habarlary kabul etmek we garamak ygtyýarlyklaryny ykrar edýär.

2-nji madda

Habarlar, gatnaşyjy döwletiň ýurisdiksiýasyna tabyn bolan şahslar ýa-da şahslar toparlary tarapyndan ýa-da olaryň adyndan Konwensiýada beýan edilen hukuklaryň haýsydyr biriniň şol gatnaşyjy döwleti tarapyndan bozulmagynyň pidasy bolandygy barada iberilip bilner. Habar aýratyn şahslaryň ýa-da şahslaryň toparlarynyň adyndan iberilen bolsa, awtor şeýle razylyk almazdan olaryň adyndan öz hereketlerini delillendirip bilýän ýagdaýlar muňa girmeýär, bu olaryň razylygy bilen amala aşyrylýar.

3-nji madda

Habarlar ýazmaça görnüşde berilýär we golsuz (anonim) bolmaly däldir. Komitet, şu Teswirnama gatnaşmaýan konwensiýa gatnaşyjy döwlete degişli bolsa, habarlary kabul etmeýär.

4-nji madda

1. Komitet ähli içerki hukuk usullarynyň tükenendigi barada göz ýetirýänçä habara garamaýar, muňa şol usullarynyň esassyz uzaga çekilmegi ýa-da islenýän netijä ýetip bolmajak halatlar girmeýär.

2. Komitet habary kabul edip bilmeýändigi barada yglan edýär, eger:

a) şol bir mesele Komitet tarapyndan eýýäm garalan bolsa ýa-da halkara seredilmegiň ýa düzgünleşdirmegiň başga prosedura-laryna laýyklykda garalan ýa-da garalýan bolsa;

b) Konwensiýanyň düzgünlerine laýyk gelmeýär;

ç) aç-açan esassyz ýa-da ýeterlik derejede delillendirilmedik;

d) şeýle habary ibermek hukukdan hyýanatçylykly peýdalan-mak diýip hasap edilende;

e) habaryň meselesi bolup durýan ýagdaýlar, degişli gatnaşyjy döwlet üçin şu Teswirnamanyň güýje girmezden öň bolup geçen bolsa, eger şol ýagdaýlar şol seneden soň dowam etmese.

5-nji madda

1. Habar alnandan soň we onuň manysy boýunça çözgüt kabul edilmezden öň islendik pursadynda, Komitet degişli gatnaşyjy döwlete çen edilýän bozulmanyň pidasyna ýa-da pidalaryna ýetirilip bilinjek düzedilmäge degişli bolmadyk zyýanyndan sowulmak üçin wagtlaýyn çäreleri görmek barada şol Gatnaşyjy döwlete haýal etmän garamak üçin haýyşy iberip biler.

2. Komitet şu maddanyň 1-nji bendine laýyklykda öz diskresion hukugyny amala aşyrýan bolsa, bu habaryň makullanýandygy ýa-da onuň manysy barada çözgüdiň kabul edilendigini aňlatmaýar.

6-njy madda

1. Komitet, gatnaşyjy döwleti agzamazdan habary kabul ederliksiz hasaplamasa we şahsyň ýa-da şahslaryň adyny ýa-da atlaryny şol gatnaşyjy döwlete mälim edilmegine razy bolan ýagdaýynda, Komitet şu Teswirnama laýyklykda iberilen islendik habary gizlin tertipde gatnaşyjy döwletiň dykgatyna ýetirer.

2. Habary alan gatnaşyjy döwlet alty aýyň dowamynda Komitete meseläni düşündirýän we şol gatnaşyjy döwletiň kabul edip bilen islendik çäreleri barada ýazmaça düşündirişleri ýa-da beýannamalary berýär.

7-nji madda

1. Komitet şu Teswirnama laýyklykda alnan habarlara, şahslaryň ýa-da şahslaryň toparlarynyň adyndan ýa-da olaryň adyndan we degişli gatnaşyjy döwlet tarapyndan berlen ähli maglumatlary hasaba alyp seredýär, eger şeýle maglumatlar degişli taraplara iberilen bolsa.

2. Şu Teswirnama laýyklykda habarlara garalanda, komitet ýapyk mejlisleri geçirýär.

3. Habar öwrenilenden soň, komitet habar baradaky pikirlerini, olar bar bolanda öz maslahatlary bilen, degişli taraplara iberýär.

4. Gatnaşyjy döwlet bar bolan teklipleri bilen Komitetiň pikirlerine degişli derejede garaýar we alty aýyň içinde Komitete, şol sanda garaýyşlara we tekliplere jogap hökmünde görülýän islendik çäreler barada maglumaty, ýazmaça jogabyny iberýär.

5. Komitet Gatnaşyjy döwlete, öz garaýyşlaryna ýa-da tekliplerine jogap hökmünde görülýän çäreler barada goşmaça maglumat bermegini teklip edip biler, şol sanda, Komitet ony zerur hasaplasa, Konwensiýasynyň 18-nji maddasyna laýyklykda berilýän gatnaşyjy döwletiň indiki hasabatlarynda.

8-nji madda

1. Eger Komitet Konwensiýada görkezilen hukuklaryň gatnaşyjy döwleti tarapyndan düýpli ýa-da yzygiderli bozulandygyna şaýatlyk edýän вщпкн maglumatlary alsa, Komitet gatnaşyjy döwleti maglumatlary öwrenmekde hyzmatdaşlyga çagyrýar we bu ugurda degişli belliklerini bermegini teklip edýär.

2. Degişli Gatnaşyjy döwlet tarapyndan hödürlenip bilinjek islendik düşündirişleri we onda bar bolan beýleki dogry maglumatlary hasaba almak bilen, Komitet derňewi geçirmek we gyssagly hasabat bermek üçin bir ýa-da birnäçe öz agzasyny belläp biler. Gerek diýlip hasap edilende gatnaşyjy döwletiň razyçylygy bilen derňew onuň çägine baryp görmegi öz içine alyp biler.

3. Şeýle derňewiň netijeleri öwrenilenden soň, Komitet netijeleri islendik bellikler we maslahatlar bilen bilelikde degişli gatnaşyjy döwlete iberýär.

4. Komitet tarapyndan iberilen netijeleri, bellikleri we maslahatlary alandan soň alty aýyň dowamynda degişli gatnaşyjy döwlet oňa öz belliklerini berýär.

5. Şeýle derňew gizlin geçirilýär we bu işiň ähli tapgyrlarynda şol gatnaşyjy döwletiň hyzmatdaşlygyny üpjün etmek üçin çäreler görülýär.

9-njy madda

1. Komitet degişli gatnaşyjy döwleti şu Teswirnamanyň 8-nji maddasyna laýyklykda geçirilen derňew bilen baglanyşykly görülýän çäreler barada doly maglumaty Konwensiýanyň 18-nji maddasyna laýyklykda berilýän öz hasabatyna goşmagyny teklip edip biler.

2. Zerur bolsa, 8.4-nji maddada görkezilen alty aýlyk möhlet gutarandan soň, Komitet degişli gatnaşyjy döwlete şeýle derňew bilen baglanyşykly görülýän çäreler barada habar bermegini teklip edip biler.

10-njy madda

1. Islendik gatnaşyjy döwlet, şu Teswirnama gol çekilen ýa-da tassyklanan we oňa goşulan pursadynda Komitetiň 8-nji we 9-njy maddalarynda göz öňünde tutulan ygtyýarlyklaryny ykrar etmeýändigini beýan edip biler.

2. Şu maddanyň 1-nji bendine laýyklykda beýannama beren islendik gatnaşyjy döwlet, islendik wagt Baş sekretara habar bermek arkaly şol beýannamany yzyna alyp biler.

11-nji madda

Gatnaşyjy döwlet, şu Teswirnama laýyklykda Komitede habar iberendigi sebäpli öz ygtyýarlyklaryndaky adamlaryň erbet garalmagyna ýa-da gorkuzylmagyna ýol bermezlik üçin ähli çäreleri görýär.

12-nji madda

Komitet Konwensiýanyň 21-nji maddasyna laýyklykda ýyllyk öz hasabatyna şu Teswirnama laýyklykda alyp barýan işleri barada gysgaça hasabaty goşýar.

13-nji madda

Her bir gatnaşyjy döwlet, Konwensiýanyň we şu Teswirnamanyň giňden ýaýradylmagyny we aýan edilmegini we Komitetiň pikirleri we maslahatlary barada maglumatlara, hususan-

da şol döwlete degişli meseleler boýunça, elýeterliligi üpjün edilmegini borçlanýar.

14-nji madda

Komitet şu Teswirnama bilen ýüklenen wezipeleriň ýerine ýetirilende berjaý edilmeli öz önümçilik kadalaryny işläp düzýär.

15-nji madda

1. Şu Teswirnama, Konwensiýa gol çeken, tassyklanan ýa-da goşulan islendik döwlet tarapyndan gol çekmek üçin açykdyr.

2. Şu Teswirnama, Konwensiýany tassyklan ýa-da oňa goşulan islendik döwlet tarapyndan tassyklanmalydyr. Tassyklaýyş resminamalary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berilýär.

3. Şu Teswirnama, Konwensiýany tassyklan ýa-da oňa goşulan islendik döwletiň goşulmagy üçin açykdyr.

4. Goşulmak, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna goşulmak resminamasynyň goýulmagy bilen amala aşyrylýar.

16-njy madda

1. Şu Teswirnama, onunjy tassyklaýyş resminamanyň ýa-da onunjy goşulmak hakynda resminamanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berlen senesinden üç aýdan soň güýje girýär.

2. Şu Teswirnama güýje girenden soň tassyklaýan ýa-da oňa goşulan her bir döwlet üçin şu Teswirnama, onuň öz tassyklamak ýa-da goşulmak resminamasy saklanylmaga berlen gününden üç aýdan soň güýje girýär.

17-nji madda

Şu Teswirnama şertlendirmelere ýol berilmeýär.

18-nji madda

1. Islendik gatnaşyjy döwlet şu Teswirnama düzedişleri teklip edip, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna iberip biler.

Baş sekretar şondan soň islendik teklip edilýän düzedişleri gatnaşyjy döwletlere tekliplere garamak we ses bermek maksady bilen gatnaşyjy döwletleriň konferensiýasyny goldaýandyklary barada oňa habar bermegi haýyş edýär. Gatnaşyjy döwletleriň azyndan üçden bir bölegi şeýle konferensiýanyň çagyrylmagyny goldaýan bolsa, Baş sekretar konferensiýany Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda çagyrýar. Bu konferensiýa gatnaşýan we ses berýän gatnaşyjy döwletleriň aglaba köplügi tarapyndan kabul edilen islendik düzediş tassyklamak üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasyna iberilýär.

2. Düzedişler Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan tassyklanylandan we şu olaryň konstitusion proseduralaryna laýyklykda Teswirnama gatnaşyjy döwletleriň üçden iki böleginiň köplügi tarapyndan kabul edilenden soň güýje girýär.

3. Düzedişler güýje girende, olar kabul eden gatnaşyjy döwletler üçin hökmany bolar, beýleki gatnaşyjy döwletler üçin bolsa şu Teswirnamanyň düzgünleri we ozal kabul edilen düzedişler hökmany bolup galar.

19-njy madda

1. Islendik gatnaşyjy döwlet, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna iberilen ýazmaça habarnama arkaly islendik wagt şu Teswirnamadaň çykyp biler (denonsasiýa). Denonsasiýa Baş sekretar tarapyndan bu habarnamany alan gününden alty aýdan soň güýje girýär.

2. Denonsasiýa, onuň güýje giren senesinden öň şu Teswirnamanyň 2-nji maddasyna laýyklykda berlen islendik habara ýa-da 8-nji maddasyna laýyklykda başlanan islendik derňewe zyýan ýetirmeýär.

20-nji madda

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary ähli döwletlere habar berýär:

a) şu Teswirnama laýyklykda gol çekmeler, tassyklamalar we goşmaçalar barada;

b) şu Teswirnamanyň güýje giren senesi we 18-nji madda laýyklykda islendik düzedişler barada;

ç) 19-njy madda laýyklykda islendik denonsasiýa barada.

21-nji madda

1. Arap, hytaý, iňlis, fransuz, rus we ispan dillerindäki ýazgylaryň deň güýje eýe bolan şu Teswirnama Birleşen Milletler Guramasynyň arhiwine saklanylmaga berilýär.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary, şu Teswirnamanyň tassyklanan nusgalaryny Konwensiýanyň 25-nji maddasynda görkezilen ähli döwletlere iberýär.

GYNAMALARA WE ÇEMELEŞMEGIŇ HEM-DE JEZALANDYRMAGYŇ REHIMSIZ, ADAMKÄRÇILIKSIZ ÝA-DA MERTEBÄNI KEMSIDÝÄN GÖRNÜŞLERINE GARŞY KONWENSIÝA

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1984-nji ýylyň 10-njy dekabryndaky 39/46 rezolýusiýasy bilen kabul edildi

Şu Konwensiýa gatnaşyjy döwletler,

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynda jar edilen ýörelgelere laýyklykda ynsan maşgalasynyň ähli agzalarynyň deň we aýrylmaz hukuklarynyň ykrar edilmeginiň azatlygyň, adalatlylygyň we ählumumy parahatçylygyň esasy bolup durýandygyny nazara alyp,

şu hukuklaryň ynsan şahsyýetine mahsus bolan mertebeden gelip çykýandygyny ykrar edip,

Tertipnama laýyklykda, hususan-da, 55-nji madda laýyklykda, döwletleriň adamyň hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň ählumumy hormatlanylmagyna we berjaý edilmegine ýardam bermek borjuny nazara alyp,

Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň 5-nji maddasyny hem-de Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara paktynyň 7-nji maddasyny hasaba alyp, olaryň ikisinde-de hiç kimiň gynamalara ýa-da rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebesini kemsidýän çemeleşmä we jezalandyrma sezewar edilmeli däldigi göz öňünde tutulýandygyny nazara alyp;

Baş Assambleýa tarapyndan 1975-nji ýylyň 9-njy dekabrynda kabul edilen Ähli adamlary gynamalardan we çemeleşmegiň hem-de jezalandyrmagyň beýleki rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän görnüşlerinden goramak hakyndaky jarnamany hem nazara alyp,

gynamalara we çemeleşmegiň hem-de jezalandyrmagyň beýleki rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän görnüşlerine garşy göreşiň bütin dünýäde netijeliligini ýokarlandyrylmagyny isläp,

aşakdakylar barada ylalaşdy:

I BÖLEK

1-nji madda

1. Şu Konwensiýanyň maksatlary üçin "gynama" kesgitlemesi haýsydyr bir adamy ýa-da üçünji bir adamy maglumatlary bermäge ýa boýun almaga mejbur etmek, ony özüniň ýa-da üçünji bir adamyň eden hereketi ýa bolmasa edenligi barada şübhelenilýän hereketi üçin jezalandyrmak, şeýle hem ony ýa üçünji bir adamy gorkuzmak ýa-da mejbur etmek, ýa islendik häsiýetli kemsitmä esaslanan islendik sebäp boýunça şol adamyň bilkastlaýyn güýçli agyra ýa-da ejire sezewar edilmegine eltýän, döwlet wezipeli adamy ýa-da resmi işgär hökmünde çykyş edýän başga bir adam tarapyndan ýa bolmasa olaryň öjükdirmegi, ýa olaryň habarly bolmagy, ýa sessiz ylalaşmagy bilen edilýän islendik hereketi aňladýar. Şu kesgitlemä diňe kanuny sanksiýalar netijesinde döreýän, şol sanksiýalar bilen aýrylmaz baglanyşykly bolan ýa-da olar sebäpli tötänden ýüze çykýan agyryny ýa-da ejiri öz içine almaýar.

2. Bu madda has giňişleýin ulanmagy göz öňünde tutýan ýa-da tutmagy mümkin bolan haýsydyr bir halkara şertnamasyna ýa-da haýsydyr bir milli kanunçylyga zyýan ýetirmeýär.

2-nji madda

1. Her bir gatnaşyjy döwlet öz hukuk ygtyýaryndaky islendik çäginde gynama hereketleriniň öňüni almak üçin netijeli kanunçylyk, administratiw kazyýet we beýleki çäreleri görýär.

2. Hiç hili adatdan daşary ýagdaýlar, nähili bolandygyna garamazdan, uruş bolsun ýa-da uruş howpy, içerki syýasy durnuksyzlyk ýa islendik beýleki adatdan daşary ýagdaý gynamalaryň aklamasy bolup hyzmat edip bilmez.

3. Ýokarda durýan başlygyň ýa döwlet häkimiýetiniň buýrugy gynamalaryň aklamasy bolup hyzmat edip bilmez.

3-nji madda

1. Hiç bir gatnaşyjy döwlet haýsydyr bir adama başga döwletde gynamalaryň ulanylmagy howp salyp biler diýip çak etmäge

çynlakaý esaslar bar mahaly şol adamy beýleki döwlete ibermez, gaýtarmaz ("refoulder") ýa onuň ygtyýaryna bermez.

2. Şeýle esaslaryň bardygyny kesgitlemek üçin ygtyýarly häkimiýetler işe degişli bolan ähli ýagdaýlary, şol sanda degişli halatlarda şol döwletde adamyň hukuklarynyň gödek, göz-görtele we köpçülikleýin bozulmalarynyň bardygyny nazara alýar.

4-nji madda

1. Her bir gatnaşyjy döwlet ähli gynama amallaryna öz jenaýat kanunçylygyna laýyklykda garalmagyny üpjün edýär. Hut şu kada gynama sezewar etmek synanyşygyna we islendik adamyň gynama şärik bolmakdan ýa gatnaşmakdan ybarat hereketlerine hem degişli.

2. Her bir gatnaşyjy döwlet şeýle jenaýatlaryň agyrlygyny nazara almak bilen, olar üçin degişli jezalary belleýär.

5-nji madda

1. Her bir gatnaşyjy döwlet aşakda görkezilen halatlarda 4-nji maddada göz öňünde tutulan jenaýatlar babatda öz hukuk ygtyýarlyklarynyň ýola goýulmagy üçin zerur bolup biljek çäreleri görýär:

a) jenaýatlar onuň hukuk ygtyýaryndaky islendik çäginde, ýa bolmasa şu döwletde bellige alnan deňiz ýa howa gämisiniň üstünde edilende;

b) çak edilýän jenaýatkär şu döwletiň raýaty bolanda;

ç) pida bolan adam şu Döwletiň raýaty bolanda we Döwlet muny maksadalaýyk hasap edende.

2. Her bir gatnaşyjy döwlet çak edilýän jenaýatkär onuň hukuk ygtyýaryndaky islendik çäginde bolanda we ol şol jenaýatkäri şu maddanyň 1-nji bendinde görkezilen islendik döwletiň ygtyýaryna bermedik halatda şeýle jenaýatlar barada özüniň hukuk ygtyýarlyklaryny ýola goýmak üçin zerur bolup biljek çäreleri hut şonuň ýaly görnüşde görýär.

3. Şu Konwensiýa içerki kanunçylyga laýyklykda islendik jenaýat-hukuk ygtyýarlyklarynyň amala aşyrylmagyny ret etmeýär.

6-njy madda

1. Öz ygtyýarynda bolan maglumatlara garanyndan soň ýagdaýlaryň muny talap edýändigine göz ýetiren, 4-nji maddada görkezilen islendik jenaýaty etmekde aýyplanylýan adam öz çäginde bolýan islendik gatnaşyjy döwlet ony tussag astyna alýar ýa-da onuň gitmezligini üpjün etmek üçin beýleki hukuk çärelerini görýär. Tussag astyna almak we beýleki hukuk çäreleri şu Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar, ýöne diňe jenaýat iş ýörediş hereketlerini geçirmek ýa-da ony başga bir döwletiň ygtyýaryna bermek boýunça hereketleri etmek üçin zerur bolan wagtyň içinde dowam edip biler.

2. Şeýle döwlet dessine wakalaryň deslapky derňewini geçirýär.

3. Şu maddanyň 1-nji bendi esasynda tussag astynda saklanylýan islendik şahsa ol öz raýaty bolan Döwletiň ýa-da ol raýatlygy ýok adam bolsa, onuň hemişelik ýaşaýan Döwletiniň iň ýakyndaky degişli wekili bilen gatnaşygy haýal etmän ýola goýmakda ýardam berilýär.

4. Şu madda laýyklykda haýsydyr bir şahsy tussag astyna alan Döwlet şeýle şahsyň tussag astynda bolýandygy we onuň saklanylmagyna esas bolan ýagdaýlar hakynda 5-nji maddanyň 1-nji bendinde görkezilen Döwletlere haýal etmän habar berýär. Şu maddanyň 2-nji bendinde göz öňünde tutulan deslapky derňewi geçirýän Döwlet öz alan maglumatlary hakynda ýokarda görkezilen döwletlere haýal etmän habar berýär we öz hukuk ygtyýarlyklaryny amala aşyrmakçydygyny ýa-da däldigini mälim edýär.

7-nji madda

1. 4-nji maddada görkezilen islendik jenaýaty etmekde şübhelenilýän şahs öz hukuk ygtyýaryndaky çäkde bolýan gatnaşyjy döwlet 5-nji maddada göz öňünde tutulan halatlarda jenaýatkäri başga biriniň hukuk ygtyýaryna bermeýän bolsa, şol işi kazyýet arkaly yzarlamak üçin öz ygtyýarly häkimiýetlerine berýär.

2. Şol häkimiýetler çözgüdi islendik adaty çynlakaý häsiýetli jenaýat halatynda şol döwletiň kanunçylygyna laýyklykda kabul

edilýän usulda kabul edýär. 5-nji maddanyň 2-nji bendinde görkezilen halatlarda kazyýet arkaly yzarlamak we iş kesmek üçin zerur bolan subutnamalara bildirilýän talaplaryň berkligi hiç bir halatda 5-nji maddanyň 1-nji bendinde görkezilen halatlarda ulanylýanlaryňkydan pes däl.

3. Özi barada 4-nji maddada görkezilen islendik jenaýat bilen baglanyşykly seljeriş amala aşyrylýan islendik şahsa seljerişiň ähli tapgyrlarynda adalatly çemeleşme kepillendirilýär.

8-nji madda

1. 4-nji maddada görkezilen jenaýatlar başga biriniň hukuk ygtyýaryna bermäge eltýän jenaýatlar hökmünde gatnaşyjy döwletleriň arasynda bar bolan hukuk ygtyýarlyklaryna bermek hakyndaky islendik şertnama goşulmaga degişli hasap edilýär. Gatnaşyjy döwletler şeýle jenaýatlary başga biriniň hukuk ygtyýarlyklaryna bermäge eltýän jenaýatlar hökmünde öz aralarynda baglaşylýan hukuk ygtyýaryna bermek hakyndaky islendik şertnama goşmaga borçlanýar.

2. Eger hukuk ygtyýaryna bermegi şertnamanyň bolmagy bilen şertlendirýän gatnaşyjy döwlet özi bilen hukuk ygtyýaryna bermek hakynda şertnama baglaşmadyk döwletden jenaýatkäriň öz hukuk ygtyýaryna berilmegi hakyndaky haýyşy alsa, ol şeýle jenaýatlar babatda şu Konwensiýa hukuk ygtyýaryna bermek üçin hukuk esasy hökmünde garap biler. Hukuk ygtyýaryna bermek amaly ol baradaky haýyş bilen özüne ýüz tutulan döwletiň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki şertlere laýyklykda amala aşyrylýar.

3. Hukuk ygtyýaryna bermegi şertnamanyň bolmagy bilen şertlendirmeýän gatnaşyjy döwletler öz aralaryndaky gatnaşyklarynda şeýle jenaýatlara hukuk ygtyýaryna bermek hakyndaky haýyş bilen ýüz tutulan döwletiň kanunçylygynda göz öňünde tutulan şertlere laýyklykda başga biriniň hukuk ygtyýarlyklaryna bermäge eltýän jenaýatlar hökmünde garaýar.

4. Şeýle jenaýatlara hukuk ygtyýarlyklaryna bermek maksady bilen, gatnaşyjy döwletleriň arasynda hamala olar diňe bir edilen ýerinde däl-de, eýsem 5-nji maddanyň 1-nji bendine laýyklykda öz

hukuk ygtyýarlyklaryny ýola goýmaga borçly döwletleriň hem ýerlerinde edilen hökmünde garalýar.

9-njy madda

1. Gatnaşyjy döwletler 4-nji maddada görkezilen islendik jenaýat barada edilen jenaýat-iş ýöredişi hereketleri bilen baglanyşykly bir-birine has doly kömek berýär, şol sanda kazyýet seljerişi üçin zerur bolan, öz ygtyýarynda bar bolan ähli subutnamalary berýär.

2. Gatnaşyjy döwletler özleriniň şu maddanyň 1-nji bendine laýyklykdaky borçlaryny öz aralarynda baglaşylmagy mümkin bolan özara hukuk kömegi hakyndaky islendik şertnamalara laýyklykda ýerine ýetirýär.

10-njy madda

1. Her bir gatnaşyjy döwlet gynamalary gadagan etmek hakyndaky okuw materiallarynyň we maglumatlarynyň tussag astyna almagyň, saklamagyň ýa-da türme tussaglygynyň islendik görnüşine sezewar edilen adamlary tussag astynda saklamaga we sorag etmäge ýa-da olar bilen iş salyşmaga dahylly bolup biljek hukuk ulanyjy edaralaryň işgärlerini, raýat ýa-da harby, saglygy goraýyş işgärlerini, wezipeli döwlet adamlaryny we beýleki işgärleri taýýarlamagyň maksatnamalaryna doly derejede goşulmagyny üpjün edýär.

2. Her bir gatnaşyjy döwlet şu gadaganlygy islendik şeýle adamlaryň borçlaryna we wezipelerine degişli kadalara ýa-da gollanmalara goşýar.

11-nji madda

Her bir gatnaşyjy döwlet gynamalaryň haýsydyr bir halatlaryna ýol bermezlik üçin, öz hukuk ygtyýaryndaky islendik çäginde sorag etmäge degişli kadalara, gollanmalara, usullara we tejribä, şeýle hem tussag etmegiň, saklamagyň ýa-da türme tussaglygynyň islendik görnüşine sezewar edilen adamlary tussag astynda saklamagyň we olara çemeleşmegiň şertlerine yzygiderli garaýar.

12-nji madda

Her bir gatnaşyjy döwlet öz ygtyýaryndaky islendik çäginde gynamanyň ulanylandygyny çak etmäge ýeterlik esaslar bolan mahaly öz ygtyýarly edaralarynyň çalt we tarapgöýsüzlik derňewi geçirmegini üpjün edýär.

13-nji madda

Her bir gatnaşyjy döwlet öz hukuk ygtyýaryndaky islendik çäginde gynamalara sezewar bolandygyny tekrarlaýan islendik şahsa şol döwletiň ygtyýarly edaralaryna şikaýat etmäge we olaryň şol şikaýata çalt hem-de tarapgöýsüzlik garamagyna hukugy üpjün edýär. Hak isleýjini we şaýatlary şikaýat ýa-da şaýatlyk görkezmeleri bilen baglanyşykly erbet çemeleşmegiň ýa-da haýbat atmagyň islendik görnüşlerinden goramagy üpjün etmek üçin çäreleri görýär.

14-nji madda

1. Her bir gatnaşyjy döwlet özüniň hukuk ulgamynda gynamalaryň pidasynyň öwezini dolmany almagyny hem-de onda adalatly we barabar ýerini dolma, şol sanda mümkin boldugyça tiz dikeldilmegi üçin serişdeleriň berilmegi üçin hukuk çäresi bilen berkidilen hukugyň bolmagyny üpjün edýär. Gynamalara sezewar edilen adam olar netijesinde ölen halatda öwezini dolma hukugy onuň eklemeginde bolanlara üpjün edilýär.

2. Şu maddada hiç bir zat pidanyň ýa-da beýleki şahslaryň öwezini dolma üçin milli kanunçylyga laýyklykda bolmagy mümkin bolan islendik hukugyna täsir etmeýär.

15-nji madda

Her bir gatnaşyjy döwlet gynama netijesinde edilendigi anyklanylan islendik beýanatyň islendik kazyýet seljerişiniň barşynda subutnama hökmünde ulanylmazlygyny üpjün edýär, şeýle beýanatyň edilendiginiň subutnamasy hökmünde we gynamalary amala aşyrmakda aýyplanylýan adama garşy ulanylýan halatlary muňa girmeýär.

16-njy madda

1. Her bir gatnaşyjy döwlet öz hukuk ygtyýarynda bolan islendik çäginde rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmäniň we jezalandyrmagyň 1-nji maddada berlen gynama kesgitlemesine laýyk gelmeýän beýleki hereketler wezipeli döwlet adamy ýa-da resmi işgär hökmünde çykyş edýän başga bir adam tarapyndan, ýa bolmasa olaryň öjükdirmegi boýunça, ýa olaryň habarly bolmagynda ýa-da sessiz razylygy bilen edilende, olaryň öňüni almaga borçlanýar. Hususan-da, 10-njy, 11-nji, 12-nji we 13-nji maddalardaky borçnamalar gynama hakyndaky salgylanma rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşme we jeza hakyndaky salgylanmalar bilen çalşyrylyp ulanylýar.

2. Şu Konwensiýanyň düzgünleri rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmäni we jezalandyrmany gadagan edýän ýa-da hukuk ygtyýaryna bermäge ýa ibermäge degişli bolan islendik beýleki halkara şertnamalarynyň ýa milli kanunçylygynyň düzgünlerine zyýan ýetirmeýär.

II BÖLEK

17-nji madda

1. Gynamalara garşy komitet (mundan beýläk Komitet diýlip atlandyrylýar) döredilýär, ol aşakda göz öňünde tutulan wezipeleri ýerine ýetirýär. Komitet ýokary ahlak sypatlaryna eýe bolan we adam hukuklary babatdaky işden başy çykýandygy ykrar edilen hem-de şahsyýet hökmünde hereket edýän on bilermenden ybarat bolýar. Bilermenleri gatnaşyjy döwletler saýlaýar, şunda geografik taýdan adalatly paýlanylyşyna hem-de hukuk işinde tejribesi bolan birnäçe adamyň gatnaşmagynyň maksadalaýyklygyna üns berilýär.

2. Komitetiň agzalary gatnaşyjy döwletler tarapyndan görkezilen adamlaryň sanawyna girizilenleriň arasyndan gizlin ses bilen saýlanylýar. Her bir gatnaşyjy döwlet öz raýatlaryndan bir dalaşgäri hödürläp bilýär. Gatnaşyjy döwletler şol bir wagtda Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara paktyna laýyklykda döredilen Adamyň hukuklary boýunça komitetiň hem agzalary bolup durýan

we Gynamalara garşy komitetde işlemäge isleg bildirýän adamlaryň hödürlenilmeginiň maksadalaýyklygyny hasaba alýar

3. Komitetiň agzalary gatnaşyjy döwletleriň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary tarapyndan iki ýylda bir gezek çagyrylýan maslahatlarynda saýlanylýar. Hukuk ygtyýarly bolmagy üçin gatnaşyjy döwletleriň üçden ikisiniň wekilleriniň bolmagy talap edilýän şol maslahatlarda Konwensiýa gatnaşyjy döwletleriň ses bermekde bolan we ses bermäge gatnaşan wekilleriniň seslerініň has köp sanyny we aglaba sanyny alan dalaşgärler Komitetiň agzalygyna saýlanylan bolup durýar.

4. Ilkibaşdaky saýlawlar şu Konwensiýa güýje gireninden soň alty aýdan gijä galynman geçirilýär. Nobatdaky saýlawlaryň senesine azyndan dört aý galanda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary öz hödürleýän dalaşgärlerini üç aý möhletde görkezmek teklip edilýän haty gatnaşyjy döwletlere iberýär. Baş sekretar şeýlelikde görkezilen ähli şahslaryň hödürlän gatnaşyjy döwletler görkezilen elipbiý tertibindäki sanawyny taýýarlaýar we şol sanawy gatnaşyjy döwletlere berýär.

5. Komitetiň agzalary bäş ýyl möhlete saýlanylýar. Olaryň ikinji gezek hödürlenilen mahaly täzeden saýlanylmaga hukugy bar. Emma birinji saýlawlarda saýlanylan bäş agzanyň ygtyýarlyklarynyň möhleti iki ýyllyk döwrüň ahyrynda tamamlanýar; şol bäş agzanyň atlaryny birinji saýlawlardan soň dessine şu maddanyň 3-nji bendinde gürrüňi edilýän maslahatyň başlygy bije boýunça kesgitleýär.

6. Komitetiň agzasy ölen ýa-da iş başyndan aýrylan halatda ýa onuň Komitetdäki wezipelerini ýerine ýetirmegi haýsydyr bir sebäp boýunça mümkin däl halatda şol agzany hödürlän gatnaşyjy döwlet öz raýatlaryndan başga bir bilermeni galan möhlete gatnaşyjy döwletleriň köpüsiniň makullamagy bilen belleýär. Eger gatnaşyjy döwletleriň ýarysy ýa has köp sanlysy Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň teklip edilýän bellemek hakyndaky habaryny alanyndan soň alty hepdäniň dowamynda ret ediji jogap bermese, hödürlenilen adam makullanyldy hasap edilýär.

7. Gatnaşyjy döwletler Komitetiň agzalarynyň Komitetde wezipelerini ýerine ýetiren döwründe olaryň çykdajylarynyň öwezini dolmagy öz üstüne alýar.

18-nji madda

1. Komitet öz wezipeli adamlaryny iki ýyl möhlete saýlaýar. Olar täzeden saýlanylyp bilner.

2. Komitet öz amal kadalaryny belleýär, ýöne olarda, hususanda, şular göz öňünde tutulmaly:

a) hukuk ygtyýarly bolmak üçin alty agzasynyň gatnaşmagynyň zerurdygy;

b) Komitetiň çözgütleriniň gatnaşýan agzalaryň seslerinin köplügi bilen kabul edilýändigi.

3. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Komitetiň wezipeleriniň şu Konwensiýa laýyklykda netijeli amala aşyrylmagy üçin zerur işgärleri we şertleri üpjün edýär.

4. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Komitetiň birinji mejlisini çagyrýar. Öz birinji mejlisinden soň Komitet öz amal kadalarynda göz öňünde tutulýan wagt aralyklaryndan ýygnanýar.

5. Gatnaşyjy döwletler gatnaşyjy döwletleriň we Komitetiň maslahatlaryny geçirmek bilen baglanyşykly ýüze çykýan çykdajylaryň öwezini dolmany, şol sanda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan şu maddanyň 3-nji bendine laýyklykda üpjün edilýän işgärler we şertler üçin töleg ýaly islendik çykdajylaryň Birleşen Milletler Guramasyna öwezini dolmagy öz üstüne alýar.

19-njy madda

1. Gatnaşyjy döwletler şu Konwensiýa laýyklykda öz borçlaryny amala aşyrmak boýunça öz gören çäreleri hakynda dokladlary şu Konwensiýa degişli gatnaşyjy döwlet üçin güýje gireninden soň bir ýyl geçende Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň üsti bilen Komitete berýär. Şondan soň gatnaşyjy döwletler islendik täze görlen çäreler hakyndaky goşmaça dokladlary dört ýylda bir gezek, şeýle hem Komitetiň soramagy mümkin bolan beýleki dokladlary berýär.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary şol dokladlary ähli gatnaşyjy döwletlere iberýär.

3. Komitet her bir doklada garaýar, ol doklad boýunça maksadalaýyk hasap eden umumy häsiýetli bellikleri edip biler we olary degişli gatnaşyjy döwlete iberýär. Şol gatnaşyjy döwlet jogap hökmünde Komitete özüniň ýerlikli hasap edýän islendik belliklerini berip biler.

4. Komitet şu maddanyň 3-nji bendine laýyklykda öz eden islendik belliklerini olar boýunça degişli gatnaşyjy döwletden alnan bellikler bilen bilelikde öz islegi boýunça özüniň 24-nji madda laýyklykda taýýarlanylýan ýyllyk dokladyna goşmagy karar edip biler. Degişli gatnaşyjy döwletiň haýyşy boýunça Komitet şu maddanyň 1-nji bendinde laýyklykda berlen dokladyň nusgasyny hem goşup biler.

20-nji madda

1. Eger Komitet onuň pikirine görä, haýsydyr bir gatnaşyjy döwletiň çäginde gynamalaryň yzygiderli ulanylmagy hakynda doly esaslandyrylan deliller bolan ygtybarly maglumaty alsa, ol şol maglumata garamakda hyzmatdaşlyk etmegi we şu maksat bilen şol maglumat barada öz belliklerini bermegi şol gatnaşyjy döwlet teklip edýär.

2. Degişli gatnaşyjy döwlet tarapyndan berlen islendik bellikleri, şeýle hem işe degişli bolan islendik beýleki maglumatlary nazara almak bilen, Komitet muny maksadalaýyk hasap etse, ikiçäk derňewi geçirmek we Komitete degişli doklady gyssagly bermek üçin öz agzalarynyň birini ýa birnäçesini belläp biler.

3. Eger şu maddanyň 2-nji bendine laýyklykda derňew geçirilýän bolsa, Komitet degişli gatnaşyjy döwlet bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmaga çalyşýar. Şol gatnaşyjy döwletiň razylygy bilen şeýle derňew onuň çägine barylmagyny öz içine alyp biler.

4. Şol agzanyň ýa-da agzalaryň geçiren derňewiniň şu maddanyň 2-nji bendine laýyklykda berlen netijelerine garalandan soň Komitet şol netijeleri şu ýagdaýda maksadalaýyk bolup durýan

islendik bellikler we teklipler bilen bilelikde degişli gatnaşyjy döwlete iberýär.

5. Komitetiň şu maddanyň 1-4-nji bentlerinde gürrüňi edilen ähli işi aýan edilmesiz häsiýetli bolup, şol işiň ähli tapgyrlarynda gatnaşyjy döwlet bilen hyzmatdaşlyk etmäge çalşylmaly. 2-nji bende laýyklykda geçirilen derňew babatdaky şeýle iş tamamlanandan soň Komitet şol işiň netijeleri hakyndaky gysgaça hasabaty degişli gatnaşyjy döwlet bilen geňeşmelerden soň özüniň 24-nji madda laýyklykda taýýarlanylýan dokladyna goşmak hakynda karar kabul edip biler.

21-nji madda

1. Şu madda laýyklykda, şu Konwensiýa gatnaşyjy islendik döwlet Komitetiň bir gatnaşyjy döwletiň beýleki gatnaşyjy döwletiň şu Konwensiýa boýunça öz borçnamalaryny ýerine ýetirmeýändigi hakyndaky beýanatlaryna degişli habarlary almak we olara garamak ygtyýarlyklaryny ykrar edýändigini islendik wagtda mälim edip biler. Şeýle habarnamalary kabul etmek we olara garamak diňe Komitetiň ygtyýarlyklaryny özi barada ykrar edýändigi hakyndaky beýanat gatnaşyjy döwlet tarapyndan berlen halatda şu maddada beýan edilen amallara laýyklykda amala aşyrylyp bilner. Eger şu madda laýyklykdaky habarnamalar şeýle beýanat bilen çykyş etmedik gatnaşyjy döwlete degişli bolsa, Komitet olara garamaýar. Şu madda laýyklykda alnan habarnamalara aşakda görkezilen amallara laýyklykda garalýar:

a) eger haýsydyr bir döwlet beýleki gatnaşyjy döwlet şu Konwensiýanyň düzgünlerini ýerine ýetirmeýär diýip hasap edýän bolsa, ol bu meseläni şol gatnaşyjy döwletiň dykgatyna ýazmaça habar arkaly ýetirip biler. Şeýle habarnama alnandan soň üç aýyň dowamynda ony alan döwlet şu mesele aýdyňlaşdyrylýan düşündirişi ýa-da başga bir islendik beýanaty şeýle habarnamany iberen döwlete ýazmaça görnüşde berýär, şol düşündirişde ýa-da beýanatda mümkinçilige we maksadalaýyklyga görä, şu mesele boýunça görlen, görüljek ýa-da görülmegi mümkin bolan içerki amallar we çäreler görkezilmeli.

b) eger mesele alyjy döwlet ilkibaşdaky habarnamany alandan soň alty aýyň dowamynda degişli gatnaşyjy döwletleriň ikisini-de kanagatlandyrýan derejede çözülmese, şol döwletleriň islendiginiň bu barada Komitete we beýleki döwlete habar edip, bu meseläni Komitete bermäge hukugy bar;

ç) Komitet şu madda laýyklykda özüne berlen meselä diňe halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerine laýyklykda ähli elýeter içerki çäreleriň şu halatda görlendigine we başgalarynyň ýokdugyna göz ýetireninden soň garaýar. Şol çäreleriň görülmegi delilsiz uzaklaşdyrylan we şu Konwensiýanyň bozulmagynyň pidasy bolan adama netijeli kömek etmegi gümana bolan halatlarda bu kada hereket etmeýär.

d) Komitet şu madda boýunça habarnamalara garan mahaly ýapyk mejlisleri geçirýär;

e) Komitet "ç" kiçi bendiniň düzgünlerini berjaý etmek bilen, şu meseläniň şu Konwensiýada göz öňünde tutulan borçnamalara laýyklykda dostlukly çözülmegi maksady bilen, degişli gatnaşyjy döwletlere hoşniýetli hyzmatlary edýär. Munuň üçin Komitet zerur bolan mahaly ýörite ylalaşdyryjy topary döredip biler;

ä) şu madda laýyklykda özüne berlen islendik mesele boýunça Komitet işe degişli islendik maglumatlary bermäge "b" kiçi bentde görkezilen degişli gatnaşyjy döwletleri çagyryp biler;

f) "b" kiçi bentde görkezilen degişli gatnaşyjy döwletleriň meselä Komitetde garalan mahaly bolmaga we dilden ýa-da ýazmaça beýanatlary bermäge hukugy bar;

g) Komitet "b" kiçi bende laýyklykda habarnamany alan gününden başlap on iki aýyň dowamynda şu habarnamany berýär:

1) eger "e" kiçi bendiň düzgünleriniň çäklerinde çözgüt gazanylsa, onda Komitet öz habarnamasynda wakalary we gazanylan çözgüdi gysgaça beýan etmek bilen çäklenýär;

2) eger "e" kiçi bendiň çäklerinde çözgüt gazanylmasa, onda Komitet öz habarnamasynda wakalary gysgaça beýan etmek bilen çäklenýär; degişli gatnaşyjy döwletler tarapyndan berlen ýazmaça beýanatlar we dilden beýanatlaryň ýazgylary habarnama goşulýar.

Her bir mesele boýunça habarnama degişli gatnaşyjy döwletlere iberilýär.

2. Şu maddanyň düzgünleri şu Konwensiýa gatnaşyjy bäş döwlet şu maddanyň l-nji bendine laýyklykda beýanat berende güýje girýär. Şeýle beýanatlary gatnaşyjy döwletler Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklamak üçin berýär, ol bolsa olaryň nusgalaryny beýleki gatnaşyjy döwletlere iberýär. Beýanat Baş sekretaryň adyna iberilen habarnama arkaly islendik wagtda yzyna alnyp bilner. Beýanatyň şeýle yzyna alynmagy şu madda laýyklykda eýýäm berlen habarnamanyň mazmuny bolan islendik meseläniň garalmagyna zyýan ýetirmeli däl; eger degişli gatnaşyjy döwlet täze beýanat bilen çykyş etmedik bolsa, Baş sekretar beýanaty yzyna almak hakyndaky habarnamany alanyndan soň islendik gatnaşyjy döwletiň hiç hili soňraky habarnamalary şu madda laýyklykda kabul edilmeýär.

22-nji madda

1. Şu Konwensiýa gatnaşyjy döwlet özüniň hukuk ygtyýarlygynda bolan, şu gatnaşyjy döwletiň Konwensiýanyň düzgünlerini bozmagynyň pidalary bolandygyny tekrarlaýan adamlaryň habarnamalary, ýa-da olaryň adyndan gowuşýan şonuň ýaly häsiýetli habarnamalary kabul etmäge we olara garamaga Komitetiň ygtyýarlyklaryny ykrar edýändigini şu madda laýyklykda islendik wagtda mälim edip biler. Eger habarnamalar şeýle beýanat bilen çykyş etmedik gatnaşyjy döwlete degişli bolsa Komitet olaryň hiç birini kabul etmeýär.

2. Komitet şu madda laýyklykda berlen golsuz ýa-da onuň pikirine görä, şeýle habarnamalary bermek hukugynyň hyýanatçylykly ulanylmagy bolup durýan ýa-da şu Konwensiýanyň düzgünlerine laýyk gelmeýän islendik habarnamany kabul ederliksiz hasap edýär.

3. Komitet 2-nji bendiň düzgünlerini nazara almak bilen, şu madda laýyklykda özüne berlen islendik habarnamany 1-nji bende laýyklykda beýanat bilen çykyş eden we Konwensiýanyň ol ýa-da beýleki düzgünlerini hamala bozýan gatnaşyjy döwletiň dykgatyna

ýetirýär. Habarnamany alan döwlet meseläni we şol döwlet tarapyndan görülmegi mümkin bolan çäreleri takyklaýan ýazmaça düşündirişleri ýa-da beýanatlary Komitete alty aýyň dowamynda berýär.

4. Komitet şu madda laýyklykda alnan habarnamalara şol adamyň ýa-da onuň adyndan we degişli gatnaşyjy döwlet tarapyndan berlen ähli maglumatlary nazara alyp garaýar.

5. Eger Komitet aşakda görkezilen ýagdaýlara göz ýetirmese, ol şu madda laýyklykda haýsydyr bir adamdan hiç hili habarnamalara garamaýar:

a) şu meselä halkara derňewiniň ýa-da düzgünleşdirmegiň haýsydyr bir başga amaly boýunça garalmandygyna we garalmaýandygyna;

b) şol adamyň hukuk goragynyň bar bolan ähli içerki serişdelerini doly ulanandygyna; bu kada şol serişdeleriň ulanylmagy delilsiz uzaklaşdyrylan ýa-da şu Konwensiýanyň bozulmagynyň pidasy bolan adama netijeli kömek berjekdigi gümana bolan halatlarda hereket etmeýär.

6. Şu madda boýunça habarnamalara garalan mahaly Komitet ýapyk mejlisleri geçirýär.

7. Komitet öz pikirini degişli gatnaşyjy döwlete we şol adama mälim edýär.

8. Şu maddanyň düzgünleri şu Konwensiýa gatnaşyjy bäş döwlet şu maddanyň 1-nji bendine laýyklykda beýanat bilen çykyş edeninden soň güýje girýär. Şeýle beýanatlary gatnaşyjy döwletler Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklamak üçin berýär, ol bolsa olaryň nusgalaryny beýleki gatnaşyjy döwletlere iberýär. Beýanat Baş sekretaryň adyna habarnama ibermek arkaly islendik wagtda yzyna alnyp bilner. Beýanatyň şeýle yzyna alynmagy şu madda laýyklykda eýýäm berlen habarnamanyň mazmuny bolan islendik meseläniň garalmagyna zyýan ýetirmeli däl; eger degişli gatnaşyjy döwlet täze beýanat bilen çykyş etmedik bolsa, Baş sekretar beýanaty yzyna almak hakyndaky habarnamany alanyndan soň islendik gatnaşyjy döwletiň hiç hili soňraky habarnamalary şu madda laýyklykda kabul edilmeýär.

23-nji madda

Komitetiň we 21-nji maddanyň 1-nji bendiniň “e” kiçi bendine laýyklykda bellenilmegi mümkin bolan ýörite ylalaşdyryjy toparlaryň agzalarynyň Birleşen Milletler Guramasynyň Artykmaçlyklary we immunitetleri hakynda konwensiýanyň degişli bölümlerinde göz öňünde tutulyşy ýaly, Birleşen Milletler Guramasynyň tabşyrygy boýunça hereket edýän bilermenleriň ýeňilliklerine, artykmaçlyklaryna we immunitetlere hukugy bar.

24-nji madda

Komitet gatnaşyjy döwletlere we Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasyna özüniň şu Konwensiýa laýyklykda işi hakynda ýyllyk doklady berýär.

III BÖLEK

25-nji madda

1. Şu Konwensiýa ähli döwletleriň gol çekmegi üçin açyk.

2. Şu Konwensiýa tassyklanylmaga degişli. Tassyklaýyş hatlary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berilýär.

26-njy madda

Şu Konwensiýa ähli döwletleriň goşulmagy üçin açyk. Goşulmak amaly bu baradaky resminamanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berilmegi arkaly amala aşyrylýar.

27-nji madda

1. Şu Konwensiýa tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň ýigriminjisi Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berlenden soň otuzynjy günde güýje girýär.

2. Tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň ýigriminjisi saklanylmaga berleninden soň şu

Konwensiýany tassyklan ýa-da oňa goşulan döwlet üçin şu Konwensiýa onuň öz tassyklaýyş haty ýa-da goşulmak hakyndaky resminamasy saklanylmaga berleninden soň otuzynjy günde güýje girer.

28-nji madda

1. Konwensiýa gatnaşyjy islendik döwlet şu Konwensiýa gol çeken ýa-da oňa goşulan wagtynda Komitetiň 20-nji maddada kesgitlenilen ygtyýarlyklaryny ykrar etmeýändigini mälim edip biler.

2. Şu maddanyň 1-nji bendine laýyklykda şertlendirmäni öňe süren islendik gatnaşyjy döwlet bu barada Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna habar edip, öz şertlendirmesini islendik wagtda aradan aýryp biler.

29-njy madda

1. Konwensiýa gatnaşyjy islendik döwlet düzedişi teklip edip we ony Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna hödürläp biler. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary soňra teklip edilen düzedişi gatnaşyjy döwletlere iberip, şol teklibe garamak we ol boýunça ses bermegi geçirmek maksady bilen gatnaşyjy döwletleriň konferensiýasyny çagyrmagyň tarapdarydygyny ýa-da däldigini özüne habar bermegi olardan haýyş edýär. Eger şeýle hat iberilen seneden başlap dört aýyň dowamynda gatnaşyjy döwletleriň azyndan üçden biri şeýle konferensiýanyň tarapdary bolup ses berse, Baş sekretar konferensiýany Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygy astynda çagyrýar. Şol konferensiýada ses bermekde bolan we ses bermäge gatnaşan gatnaşyjy döwletleriň köplügi tarapyndan kabul edilen islendik düzedişi Baş sekretar ähli gatnaşyjy döwletlere tassyklamaga hödürleýär.

2. Şu maddanyň 1-nji bendine laýyklykda kabul edilen düzediş şu Konwensiýa gatnaşyjy döwletleriň üçden ikisi şol düzedişi öz konstitusion amallaryna laýyklykda kabul edendigini Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna habar bereninden soň güýje girer.

3. Düzedişler güýje gireninden soň olar şol düzedişleri kabul eden gatnaşyjy döwletler üçin hökmany bolýar, beýleki gatnaşyjy döwletler üçin bolsa olar tarapyndan kabul edilen şu Konwensiýanyň düzgünleri we islendik öňki düzedişler hökmany bolmagynda galýar.

30-njy madda

1. Şu Konwensiýany düşündirmek ýa-da ulanmak bilen baglanyşykly gatnaşyjy döwletleriň ikisiniň ýa-da has köp sanlysynyň arasynda ýüze çykan, gepleşikler arkaly düzgünleşdirilip bilinmeýän islendik jedel olaryň biriniň haýyşy boýunça arbitražyň garamagyna berilýär. Eger arbitražyň garamagy hakyndaky haýyş berlen seneden başlap alty aýyň dowamynda taraplar arbitražy guramak hakyndaky mesele boýunça ylalaşyga gelmäge ukypsyz bolsa, islendik tarapyň haýyşy boýunça jedel Halkara Kazyýetiň Statutyna laýyklykda şol Kazyýete berlip bilner.

2. Her bir döwlet şu Konwensiýa gol çeken ýa ony tassyklan ýa-da oňa goşulan wagtynda özüni şu maddanyň 1-nji bendi bilen bagly däl hasap edýändigini mälim edip biler, beýleki gatnaşyjy döwletler şeýle şertlendirmäni öňe süren islendik döwlet babatda şu maddanyň 1-nji bendiniň düzgünleri bilen bagly bolmaz.

3. Şu maddanyň 2-nji bendine laýyklykda şertlendirmäni öňe süren islendik gatnaşyjy döwlet bu barada Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna habar edip, öz şertlendirmesini islendik wagtda aradan aýryp biler.

31-nji madda

1. Islendik gatnaşyjy döwlet Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna ýazmaça habarnama ibermek arkaly şu Konwensiýanyň güýjüni ýatyryp biler. Güýjüni ýatyrmak Baş sekretar habarnamany alanyňdan soň bir ýyldan güýje giryär.

2. Şeýle güýjüni ýatyrmak gatnaşyjy döwleti ol güýje girmänkä bolan islendik hereket ýa-da säwlik üçin şu Konwensiýa boýunça onuň borçnamalaryndan boşatmaýar we güýjüni ýatyrmak Komitet tarapyndan güýjüni ýatyrmak amaly güýje girmänkä eýýäm garalýan

islendik meselä garamagy dowam etmäge hiç bir derejede zyýan ýetirmeýär.

3. Güýjüni ýatyrmak haýsydyr bir gatnaşyjy döwlet üçin güýje giren seneden başlap Komitet şol döwlete degişli täze meselelere garamagy başlamaýar.

32-nji madda

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary aşakda görkezilen maglumatlary Birleşen Milletler Guramasynyň ähli agza döwletlerine we şu Konwensiýa gol çeken ýa-da oňa goşulan ähli döwletlere iberýär:

a) 25-nji we 26-njy maddalara laýyklykda gol çekmeler, tassyklamalar we goşulmalar hakynda;

b) şu Konwensiýanyň 27-nji maddasyna laýyklykda güýje girýän senesi we 29-njy maddasyna laýyklykda güýje girýän islendik şertlendirmeler hakynda;

ç) 31-nji madda laýyklykda güýjüni ýatyrmalar hakynda.

33-nji madda

1. Iňlis, arap, ispan, hytaý, rus we fransuz dillerindäki tekstleri birmeňzeş güýje eýe bolan şu Konwensiýa Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berilýär.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary şu Konwensiýanyň tassyklanylan nusgalaryny ähli döwletlere iberýär.

BILIM ULGAMYNDAKY HUKUK KEMSITMÄ GARŞY GÖREŞMEK HAKYNDA KONWENSIÝA

1960-njy ýylyň 14-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň Baş konferensiýasynyň on birinji mejlisinde kabul edildi

Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň Baş konferensiýasy Parižde ýygnanyşyp we 1960-njy ýylyň 14-15-nji dekabry aralygynda on birinji mejlisini geçiren,

Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň hukuk kemsitmeleriniň ýol berilmesizlik ýörelgesini tassyklaýanlygyny we her bir adamyň bilim almaga bolan hukugyny yglan edýänligini ýatladyp,

bilim ulgamyndaky kemsitmeleriniň bu jarnamadaky beýan edilen hukuklaryň bozulmasy bolup durýanlygyny göz öňünde tutup,

öz Düzgünnamasyna laýyklykda, Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň adam hukuklarynyň berjaý edilişini we hemmeler üçin bilimiň deň derejede elýeterliligini bilelikde üpjün etmek üçin, milletleriň arasynda hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyna çemeleşýändigini göz öňünde tutup,

şeýlelikde, aýry-aýry ýurtlarda kabul edilen bilim ulgamlarynyň dürlüliginden ugur alyp, Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy diňe bir bilim ulgamyndaky her dürli hukuk kemsitmeleri aradan aýyrman, eýsem bu ugurda ählumumy deň mümkinçilikleri we deň gatnaşyklary höweslendirilmegini ykrar edip,

bilim ulgamynda, ýagny mejlisiň gün tertibiniň 17.1.4 bendine girizilen mesele boýunça hukuk kemsitmeleriň dürli taraplaryna degişli teklipleri alyp,

bu meseläniň halkara konwensiýanyň mowzugy, şeýle-de agza ýurtlara maslahatlary bolup durýanlygy hakynda onunjy mejlisde kabul edilen çözgüdi göz öňünde tutmak bilen,

1960-njy ýylyň on dördünji dekabrynda bu Konwensiýany kabul edýär.

1-nji madda

1. Bu Konwensiýada «hukuk kemsitmesi» diýen aňlatma bilim ulgamyndaky gatnaşyklaryň deňligini ýok etmek ýa-da bozmak maksadyna ýa-da netijesine eýe bolan we rasasyna, teniniň reňkine, jynsyna, diline, dinine, syýasy ýa-da beýleki ynam-ygtykadyna, milli ýa-da sosial gelip çykyşyna, ykdysady ýagdaýyna ýa-da aslyna görä dürli tapawutlandyrmany, kadadan çykmany, çäklendirmäni ýa-da ileri tutmany, hususan-da aşakdaky ýagdaýlary öz içine alýar:

a) bilimiň islendik basgançagynyň ýa-da görnüşiniň elýeterliliginiň haýsydyr bir adam ýa-da adamlaryň topary üçin ýapyk bolmagy;

b) pes bilim derejesi bolan haýsydyr bir adam ýa-da adamlaryň topary üçin bilimiň çäklendirilmegi;

ç) bu Konwensiýanyň 2-nji maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlardan daşary, haýsydyr bir adam ýa-da adamlaryň topary üçin aýratyn bilim ulgamlaryny ýa-da okuw jaýlaryny döretmegi ýa-da saklamagy; ýa-da

d) haýsydyr bir adamyň ýa-da adamlaryň toparynyň adam mertebesi bilen sygyşmaýan düşen ýagdaýy.

2. Bu Konwensiýada «bilim» sözi bilimiň ähli görnüşlerine we basgançaklaryna degişlidir we bilimiň elýeterliligini, okuwyň derejesini we hilini, şeýle-de onuň alnyp barylýan şertlerini öz içine alýar.

2-nji madda

Aýry-aýry ýurtlarda olara ýol berilse-de, aşakdaky ýagdaýlar bu Konwensiýanyň 1-nji maddasynyň nukdaýnazaryndan hukuk kemsitmesi hökmünde garalmaýar:

a) bu ulgamlarda ýa-da okuw jaýlarynda bilimiň deň derejede elýeterliligi üpjün edilen, olaryň mugallymlar toparynyň birmeňzeş hünär derejesine eýe bolan, birmeňzeş hilli binalar we enjamlary bolan, birmeňzeş maksatnamalar boýunça okuw geçmäge

mümkinçilik döredilen ýagdaýynda, dürli jynsa degişli okuwçylar üçin aýry-aýry bilim ulgamlaryny ýa-da okuw jaýlaryny döretmek ýa-da saklamak;

b) bu ulgamlara kabul edilme ýa-da bu okuw jaýlaryna kabul edilme meýletin bolsa we olaryň berýän biliminiň, hususan-da, şol bir bilim derejesiniň ygtyýarly bilim edaralarynyň kesgitlän ýa-da tassyklan kadalaryna laýyk gelen ýagdaýynda, okuwçylaryň ene-atalarynyň ýa-da kanuny hossarlarynyň islegine görä din ýa-da dil aýratynlyklary bolan aýry-aýry bilim ulgamlaryny ýa-da okuw jaýlaryny döretmek ýa-da saklamak;

ç) maksady haýsydyr bir topary çetleşdirmek däl-de, eýsem diňe döwlet tarapyndan berilýän biliminiň üstüni ýetirmek we olaryň işiniň hakykatdan-da ýokarda görkezilen maksada we olaryň berýän bilimleriniň, hususan-da, şol bir bilim derejesiniň ygtyýarly bilim edaralarynyň kesgitlän ýa-da tassyklan kadalaryna laýyk gelen ýagdaýynda, hususy okuw jaýlaryny döretmek ýa-da saklamak.

3-nji madda

Bu Konwensiýada kesgitlenen hukuk kemsitmäni aradan aýyrmak ýa-da olaryň öňüni almak maksady bilen, bu Konwensiýanyň taraplary bolan döwletler aşakdakylary berjaý etmäge borçlanýarlar:

a) bilim ulgamynda hukuk kemsitmesi häsiýetine eýe bolan kanunçylyk namalaryny we administratiw kararlary ýatyrmak we dolandyryş işini bes etmek;

b) zerur bolsa, kanuny tertipde, okuwçylary okuw jaýlaryna kabul etmekde islendik hukuk kemsitmäni aradan aýyrmak üçin zerur çäreleri kabul etmek;

ç) olaryň üstünliklerine ýa-da zerurlyklaryna esaslanýan tapawutlandyrmalardan daşary, okuw üçin töleglerde, talyp haklaryny we okuwçylar üçin islendik beýleki kömekleri üpjün etmekde, şeýle-de daşary ýurtlarda okuwlaryny dowam etdirmek üçin zerur bolan rugsatnamalarda we ýeňilliklerde döwlet edaralarynyň okuwçylar – şol ýurduň raýatlary bilen baglanşykly hiç hili tapawutlandyrma ýol bermezlik;

d) okuw jaýlaryna döwlet edaralarynyň kömegiň ol ýa-da beýleki görnüşlerini üpjün edýän ýagdaýlarynda, okuwçylaryň diňe haýsydyr bir kesgitli topara degişliligine esaslanyp, ileri tutmalaryň ýa-da çäklendirmeleriň bolmagyna ýol bermezlik;

e) öz ýurtlarynda ýaşaýan daşary ýurtly raýatlara edil öz raýatlaryna elýeter edilýän bilimi üpjün etmek.

4-nji madda

Bu Konwensiýanyň taraplary bolan döwletler, ondan başga-da, bilim ulgamynda mümkinçilikleriň we gatnaşyklaryň deňligini we hususan-da, aşakdakylary üpjün etmek üçin degişli milli şertleri we usullary ulanýan umumy döwlet syýasatyny işläp düzmäge, kämilleşdirmäge we durmuşa geçirmäge borçlanýarlar:

a) başlangyç bilimi hökmany we tölegsiz etmek; onuň dürli görnüşlerinde orta bilimi ählumumy gazanylanlar hasaplamak we onuň elýeterliligini üpjün etmek; doly deňlik we her kimiň ukybyna baglylykda hemmeler üçin ýokary bilimi elýeter etmek; kanunda göz öňünde tutulan bilimiň hökmanylygynyň berjaý edilmegini üpjün etmek;

b) ähli deň basgançakly döwlet okuw jaýlarynda bilimiň birmeňzeş derejesiniň we okuwyň hili bilen baglanyşykly deň şertleri üpjün etmek;

ç) başlangyç bilim almadyk ýa-da ony tamamlamadyk adamlaryň ukyplaryna görä olaryň okuwlaryny dowam etmegini höweslendirmek we okatmagyň amatly usullary arkaly ösdürmek;

d) hukuklaryny kemsitmezden mugallymçylyk hünärine taýýarlamany üpjün etmek.

5-nji madda

1. Bu Konwensiýanyň taraplary bolan döwletler aşakdakylary hökmany hasaplaýarlar:

a) bilim adam şahsyýetiniň doly ösmegine, adamyň hukuklaryna we esasy azatlyklaryna has-da ýokary hormat goýulmagyna gönükdirilmelidir; ol ähli halklaryň, rasa we dini toparlaryň arasynda özara düşünişmäge, takatlylyga we dostluga,

şeýle-de parahatçylygy goldamak boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň alyp barýan işliniň ösmegine ýardam bermelidir;

b) ene-atalaryň, degişli ýagdaýlarda, kanuny hossarlaryň, birinjiden, her bir ýurduň kanunçylygynda kesgitlenen çäklerde döwlet okuw jaýlaryna däl-de, eýsem ygtyýarly bilim edaralary tarapyndan kesgitlenen we tassyklanan, iň az bildirilýän talaplara laýyk gelýän beýleki okuw jaýlaryna öz çagalaryny erkin ibermäge we ikinjiden, öz ynam-ygtykadyna laýyklykda, çagalarynyň dini we ahlak terbiýesini üpjün etmäge mümkinçiligi bolmalydyr;

hiç kim kimdir birine aýratynlykda we adamlaryň bir toparyna bilelikde olaryň ynam-ygtykady bilen sygyşmaýan dini terbiýäni dakmaly däldir;

ç) milli azlyklara degişli şahslar üçin aň-bilim ýaýratmak boýunça işlerini geçirmäge, şol sanda, mekdeplere ýolbaşçylyk etmäge we her bir döwletiň bilim ulgamyndaky syýasatyna laýyklykda, öz ene dilini ulanmaga we öwretmäge bolan hukuk ykrar edilmelidir, emma:

1) bu hukugyň berjaý edilmegi azlyklara degişli şahslara tutuş toparyň medeniýetine we diline düşünmäge we onuň işine gatnaşmaga päsgel bermeli däldir we ol ýurduň özygtyýarlylygyna zyýan ýetirmeli däldir;

2) şeýle görnüşli mekdeplerde bilimiň derejesi ygtyýarly edaralar tarapyndan kesgitlenen ýa-da tassyklanan umumy derejeden pes bolmaly däldir; we

3) şeýle görnüşli mekdebe gatnamak hökmany däldir.

2. Bu Konwensiýanyň taraplary bolan döwletler şu maddanyň 1-nji bendinde beýan edilen ýörelgeleriň ulanmagyny üpjün etmek üçin ähli zerur çäreleri görmäge borçlanýarlar.

6-njy madda

Bu Konwensiýa ulanylanda onuň taraplary bolan döwletler bilim ulgamynda hukuk kemsitmäniň dürli taraplaryna garşy göreşmek we bu ugurda mümkinçilikleriň we gatnaşyklaryň deňligini üpjün etmek boýunça çäreleri kesgitlemek maksady bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri

boýunça guramasynyň Baş konferensiýasynyň kabul edip biljek maslahatlaryny mümkin boldugyça has köp derejede göz öňünde tutmaga borçlanýarlar.

7-nji madda

Bu Konwensiýanyň taraplary bolan döwletler Konferensiýanyň kesgitlän möhletlerinde we görnüşinde Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň Baş konferensiýasyna tabşyrjak döwürleýin hasabatlarynda bu Konwensiýany durmuşa geçirmek üçin özleriniň kabul eden kanunçylyk, administratiw we beýleki çäreleri, hususanda, 4-nji maddada bellenilýän ählumumy döwlet syýasatyny işläp düzmek we ösdürmek, bu syýasaty durmuşa geçirmekde gazanylan netijeler we ýüze çykan päsgelçilikler hakynda habar bermelidirler.

8-nji madda

Bu Konwensiýanyň taraplary bolan iki ýa-da birnäçe döwletleriň arasynda onuň düşündirilişi ýa-da ulanylmagy bilen baglanyşykly düşünişmezlikler ýüze çykan ýagdaýynda we bu düşünişmezlikler gepleşikler arkaly çözülmedik halatynda, düşünişmezlikleri kadalaşdyrmagyň başga usullary tapylmasa, onda olar taraplaryň towakganamasy boýunça çözgüt kabul edilmegi üçin Halkara kazyýetine tabşyrylar.

9-njy madda

Bu Konwensiýa hiç hili bellik etmäge degişli däldir.

10-njy madda

Mazmunyna we ruhuna çapraz gelmedik ýagdaýynda, bu Konwensiýa iki ýa-da birnäçe döwletleriň arasynda baglaşylan ylalaşyklara laýyklykda, aýry-aýry şahslaryň ýa-da toparlaryň peýdalanyp biljek hukuklaryny çäklendirmeýär.

11-nji madda

Bu Konwensiýa iňlis, ispan, rus we fransuz dillerinde düzülendir we olaryň dördüsi hem deň hukuk güýjüne eýedir.

12-nji madda

1. Konstitutsiýalarynda göz öňünde tutulan tertipde, bu Konwensiýa Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasyna agza döwletler tarapyndan tassyklanmaga we kabul edilmäge degişlidir.

2. Tassyklaýyş hatlary ýa-da kabul etmek baradaky resminamalary saklamak üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň Baş müdirine tabşyrylýar.

13-nji madda

1. Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň agzasy bolmadyk we Ýerine ýetiriji geňeşden oňa goşulmak üçin çakylyk aljak islendik döwlet bu Konwensiýa goşulyp biler.

2. Goşulma goşulmak baradaky resminamany saklamak üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň Baş müdirine tabşyrylmagy arkaly amala aşyrylýar.

14-nji madda

Bu Konwensiýa üçünji tassyklaýyş haty ýa-da kabul etmek ýa-da goşulmak baradaky resminamanyň saklanmak üçin tabşyrylan senesinden üç aýdan soň güýjüne girýär, emma bu diňe tassyklamak, kabul etmek ýa-da goşulmak baradaky resminamalarynyň saklanmak üçin görkezilen günde ýa-da ondan ir tabşyran döwletlere degişlidir. Islendik beýleki döwlet üçin, Konwensiýa şol döwletiň tassyklamak, kabul etmek ýa-da goşulmak baradaky resminamasynyň saklanmak üçin tabşyrmagyndan üç aý geçenden soň güýjüne girýär.

15-nji madda

Bu Konwensiýanyň taraplary bolan döwletler onuň diňe bir öz ygtyýaryndaky ýerlerde däl-de, eýsem daşary gatnaşyklaryna jogapkärçilik çekýän ähli garaşly, golasty, bakna we beýleki ýerlerinde hem hereket edýänligini ykrar edýärler; Konwensiýanyň

şol ýerlerde durmuşa geçirilmegini, şeýle-de Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň Baş müdirine Konwensiýanyň durmuşa geçiriljek ýerleri hakynda habar bermek (notifisirlemek) üçin tassyklanýan, kabul edilýän ýa-da goşulýan pursadynda olar, zerur bolsa, hökümetler ýa-da görkezilen ýerlerdäki ygtyýarly häkimiýetler bilen maslahatlaşmaga borçlanýarlar. Bu notifisirleme alnandan üç aý geçenden soň güýje giryär.

16-njy madda

1. Bu Konwensiýanyň tarapy bolan her bir döwlet öz adyndan ýa-da onuň daşary gatnaşyklarynda jogapkärçilik çekýän islendik ýeriň adyndan ony ýatyryp biler.

2. Denonsasiýa ýazmaça nota arkaly habar berilýär we ol resminama Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň Baş müdirine tabşyrylýar.

3. Denonsasiýa bu baradaky resminamanyň alnandan on iki aý geçenden soň güýje giryär.

17-nji madda

Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň Baş müdiri Guramanyň agza ýurtlaryna, 13-nji maddada bellenilen Guramanyň agza däl ýurtlaryna, şeýle-de Birleşen Millet Guramasyna 12-nji we 13-nji maddalarda bellenilen tassyklamak, kabul etmek we goşulmak baradaky ähli resminamalar, şeýle-de 15-nji we 16-njy maddalarda görkezilen notifisirlemeler we denonsasiýalar hakynda habar berýär.

18-nji madda

1. Bu Konwensiýa Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň Baş konferensiýasy tarapyndan gaýtadan seredilip bilner. Muňa garamazdan, onuň gaýtadan seredilen teksti diňe gaýtadan seredilen Konwensiýanyň taraplary boljak döwletleri borçlandyrar.

2. Bu Konwensiýanyň doly ýa-da bölekleýin gaýtadan seredilmegi netijesinde, Baş konferensiýa täze Konwensiýany kabul etse we täze Konwensiýada başga görkezmeler bolmasa, onda bu Konwensiýa gaýtadan seredilen teksti özünde jemleýän täze Konwensiýanyň güýje giren gününden tassyklamak, kabul etmek we goşulmak üçin ýapylar.

19-njy madda

Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünnamasynyň 102-nji maddasyna laýyklykda, bu Konwensiýa Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň Baş müdiriniň towakganamasy boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Sekretariatynda bellige alnar.

1960-njy ýylyň on bäşinji dekabrynda Parižde iki asyl nusgada on birinji mejlise gatnaşmak üçin ýygnanan Baş konferensiýanyň başlyklarynyň we Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň Baş müdiriniň gollary bilen tassyklandy we düzüldi; bu nusgalar saklamak üçin Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň arhiwine tabşyrylar we olaryň degişli usulda taýýarlanan we tassyklanan nusgalary 12-nji we 13-nji maddalarda görkezilen ähli döwletlere, şeýle-de Birleşen Milletler Guramasyna iberiler.

Ýokarda getirilen tekst Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň Baş konferensiýasynyň Parižde geçen we on bäşinji dekabrda tamamlanan on birinji mejlisinde degişli görnüşde kabul eden Konwensiýasynyň asyl nusgadaky tekstidir.

Konwensiýany tassyklamak üçin oňa 1960-njy ýylyň on bäşinji dekabrynda gol çekildi.

ÇAGANYŇ HUKUKLARY HAKYNDA KONWENSIÝA

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1989-njy ýylyň 20-nji noýabryndaky 44/25 rezolýusiýasy bilen kabul edildi 1990-njy ýylyň 2-nji sentýabrynda güýje girdi

Giriş

Şu Konwensiýanyň gatnaşyjy döwletleri,

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynda jar edilen ýörelgelere laýyklykda, jemgyýetiň ähli agzalaryna mahsus mertebäniň, deň we aýrylmaz hukuklaryň ykrar edilmegi Ýer ýüzünde azatlygy, adalatlylygy we parahatlygy üpjün etmegiň esasy bolup durýar diýip hasap edip,

Birleşen Milletleriň Tertipnamada adamyň esasy hukuklaryna, ynsan şahsyýetiniň mertebesine we gymmatlygyna öz ynamyny tassyklandygyny hem-de azatlygyň has köp bolmagynda jemgyýetçilik ilerlemegine we durmuş şertleriniň gowulanmagyna ýardam etmäge hyjuwdan doludygyny nazara alyp,

Birleşen Milletler Guramasynyň Adamyň hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda we Adam hukuklary hakynda halkara paktlarynda her bir adamyň olarda görkezilen hukuklaryň we azatlyklaryň ählisine rasa, teniniň reňki, jynsy, dili, dini, syýasy ýa-da beýleki ynam-ygtykady, milleti ýa durmuş gelip çykyşyna, emläk ýagdaýy, dogulmagy we beýleki ýagdaýlar ýaly alamatlar boýunça hiç hili tapawutlandyrmasyz eýe bolmalydygyny jar edendigini we munuň bilen ylalaşýandygyny ykrar edip,

Birleşen Milletler Guramasynyň Adamyň hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda çagalaryň aýratyn alada we kömege hukugynyň bardygyny jar edendigini ýatladyp,

maşgalanyň jemgyýetiň esasy öýjügi we onuň agzalarynyň we aýratyn-da çagalaryň ösmegi we abadançylygy üçin tebigy gurşaw bolandygy sebäpli oňa jemgyýetiň çäklerindäki borçlaryny öz üstüne doly alyp bilmegi üçin zerur goragyň we ýardamyň berilmelidigine ynanyp,

Birleşen Milletler Guramasynyň Adamyň hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda çagalaryň aýratyn alada we kömege hukugynyň bardygyny jar edendigini ýatladyp, maşgalanyň jemgyýetiň esasy öýjügi we onuň agzalarynyň we aýratyn-da çagalaryň ösmegi we abadançylygy üçin tebigy gurşaw bolandygy sebäpli oňa jemgyýetiň çäklerindäki borçlaryny öz üstüne doly alyp bilmegi üçin zerur goragyň we ýardamyň berilmelidigine ynanyp,

çaganyň şahsyýetiniň doly we sazlaşykly ösmegi üçin maşgala gurşawynda, bagtyýarlyk, söýgi we düşünişmek ýagdaýynda ösmeginiň zerurdygyny ykrar edip,

çaga jemgyýetde özbaşdak ýaşamaga doly taýýarlanylmaly hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynda jar edilen arzylanan pikirleriň ruhunda we aýratyn-da parahatlygyň, mertebäniň, geçirimliligiň, azatlygyň, deňligiň we raýdaşlygyň ruhunda terbiýelenmeli diýip hasap edip,

çaga şeýle aýratyn goragyň zerurdygynyň 1924-nji ýyldaky Çaganyň hukuklarynyň Ženewa jarnamasynda[3] we Baş Assambleýa tarapyndan 1959-njy ýylyň 20-nji noýabrynda kabul eden Çaganyň hukuklarynyň jarnamasynda göz öňünde tutulandygyny we Adamyň hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda, Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara paktynda (hususan-da, 23-nji we 24-nji maddalarda), Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakyndaky halkara paktynda (hususan-da, 10-njy maddada), şeýle hem çagalaryň abadançylygy bilen meşgullanýan ýöriteleşdirilen edaralaryň we halkara guramalarynyň tertipnamalarynda we degişli resminamalarynda ykrar edilendigini nazara alyp,

Çaganyň hukuklarynyň jarnamasynda "çaganyň beden we akyl taýdan kämil däldigi sebäpli ýörite goraga we alada, şol sanda doglanyndan öň bolşy ýaly, doglanyndan soň hem degişli hukuk goragyna mätäçdiginiň"[4] görkezilendigini nazara alyp,

Durmuş we hukuk ýörelgeleri hakyndaky jarnamanyň çagalaryň goralmagyna we abadançylygyna, aýratyn-da çagalar terbiýelenmäge berlen we olar ogullyga alnan mahaly olaryň milli we halkara derejelerinde goralmagyna we abadançylygyna degişli ýörelgelerine, Birleşen Milletler Guramasynyň Kämillik ýaşyna

ýetmedikler babatda adyl kazyýetligi amala aşyrmaga degişli bolan iň pes ulanylmaly standart kadalara ("Pekin kadalar") hem-de Adatdan daşary ýagdaýlarda we ýaragly dawalar döwründe aýallary we çagalary goramak hakyndaky jarnama salgylanyp,

Dünýäniň ähli ýurtlarynda iňňän kyn şertlerde ýaşaýan çagalaryň bardygyny we şol çagalaryň aýratyn ünse mätäçdigini ykrar edip,

Çaganyň goralmagy we sazlaşykly ösmegi üçin her bir halkyň däplerinin we medeni gymmatlyklarynyň möhümdigini geregiçe nazara alyp,

her bir ýurtda, hususan-da, ösüş ýoluna düşen ýurtlarda çagalaryň durmuş şertlerini gowulandyrmak üçin halkara hyzmatdaşlygynyň möhümdigini ykrar edip,

şular barada ylalaşdylar:

I BÖLEK

1-nji madda

Şu Konwensiýanyň maksatlary üçin çaga diýlende, eger özi barada ulanylýan kanun boýunça ol kämillik ýaşyna has ir ýetmeýän bolsa, 18 ýaşy dolmadyk her bir ynsan bolup durýar.

2-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler öz hukuk ygtyýarlarynyň çäklerindäki her bir çaganyň şu Konwensiýada göz öňünde tutulan ähli hukuklaryny rasa, teniniň reňki, jynsy, dili, dini, syýasy ýa beýleki ynam-ygtykatlary, milleti, etniki, durmuş gelip çykyşy, emläk ýagdaýy, saglyk ýagdaýy we dogulmagy, ata-enesiniň ýa-da kanuny hossarlarynyň kimdigi ýa bolmasa haýsydyr başga bir ýagdaýlar boýunça haýsydyr bir kemsitmesiz hormatlaýar we üpjün edýär.

2. Gatnaşyjy döwletler çagany onuň, çaganyň ata-enesiniň, kanuny hossarlarynyň ýa-da maşgalanyň beýleki agzalarynyň hukuk ýagdaýy, işi, beýan edýän garaýyşlary ýa-da ynam-ygtykatlary esasynda kemsitmegiň, temmi bermegiň ähli görnüşlerinden goramagy üpjün etmek üçin zerur bolan ähli çäreleri görýär.

3-nji madda

1. Çagalar baradaky hereketleriň durmuş üpjünçiliginiň meseleleri bilen meşgullanýan döwlet ýa-da hususy edaralar, kazyýetler, dolandyryş ýa-da kanunçykaryjy edaralar tarapyndan amala aşyrylýandygyna garamazdan, olaryň ählisinde çaganyň bähbitleriniň iň oňat üpjün edilmegine ilkinji nobatda üns berilýär.

2. Gatnaşyjy döwletler çaganyň ata-enesiniň, hossarlarynyň we kanun boýunça onuň üçin jogapkärçilik çekýän beýleki adamlaryň hukuklaryny we borçlaryny nazara almak bilen, çaga onuň abadançylygy üçin zerur bolan goragy we aladany üpjün etmäge borçlanýar we şu maksat bilen ähli degişli kanunçylyk we dolandyryş çärelerini görýär.

3. Gatnaşyjy döwletler çagalar hakynda alada etmek we olary goramak üçin jogapkär bolan guramalaryň, gulluklaryň we edaralaryň ygtyýarly edara tarapyndan, hususan-da, howpsuzlyk we saglygy goraýyş babatda hem-de olaryň işgärleriniň sany we işe ýaramlylygy, şeýle hem ygtyýarly gözegçilik babatda bellenilen kadalara gabat gelmegini üpjün etmeli.

4-nji madda

Gatnaşyjy döwletler şu Konwensiýada ykrar edilen hukuklaryň amala aşyrylmagy üçin zerur bolan ähli kanunçylyk, dolandyryş we beýleki çäreleri görýär. Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar babatda gatnaşyjy döwletler şeýle çäreleri özlerinde bar bolan serişdeleriň çäklerinde mümkingadar görnüşde we zerur halatda halkara hyzmatdaşlygynyň çäklerinde görýär.

5-nji madda

Gatnaşyjy döwletler ata-enäniň, degişli halatlarda ýerli däpler bilen göz öňünde tutulan görnüşde giňeldilen maşgalanyň ýa-da jemagatyň, hossarlaryň, ýa-da çaga üçin kanun boýunça jogapkärçilik çekýän beýleki adamlaryň çaganyň şu Konwensiýada ykrar edilen öz hukuklaryny amala aşyrmagyny degişli suratda dolandyrmak we oňa ýolbaşçylyk etmek hem-de muny çaganyň ösýän ukyplaryna laýyklykda etmek baradaky jogapkärçiligini, hukuklaryny we borçlaryny hormatlaýar.

6-njy madda

1. Gatnaşyjy döwletler her bir çaganyň ýaşamak üçin aýrylmaz hukugynyň bardygyny ykrar edýär.

2. Gatnaşyjy döwletler çaganyň diri galmagyny we sagdyn ösmegini mümkin bolan iň ýokary derejede üpjün edýär.

7-nji madda

1. Çaga doglandan soň dessine bellige alynýar we onuň doglan pursadyndan başlap adynyň we raýatlygynyň bolmagyna hukugy, şeýle hem bu mümkin bolan derejede öz ata-enesini bilmäge hukugy we olaryň alada etmegine hukugy bar.

2. Gatnaşyjy döwletler şu hukuklaryň öz milli kanunlaryna laýyklykda amala aşyrylmagyny we şu ugurdaky degişli halkara resminamalaryna laýyklykda öz borçnamalarynyň, hususan-da, başgaça bolanda çaganyň raýatlygy bolmadyk halatda ýerine ýetirilmegini üpjün edýär.

8-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler çaganyň öz indiwiduallygyny, şol sanda raýatlygyny, adyny, maşgala gatnaşyklaryny kanunda göz öňünde tutulyşy ýaly saklap galmak hukugyny hormatlamaga, bikanun gatyşma ýol bermezlige borçlanýar.

2. Eger çaga öz indiwiduallygynyň düzümleriniň bir böleginden ýa-da ählisinden mahrum bolsa, gatnaşyjy döwletler oňa öz indiwiduallygyny tizden-tiz dikeltmek üçin zerur kömegi we goragy üpjün edýär.

9-njy madda

1. Gatnaşyjy döwletler çaganyň öz ata-enelerinden olaryň islegine garşy aýra düşmezligini üpjün edýär, ygtyýarly edaralaryň kazyýet çözgüdine laýyklykda ulanarlykly kanuna we amallara laýyklykda şeýle aýra düşmegiň çaganyň has oňat bähbitleri üçin zerurdygyny kesgitlän halatlary muňa girmeýär. Şeýle kesgitleme ol ýa-da beýleki anyk halatda, mysal üçin, ata-ene çaga rehimsiz çemeleşende ýa-da ol barada alada etmände ýa bolmasa ata-ene aýry

ýaşanda we çaganyň ýaşajak ýeri barada çözgüt kabul etmek zerur bolanda gerek bolup biler.

2. Şu maddanyň 1-nji bendine laýyklykda islendik seljermäniň barşynda ähli dahylly taraplara seljermä gatnaşmaga we öz nukdaý nazaryny beýan etmäge mümkinçilik berilýär.

3. Gatnaşyjy döwletler ata-enesiniň birinden ýa-da ikisinden-de aýra düşýän çaganyň ata-enäniň ikisi bilen-de şahsy gatnaşyklary we göni duşuşyklary yzygiderli esasda saklamak hukugyny hormatlaýar, munuň şeýle edilmegi çaganyň iň oňat bähbitlerine laýyk gelmeýän halatlar muňa girmeýär.

4. Şeýle aýra düşmek gatnaşyjy döwlet tarapyndan kabul edilen haýsydyr bir çözgütden gelip çykýan halatlarda, mysal, üçin ata-enäniň biri ýa-da ikisi-de ýa çaga tussag edilende, türmä salnanda, ýurtdan iberilende, ýurtdan göçürilende ýa-da ölen (şol sanda şol adam döwletiň garamagynda bolan wagtda ýüze çykan ölüm) mahaly ýüze çykan halatlarda şeýle gatnaşyjy döwlet ata-enä, çaga ýa-da zerur bolsa, maşgalanyň başga bir agzasyna olaryň haýyşy boýunça arada ýok maşgala agzasynyň agzalarynyň bolýan ýeri hakyndaky zerur maglumatyň berilmegi çaganyň abadançylygyna zyýan ýetirmeýän bolsa, şol maglumaty berýär. Gatnaşyjy döwlet soňra şeýle haýyş bilen ýüz tutmagyň özüniň degişli adam/adamlar üçin zyýanly amatsyz netijelere eltmezligini üpjün edýär.

10-njy madda

1. Gatnaşyjy döwletiň 9-njy maddanyň 1-nji bendine laýyk borçnamasyna görä, çaganyň ýa-da onuň ata-enesiniň maşgalanyň birleşmek maksady bilen gatnaşyjy döwlete gelmegi ýa ondan gitmegi hakyndaky arza gatnaşyjy döwletler onyň, ynsanperwerlikli we dessin garamaly. Gatnaşyjy döwletler soňra şeýle haýyşyň edilmeginiň arza berijiler we olaryň maşgala agzalary üçin amatsyz ýagdaýlara eltmezligini üpjün edýär.

2. Ata-enesi dürli döwletlerde ýaşaýan çaganyň aýratyn ýagdaýlardan başga halatlarda ata-enäniň ikisi bilen-de şahsy gatnaşyklary saklamaga we göni gatnaşykda bolmaga hukugy bar. Şu maksat bilen we gatnaşyjy döwletleriň 9-njy maddanyň 1-nji bendi

boýunça borçnamalaryna laýyklykda, gatnaşyjy döwletler çaganyň we onuň ata-enesiniň islendik ýurdy, şol sanda öz ýurdundan gitmek we öz ýurduna gaýdyp barmak hukugyny hormatlaýar. Islendik ýurtdan gitmek hukugy babatda diňe döwlet howpsuzlygyny, jemgyýetçilik tertibini (ordre public), ilatyň saglygyny ýa-da ahlagyny ýa bolmasa beýleki adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin zerur bolan hem-de şu Konwensiýada ykrar edilen beýleki hukuklara laýyk gelýän çäklendirmeler hereket edýär.

11-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler çagalaryň serhediň aňyrsyna bikanun geçirilmegine we şol ýerden getirilmezligine garşy göreşmek üçin çäreleri görýär.

2. Şu maksat bilen, gatnaşyjy döwletler ikitaparlaýyn ýa-da köptaraplaýyn ylalaşyklaryň baglaşylmagyna ýa-da ulanylýan ylalaşyklara goşulmaga ýardam edýär.

12-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler öz garaýyşlaryny kesgitlemäge ukyply bolan çaga şol garaýyşlary çaga degişli meseleleriň ählisi boýunça erkin beýan etmek hukugyny üpjün edýär, özi-de çaganyň garaýyşlaryna çaganyň ýaşyna we kämilligine görä degişli üns berilýär.

2.Şu maksat bilen, çaga, hususan-da, özüne degişli bolan islendik kazyýet ýa-da administratiw seljermesiniň barşynda pikiriniň ýa-ha gönüden ýa-da wekiliň ýa bolmasa degişli edaranyň üsti bilen milli kanunlaryň iş ýörediş kadalaryna laýyk tertipde diňlenilmegine mümkinçilik berilýär.

13-nji madda

1. Çaganyň öz pikirini erkin beýan etmäge hukugy bar; bu hukuk islendik görnüşdäki maglumaty we pikiri serhetlere garamazdan, dilden, ýazmaça ýa çap edilen görnüşde, sungat eserleri görnüşde ýa-da çaganyň seçip almagy boýunça beýleki serişdeleriň

kömegi bilen gözlemek, almak we bermek azatlygyny öz içine alýar.

2. Şu hukugyň amala aşyrylmagy käbir çäklendirmelere sezewar edilip bilner, emma şol çäklendirmeler diňe kanunda göz öňünde tutulan we aşakdaky maksatlar üçin zerur bolan çäklendirmeler bolup biler:

a) beýleki adamlaryň hukuklaryny we mertebesini hormatlamak üçin; ýa-da

b) döwlet howpsuzlygyny ýa-da jemgyýetçilik tertibini (ordre public) ýa bolmasa ilatyň saglygyny ýa ahlagyny goramak üçin.

14-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler çaganyň pikiriň, wyždanyň we diniň azatlygy üçin hukugyny hormatlaýar.

2. Gatnaşyjy döwletler ata-enäniň we degişli halatlarda kanuny hossarlarynyň çaganyň öz hukuklaryny amala aşyrmagynda oňa çaganyň ösýän ukyplaryna laýyk gelýän usullar bilen ýolbaşçylyk etmek hukugyny we borçlaryny hormatlaýar.

3. Öz diniňe ýa mezhebine uýmak azatlygy babatda diňe kanun bilen bellenilen hem-de döwletiň howpsuzlygyny, jemgyýetçilik tertibini, ilatyň ahlagyny we saglygyny goramaga ýa-da beýleki adamlaryň esasy hukuklaryny we azatlyklaryny goramaga zerur bolan çäklendirmeler ulanylyp bilner.

15-nji madda

1.Gatnaşyjy döwletler çaganyň birleşmek azatlygy we parahat ýygnaklar azatlygy üçin hukugyny ykrar edýär.

2.Şu hukugy amala aşyrmak babatda kanuna laýyklykda ulanylýan we demokratik jemgyýetde döwletiň howpsuzlygyny, jemgyýetçilik tertibini, ilatyň saglygyny we ahlagyny goramak ýa-da beýleki adamlaryň esasy hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin zerur bolan çäklendirmelerden başga haýsydyr bir çäklendirmeler ulanylyp bilinmez.

16-njy madda

1. Hiç bir çaganyň özüniň şahsy durmuş, maşgala durmuşy, ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligi ýa hat-habarlaryň gizlinligi üçin

hukugynyň amala aşyrylmagyna idinsiz ýa-da bikanun gatyşylmaly däl ýa bolmasa onuň abraýyna we mertebesine bikanun hyýanat edilmeli däl.

2. Çaganyň şeýle gatyşmakdan ýa-da hyýanat edilmeginden kanunyň goramagyna hukugy bar.

17-nji madda

Gatnaşyjy döwletler köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň möhüm täsirine düşünýär we dürli milli we halkara çeşmelerinden maglumatlaryň, aýratyn-da çaganyň jemgyýetçilik, ruhy we ahlak abadançylygyna, şeýle hem beden we akyl-huş taýdan sagdyn bolmagyna ýardam etmäge gönükdirilen maglumatlaryň çaga elýeter bolmagyny üpjün edýär. Şu maksat bilen, gatnaşyjy döwletler:

a) köpçülikleýin habar beriş serişdelerini çaga üçin jemgyýetçilik we medeni taýdan peýdaly bolan we 29-njy maddanyň äheňine laýyk gelýän maglumatlary we habarlary ýaýratmaga höweslendirýär;

b) dürli medeni, milli we halkara çeşmelerinden şeýle maglumatlary we habarlary taýýarlamak, alyşmak we ýaýratmak babatda halkara hyzmatdaşlygyny höweslendirýär;

ç) çagalar üçin edebiýatyň çykarylmagyny we ýaýradylmagyny höweslendirýär;

d) haýsydyr bir azlyk toparyna ýa-da ýerli ilata degişli bolan çaganyň dil hajatlaryna aýratyn üns bermäge köpçülikleýin habar beriş serişdelerini höweslendirýär;

e)13-nji we 18-nji maddalaryň düzgünlerini nazara almak bilen, çagany höweslendirýär;

ä) çagalar üçin edebiýatyň çykarylmagyny we ýaýradylmagyny höweslendirýär;

f) haýsydyr bir azlyk toparyna ýa-da ýerli ilata degişli bolan çaganyň dil hajatlaryna aýratyn üns bermäge köpçülikleýin habar beriş serişdelerini höweslendirýär;

g) 13-nji we 18-nji maddalaryň düzgünlerini nazara almak bilen, çagany onuň abadançylygyna zyýan ýetirýän maglumatlardan we habarlardan goramagyň degişli ýörelgeleriniň işlenilip taýýarlanylmagyny höweslendirýär.

18-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler çaganyň terbiýelenmegi we ösmegi üçin ata-enäniň ikisini-de umumy we deň jogapkärçilik çekmegi hakyndaky ýörelgäniň ykrar edilmegini üpjün etmek üçin elinden gelen tagallalary eder. Ata-ene ýa-da degişli halatlarda kanuny hossarlar çaganyň terbiýelenmegi we ösmegi üçin esasy jogapkärçilik çekýär. Çaganyň has oňat bähbitleri olaryň esasy alada edýän zadydyr.

2. Şu Konwensiýada beýan edilen hukuklaryň amala aşyrylmagyny kepillendirmek we oňa ýardam etmek maksady bilen, gatnaşyjy döwletler ata-enä we kanuny hossarlara çagany terbiýelemek boýunça öz borçlaryny olaryň ýerine ýetirmeginde olara degişli kömek berýär we çagalar edaralarynyň ulgamynyň ösmegini üpjün edýär.

3. Gatnaşyjy döwletler ata-enesi işleýan çagalaryň özleri üçin niýetlenilen çagalara seredýän gulluklardan we edaralaryň hyzmatlaryndan peýdalanmaga hukugynyň bolmagyny üpjün etmek üçin ähli zerur çäreleri görýär.

19-njy madda

1. Gatnaşyjy döwletler çagany ata-enäniň, kanuny hossarlarynyň ýa-da çaga hakyndaky alada edýän islendik beýleki adamyň beden ýa-da akyl-huş zorluk etmeginden, masgara-lamagyndan, hyýanatly peýdalanmagyndan, alada etmezliginden ýa-da aýawsyz çemeleşmeginden, gödek çemeleşmeginden ýa-da gazanç üçin, şol sanda zyna işlerinde peýdalanmagyň ähli görnüşleri üçin ulanmagyndan goramak maksady bilen, zerur bolan ähli kanunçylyk, administratiw, durmuş we aň-bilim çärelerini görýär.

2. Şeýle gorag çäreleri zerur bolan halatlarda çagalara we olar hakynda alada edýän adamlara zerur goldawy bermek üçin durmuş maksatnamalaryny işläp taýýarlamak üçin, şeýle hem çaga rehimsiz çemeleşmegiň ýokarda görkezilen halatlary bilen baglanyşykly öňüni almagyň we ýüze çykarmagyň, habar bermegiň, garamaga bermegiň, bejermegiň we soňraky çäreleri görmegiň beýleki görnüşlerini amala aşyrmak, şeýle hem zerur halatlarda kazyýet önümçiligini gozgamak üçin netijeleri çäreleri-de öz içine alar.

20-nji madda

1. Öz maşgalasyndan wagtlaýyn ýa-da hemişelik mahrum edilen ýa-da özüniň iň oňat bähbitleri üçin maşgalada bolmagyny dowam edip bilmeýän çaganyň döwlet tarapyndan berilýän aýratyn goraga we kömege hukugy bar.

2. Gatnaşyjy döwletler şeýle çaga seredilmgiň çalyşmagyny öz milli kanunlaryna laýyklykda üpjün edýär.

3. Şeýle seredilme, hususan-da, yslam hukugy boýunça "kafala" maşgala usulynda terbiýelenmäge bermegi, perzentlige alynmagy, zerur halatlarda çagalara seredýän degişli edara ýerleşdirmegi öz içine alyp biler. Çalyşmagyň görnüşlerine garalanda çagany terbiýelemegiň yzygiderliligi we onuň etniki gelip çykyşynyň, haýsy dine we medeniýete degişlidiginiň we ene diliniň geregiçe nazara alynmagy zerur.

2l-nji madda

Perzentlige almagyň bar bolan ulgamyny ykrar edýän ýa-da oňa ygtyýar berýän gatnaşyjy döwletler çagalaryň bähbitleriniň has oňat derejede ilkinji nobatda nazara alynmagyny üpjün edýär we olar:

a) çaganyň perzentlige alynmagyna diňe ygtyýarly edilen häkimiýetleriň rugsat bermegini üpjün edýär, şol edaralar perzentlige almagyň çaganyň öz ata-enesi, garyndaşlary we kanuny hossarlary baradaky hukuk ýagdaýy sebäpli ýol bererliklidigini we talap edilen halatda dahylly adamlaryň perzentlige alynmagyna zerur bolup biljek geňeşdarlyk esasynda oýlanyşykly razylygy berendigini ulanylýan kanunlara we önümçilige laýyklykda hem-de işe degişli bolan ähtibarly ähli maglumatlar esasynda kesgitleýär;

b) eger çaga ony terbiýelemegi ýa-da perzentlige almagy üpjün edip biljek maşgala terbiýelenmäge berlip ýa-da maşgala ýerleşdirilip bilinmese we çaganyň asylky ýurdunda oňa haýsydyr bir amatly seredilmegiň üpjün edilmegi mümkin bolsa, çaganyň beýleki ýurtda perzentlige alynmagyna çaga seretmegiň ulanarlykly usuly hökmünde garalyp boljakdygyny ykrar edýär;

ç) çaga beýleki ýurtda perzentlige alnan halatda ýurduň içinde perzentlige alnan halatda ulanylýanlar ýaly kepillendirmeleriň we kadalaryň ulanylmagyny üpjün edýär;

d) beýleki ýurtda perzentlige alnan halatda çaganyň ýerleşdirilmegi bilen baglanyşykly adamlar tarapyndan esassyz maliýe peýdanyň alynmagyna getirmezligini üpjün etmek maksady bilen ähli zerur çäreleri görýär;

e) zerur bolan halatlarda şu maddanyň maksadynyň ýetilmegine ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn şertnamalaryň ýa ylalaşyklaryň baglaşylmagy arkaly ýardam edýär hem-de şu esasda çaganyň beýleki ýurtda ýerleşdirilmegini ygtyýarly häkimiýetleriň ýa-da edaralaryň amala aşyrmagyny üpjün etmäge çalyşýar.

22-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler bosgunyň hukuk ýagdaýyny almak isleýän ýa-da ulanarlykly halkara ýa-da içerki hukuga we önümçilige laýyklykda bosgun hasap edilýän, munda ata-enesi ýa islendik beýleki adam ýanynda bolan ýa-da bolmadyk çaga şu Konwensiýada we görkezilen döwletler gatnaşyjylary bolan adamyň hukuklary baradaky beýleki halkara resminamalarynda beýan edilen ulanarlykly hukuklary peýdalanmakda degişli goragy we ynsanperwerlik kömegini üpjün etmek üçin zerur çäreleri görýär.

2. Şu maksat bilen, gatnaşyjy döwletler muny zerur hasap eden mahaly Birleşen Milletler Guramasynyň we şeýle çagany goramakda we ona kömek bermekde hem-de islendik bosgun çaganyň ata-enesini ýa beýleki maşgala agzalaryny çaganyň maşgalasy bilen birleşmegi üçin zerur bolan maglumatlary almak üçin tapmakda Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlyk edýän beýleki ygtyýarly halkara guramalarynyň ýa-da hökümet däl guramalarynyň islendik tagallalaryna ýardam berýär. Ata-enesi ýa-da beýleki maşgala agzalary tapylyp bilinmeýän halatlarda şol çaga haýsydyr bir sebäp boýunça öz maşgalasyndan hemişelik ýa wagtlaýyn aýra düşende islendik başga çaga şu Konwensiýa laýyklykda berilýän gorag berilýär.

23-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler akyl ýa-da beden taýdan kemis bolan çaganyň onuň mertebesini üpjün edýän, onuň özüne ynanmagyna

ýardam edýän we onuň jemgyýetiň durmuşyna işjeň gatnaşmagyny aňsatlaşdyrýan şertlerde doly manyly we mynasyp durmuşda ýaşamalydygyny ykrar edýär.

2. Gatnaşyjy döwletler kemis çaganyň aýratyn alada edilmegine hukugyny ykrar edýär hem-de serişdeler bolan şertlerde muňa hukugy bolan çaga we ol hakynda alada etmek üçin jogapkärlere haýyş edilen hem-de çaganyň durkuna hem-de onuň ata-enesiniň ýa çaga hakynda aladany üpjün edýän beýleki adamlaryň ýagdaýyna laýyk bolan kömegiň berilmegini höweslendirýär we ony üpjün edýär.

3. Kemis çaganyň aýratyn hajatlaryny ykrar etmek bilen, şu maddanyň 2-nji bendine laýyklykda kömek ata-enäniň ýa çaga hakyndaky aladany üpjün edýän beýleki adamlaryň maliýe serişdelerini nazara almak bilen, mümkin boldugyça mugt berilýär hem-de kemis çaga bilim, hünär taýýarlygy, saglygy goraýyş kömegi, saglygyny dikeltmek, zähmet işine taýýarlanmak babatdaky hyzmatlaryň netijeli elýeter bolmagyny hem-de dynç alyş serişdeleriniň çaganyň jemgyýetçilik durmuşyna mümkin boldugyça has doly çekilmegine we onuň şahsyýetiniň ösmegine, şol sanda çaganyň medeni we ruhy taýdan ösmegine ýardam berýän görnüşde elýeter bolmagy maksady bilen amala aşyrylýar.

4.Gatnaşyjy döwletler kemis çagalaryň kesellerinin öňüni almak, akyl-huş we herekete ukyplylyk babatda bejerilmegi boýunça degişli maglumatlaryň, şol sanda dikeltmegiň, umumy bilim bermek we hünär taýýarlygy babatdaky maglumatlaryň gatnaşyjy döwletlere şu ugurdaky öz mümkinçiliklerini we bilimlerini gowulandyrmaga we tejribesini giňeltmäge mümkinçilik bermek maksady bilen alşylmagyna halkara hyzmatdaşlygy ruhunda ýardam berýär. Munuň bilen baglanyşykly, ösüş ýoluna düşen ýurtlaryň zerurlyklaryna aýratyn üns berilmeli.

24-nji madda

1.Gatnaşyjy döwletler çaganyň saglygy goraýyş ulgamynyň has kämil hyzmatlaryndan we keselleri bejermegiň hem-de saglygy dikeltmegiň şonuň ýaly serişdelerinden peýdalanmak hukugyny ykrar

edýär. Gatnaşyjy döwletler hiç bir çaganyň saglygy goraýyş ulgamynyň şonuň ýaly hyzmatlarynyň elýeter bolmagy baradaky öz hukugyndan mahrum bolmazlygyny üpjün etmäge çalyşýar.

2.Gatnaşyjy döwletler şu hukugyň doly amala aşyrylmagyny gazanýar we hususan-da, şular üçin zerur çäreleri görýär:

a) bäbekleriň ölmeginiň we çagalaryň ölmeginiň derejelerini peseltmek;

b) ähli çagalara zerur saglygy goraýyş kömeginiň berilmegini we olaryň saglygynyň goralmagyny üpjün etmek, şunda ilkinji saglygy goraýyş-arassaçylyk kömeginiň kämilleşmegine ilkinji nobatda üns bermek;

ç) kesellere we doýa garna iýmezlige garşy, şol sanda ilkinji saglygy goraýyş-arassaçylyk kömegini bermegiň çäklerinde, şol sanda aňsat elýeter tehnologiýalary ulanmak we ýeterlik derejede ýokumly iýmit we arassa agyz suwy bermek arkaly, şunda daş-töweregiň hapalanmagynyň howp we töwekgelçilik döredýändigini nazara almak;

d) enelere çaga dogurmakdan öňki we soňky döwürlerde saglygy goramak boýunça degişli hyzmatlary üpjün etmek;

e) jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň, hususan-da, ata-eneleriň we çagalaryň çagalaryň saglygy we iýmiti, ene süýdi bilen iýmitlendirilmegiň artykmaçlygy, beden tämizligi, çaganyň daş-töwereginiň arassaçylygy we betbagtçylyk hadysalarynyň öňüni almak hakynda habarly bolmagy, şeýle hem bilimiň olara elýeter bolmagy we şeýle bilimleri peýdalanmakda olara kömek bermek;

ä) aň-bilim işini hem-de keseliň öňüni alyjy saglygy goraýşy we maşgalanyň meýilleşdirilmegini ösdürmek.

3. Gatnaşyjy döwletler çagalaryň saglygyna ýaramaz täsir edýän däp tejribeleri ýatyrmak maksady bilen ähli netijeli we zerur bolan çäreleri görýär.

4. Gatnaşyjy döwletler şu maddada ykrar edilen hukugyň doly amala aşyrylmagyna kem-kemden ýetmek maksady bilen halkara hyzmatdaşlygy höweslendirmäge we ösdürmäge borçlanýar. Munuň bilen baglanyşykly, ösüş ýoluna düşen ýurtlaryň zerurlyklaryna aýratyn üns berilmeli.

25-nji madda

Gatnaşyjy döwletler özüne seredilmegi, goralmagy ýa-da beden ýa akyl-huş taýdan bejerilmegi üçin ygtyýarly edaralar tarapyndan howandarlyk edilmäge ýerleşdirilen çaganyň oňa berlen bejerişe we çaga şeýle howandarlyk etmek bilen baglanyşykly ähli beýleki şertlere wagtly-wagtynda baha berilmegi baradaky hukugyny ykrar edýär.

26-njy madda

1. Gatnaşyjy döwletler her bir çaganyň durmuş üpjünçiliginiň eşretlerinden, şol sanda durmuş ätiýaçlandyrmasyndan peýdalanmak hukugyny ykrar edýär hem-de şu hukugyň milli kanunçylyga laýyklykda doly amala aşyrylmagyny gazanmak üçin zerur çäreleri görýär.

2. Şol eşretler zerurlyga görä, çaganyň we ony ekläp-saklamak üçin jogapkärçilik çekýän adamlaryň bar bolan serişdeleri we mümkinçilikleri, şeýle hem çaganyň ýa-da onuň adyndan eşretleriň alynmagy bilen baglanyşykly islendik pikirler nazara alnyp üpjün edilýär.

27-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler her çaganyň beden, akyl, ruhy, ahlak we durmuş taýdan ösmegi üçin zerur ýaşaýyş derejesine hukugyny ykrar edýär.

2. Ata-ene (ýa olaryn biri) ýa-da çagany terbiýeleýän beýleki adamlar çaganyň ösmegi üçin zerur bolan durmuş şertlerini öz ukyplarynyň we maliýe mümkinçilikleriniň çäklerinde üpjün etmek üçin esasy jogapkärçilik çekýär.

3. Gatnaşyjy döwletler ata-enelere we çagalary terbiýeleýän beýleki adamlara şu hukugy amala aşyrmakda kömek bermek boýunça öz milli şertlerine laýyklykda we öz mümkinçilikleriniň çäklerinde zerur çäreleri görýär hem-de zerurlyk ýüze çykan halatda maddy kömek berýär we maksatnamalary, aýratyn-da iýmit, geýim we ýaşaýyş jaý bilen üpjün etmek babatda goldaýar.

4. Gatnaşyjy döwletler çaganyň ata-eneleriň ýa-da çaganyň ösmegi üçin maliýe jogapkärçiik çekýän beýleki adamlaryň çaganyň

ekläp saklamagyny gatnaşyjy döwletiň içinde bolşy ýaly, daşary ýurtda hem dikeltmegi üpjün etmek üçin ähli zerur çäreleri görýär. Hususan-da, eger çaga üçin maliýe jogapkärçilik çekýän adam we çaga dürli ýurtlarda ýaşaýan bolsa, gatnaşyjy döwletler halkara ylalaşyklaryna goşulmaga ýa-da şeýle ylalaşyklaryň baglaşylmagyna, şeýle hem beýleki degişli ylalaşyklaryň gazanylmagyna ýardam edýär.

28-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler çaganyň bilim almak hukugyny ykrar edýär we şu hukugyň amala aşyrylmagyny kem-kemden gazanmak maksady bilen olar, hususan-da:

a) mugt we hökmany başlangyç bilimi girizýär;

b) hem umumy, hem hünärment orta bilimiň dürli görnüşleriniň ösdürilmegini höweslendirýär, onuň ähli çagalar üçin elýeter bolmagyny üpjün edýär hem-de mugt bilimi girizmek we zerur bolanda maliýe kömegini bermek ýaly zerur çäreleri görýär;

ç) ýokary bilimiň her kimiň ukyplaryna laýyklykda hemmelere elýeter bolmagyny ähli zerur serişdeleriň kömegi bilen üpjün edýär;

d) bilim we hünär taýýarlygy babatdaky maglumatlaryň we beýleki habarlaryň ähli çagalar üçin elýeter bolmagyny üpjün edýär;

e) mekdeplere yzygiderli gatnalmagyna hem-de mekdebi taşlan çagalaryň sanynyň azalmagyna ýardam etmek boýunça çäreleri görýär.

2. Gatnaşyjy döwletler mekdep düzgün-nyzamynyň çaganyň ynsan mertebesini hormatlamagy beýan edýän usullaryň kömegi bilen we şu Konwensiýa laýyklykda üpjün edilmegini gazanmak üçin ähli zerur çäreleri görýär.

3. Gatnaşyjy döwletler bilime degişli meseleler boýunça, hususan-da, bütin dünýäde nadanlygy we sowatsyzlygy ýok etmäge we ylmy-tehniki bilimleriň hem-de okatmagyň häzirki zaman usullarynyň elýeter bolmagyny üpjün etmäge ýardam etmek maksady bilen halkara hyzmatdaşlygyny ösdürýär. Şunuň bilen baglanyşykly ösüş ýoluna düşen ýurtlaryň zerurlyklaryna aýratyn üns berilmeli.

29-njy madda

1. Gatnaşyjy döwletler çaganyň biliminiň şu ugurlara gönükdirilmelidigi bilen ylalaşýar:

a) çaganyň şahsyýetini, onuň zehinini hem-de akyl we beden ukyplaryny iň doly möçberde ösdürmek;

b) adamyň hukuklaryna we esasy azatlyklaryna, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynda jar edilen ýörelgelere sarpa goýmagy terbiýelemek;

ç) çaganyň ata-enesine sarpa goýmagy, onuň medeni özboluşlylygyna, diline we gymmatlyklaryna, çaganyň ýaşaýan ýurdunyň, onuň asylky ýurdunyň milli gymmatlyklaryna we onuň özüniňkiden tapawutlanýan siwilizasiýalara sarpa goýmak;

d) çagany erkin jemgyýetde düşünişmek, parahatlyk, geçirimlilik, aýallaryň we erkekleriň deňhukuklylygy we ähli halklaryň, etniki, milli we dini toparlaryň, şeýle hem ýerli ilatdan bolan adamlaryň arasynda dostlugyň ruhunda akylly-başly ýaşamaga taýýarlamak;

e) daş-töwerekdäki tebigaty hormatlamagy terbiýelemek.

2. Şu maddanyň ýa-da 28-nji maddanyň hiç bir bölegi aýry-aýry adamlaryň ýa-da edaralaryň şu maddanyň 1-nji bendinde beýan edilen ýörelgeleri yzygiderli berjaý etmek hem-de şeýle okuw jaýlarynda berilýän bilimiň döwlet tarapyndan bellenilmegi mümkin bolan iň pes kadalara laýyk bolmagy baradaky talaby ýerine ýetirmek şerti bilen, olaryň okuw jaýlaryny döretmek we olara ýolbaşçylyk etmek azatlygyny çäklendirýän hökmünde düşündirilmeýär.

30-njy madda

Etniki, dini ýa-da dil azlyklary ýa-da ýerli ilatdan adamlar bolan döwletlerde şeýle azlyklara ýa-da ýerli ilata degişli bolan çaganyň öz toparynyň beýleki agzalary bilen öz medeniýetini peýdalanmak, öz diniňe uýmak we onuň dessurlaryny ýerine ýetirmek, şeýle hem ene dilini ulanmak hukugy inkär edilip bilinmez.

31-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler çaganyň dynç alyş we güýmenmek hukugyny, oýunlara we göwün açýan, öz ýaşyna laýyk gelýän

çärelere gatnaşmak hem-de medeni durmuşa gatnaşmak we sungat bilen meşgullanmak hukugyny ykrar edýär.

2. Gatnaşyjy döwletler çaganyň medeni we döredijilik durmuşa hemmetaraplaýyn gatnaşmak hukugyny hormatlaýar we höweslendirýär we medeni we döredijilik işi, dynç alyş we güýmenje üçin degişli hem-de deň mümkinçilikleriň üpjün edilmegine ýardam berýär.

32-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler çaganyň ykdysady taýdan ezilmekden hem-de onuň saglygy üçin howply bolup biljek ýa-da onuň bilim almagyna bökdenç bolup biljek, ýa bolmasa onuň saglygyna hem-de beden, akyl, ruhy, ahlak we durmuş ösüşine zyýan ýetirip biljek islendik işi ýerine ýetirmekden goranmak üçin hukugyny ykrar edýär.

2. Gatnaşyjy döwletler şu maddany durmuşa geçirmek üçin kanunçylyk, administratiw we durmuş çärelerini, şol sanda bilim babatdaky çäreleri görýär. Şu maksatlar bilen, beýleki halkara resminamalaryň degişli düzgünlerini goldanyp, gatnaşyjy döwletler, hususan-da:

a) işe kabul etmek üçin iň kiçi ýaş derejesini ýa iň kiçi ýaş derejelerini belleýär;

b) iş gününiň dowamlylygy we zähmetiň şertleri hakynda zerur talaplary kesgitleýär;

ç) şu maddanyň netijeli amala aşyrylmagy üçin jezanyň degişli görnüşlerini we beýleki temmi çärelerini göz öňünde tutýar.

33-nji madda

Gatnaşyjy döwletler çagalaryň halkara şertnamalarynda neşe serişdeleri we psihotrop maddalar diýlip kesgitlenilen neşeleri we maddalary bikanun sarp etmekden goramak hem-de çagalaryň şeýle maddalaryň bikanun öndürilmeginde we söwdasynda ulanylmagyna ýol bermezlik üçin ähli zerur çäreleri, şol sanda kanunçylyk, administratiw we durmuş çärelerini, şeýle hem bilimi babatdaky çäreleri görýär.

34-nji madda

Gatnaşyjy döwletler çagalary zyna işlerinde gazanç çeşmesi hökmünde ulanmakdan we zynada ýoýulmalardan goramaga borçlanýar. Şu maksat bilen, gatnaşyjy döwletler, şu aşakdakylaryň öňüni almak üçin hususan-da, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn derejelerde ähli zerur çäreleri görýär:

a) çagany islendik bikanun zyna işine göwnetmek ýa-da mejbur etmek;

b) çagalary jelepçilikde we bikanun zyna işleriniň beýleki görnüşlerinde gazanç çeşmesi hökmünde peýdalanmak;

ç) çagalary pornografiýada we pornografiýa materiallarynda gazanç çeşmesi hökmünde peýdalanmak.

35-nji madda

Gatnaşyjy döwletler çagalaryň islendik maksatlar we islendik görnüşdäki ogurlanmagyna, olaryň satylmagyna ýa-da olaryň kontrabandasyna garşy çäreleri milli, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn derejelerde görýär.

36-njy madda

Gatnaşyjy döwletler çagany gazanç çeşmesi hökmünde ulanmagyň çaganyň hal-ýagdaýynyň islendik jähtine zyýan ýetirýän ähli beýleki görnüşlerinden goraýar.

37-nji madda

Gatnaşyjy döwletler şulary üpjün edýär:

a) hiç bir çaganyň gynamalara we çemeleşmegiň ýa-da jezalandyrmagyň beýleki rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni peseldýän beýleki görnüşlerine sezewar edilmezligini. Boşatmak mümkinçiligini göz öňünde tutmaýan ömürlik tussaglyk-da, ölüm jezasy-da ýaşy 18-den kiçi bolan şahslar tarapyndan edilen jenaýatlar üçin bellenilmeýär;

b) hiç bir çaganyň bikanun ýa-da esassyz azatlykdan mahrum edilip bilinmezligini. Çagany tussag etmek, gorag astynda ýa-da türme tussaglygynda saklamak kanuna laýyklykda amala aşyrylýar

hem-de diňe aňrybaş çäre hökmünde we mümkin boldugyça gysga bolan degişli döwrüň dowamynda ulanylýar;

ç) azatlykdan mahrum edilen her bir çaga onuň ýaşyndaky şahslaryň zerurlyklaryny hasaba almak bilen ynsanperwer çemeleşmeden we öz şahsyýetiniň aýrylmaz mertebesini hormatlanylmagyndan peýdalanmagy. Hususan hem, çaganyň bähbitleri üçin zerur däl diýlip hasap edilenlerden başga halatlarda, azatlykdan mahrum edilen her bir çaga uly ýaşlylardan aýry saklanylmaly we onuň aýratyn ýagdaýlardan başga halatlarda öz maşgalasy bilen hat alyşmak we görme-görüşler arkaly gatnaşyk saklamaga hukugy bolmaly;

d) azatlykdan mahrum edilen her bir çagada hukuk we beýleki degişli kömegiň haýal etmän elýeter bolmagyna hukugynyň, şeýle hem özüniň azatlykdan mahrum edilmeginiň kanunylygyny kazyýetiň ýa-da başga bir garaşsyz we tarapgöýsüzlik ygtyýarly edaranyň öňünde inkär etmek hukugynyň we islendik şonuň ýaly iş ýörediş hereket barada olaryň çözgüdi gaýragoýmasyz kabul etmegi üçin hukugynyň bolmagyny.

38-nji madda

1.Gatnaşyjy döwletler halkara ynsanperwerlik hukugynyň ýaragly dawalar halatynda özleri barada ulanarlykly bolan we çagalara degişli kadalaryny hormatlamaga we olaryň berjaý edilmegini üpjün etmäge borçlanýar.

2.Gatnaşyjy döwletler ýaşy 15-e ýetmedik şahslaryň harby hereketlere göni gatnaşmazlygyny üpjün etmek üçin mümkin bolan ähli çäreleri görýär.

3.Gatnaşyjy döwletler ýaşy 15-e ýetmedik islendik şahsyň öz ýaragly güýçlerine çagyrylmagyndan saklanýar. 15 ýaşy dolan, ýöne 18 ýaşy dolmadyk şahslaryň arasyndan esgerler alnan mahaly gatnaşyjy döwletler has uly adamlaryň ileri tutulmagyna çalyşýar.

4. Özüniň halkara ynsanperwerlik hukugynyň ýaragly dawalar mahaly raýat ilatyny goramak bilen baglanyşykly borçnamalaryna laýyklykda, gatnaşyjy döwletler ýaragly dawa bilen gurşalan çagalary goramagy we olara seredilmegi üpjün etmek maksady bilen mümkin bolan ähli çäreleri görýär.

39-njy madda

Gatnaşyjy döwletler äsgermezligiň, sütem etmegiň ýa-da hyýanatçylygyň, gynamalaryň ýa-da islendik beýleki rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa mertebäni kemsidýän çemeleşmegiň ýa-da ýaragly dawalaryň islendik görnüşleriniň pidasy bolan çaganyň beden we akyl-huş taýdan özüni almagy we jemgyýetçilik durmuşyna täzeden goşulyşmagy üçin ähli zerur çäreleri görýär. Şeýle özüni almak we täzeden goşulyşmak çaganyň saglygyny, öz-özüne sarpa goýmagyny we mertebesini duýmagyny üpjün edýän şertlerde amala aşyrylmaly.

40-njy madda

1.Gatnaşyjy döwletler jenaýat kanunlaryny bozan, olary bozmakda aýyplanylýan ýa-da günäkär diýlip ykrar edilen diýlip hasap edilýän her bir çaganyň onda mertebe we ähmiýetlilik duýgusyny ösdürmäge ýardam edýän, adamyň hukuklaryna we esasy azatlyklaryna sarpany pugtalandyrýan we çaganyň ýaşyny nazara alýan hem-de onuň täzeden goşulyşmagyna we jemgyýetde peýdaly orun eýelemegine ýardam etmegine isleg bildirilýän çemeleşmä hukugyny ykrar edýär.

2. Şu maksatlara eýerip hem-de halkara resminamalaryň degişli düzgünlerini nazara alyp, gatnaşyjy döwletler, hususan-da, şulary üpjün edýär:

a) hiç bir çaganyň hereket ýa-da hereketsizlik amala aşyrylan mahaly milli ýa-da halkara hukugy boýunça gadagan bolmadyk bolsa, şeýle hereket ýa hereketsizlik sebäpli jenaýat kanunyny bozan diýlip hasap edilmezligini, ony bozmakda aýyplanylmazlygyny we günäkär diýlip ykrar edilmezligini;

b) jenaýat kanunçylygy bozan diýlip hasap edilýän ýa-da ony bozmakda aýyplanylýan her bir çaga juda bolmanda şu kepillendirmeleriň üpjün edilmegini:

1) günäsizlik ýörelgesi, onuň günäsi kanuna laýyklykda subut edilýänçä;

2) özüne bildirilýän günäler babatda oňa haýal etmän we hut özüne we zerur halatlarda onuň ata-enesine ýa kanuny hossarlaryna habar bermek hem-de özüni goramaga taýýarlanmak we goranmagy

amala aşyrmak mahaly hukuk kömegini we zerur bolan beýleki kömegi almak;

3) garalýan mesele boýunça garaşsyz we tarapgöýsüz ygtyýarly edaranyň ýa-da kazyýet edarasynyň kanuna laýyklykda adalatly diňlemäniň barşynda adwokatyň ýa başga bir degişli adamyň bolmagynda we munuň özi çaganyň has oňat bähbitlerine ters gelýän diýlip hasap edilmeýän bolsa, hususan-da, onuň ýaşyny ýa-da onuň ata-enesiniň ýa kanuny hossarlarynyň ýagdaýyny nazara almak bilen çözgüdiň gaýragoýulmasyz kabul edilmegini;

4) şaýatlyk görkezmelerini bermäge we günäni boýun almaga mejbur etmekden azatlyk; aýyplaýjy şaýatlaryň görkezmelerini ýa-ha özbaşdak, ýa-da beýleki adamlaryň kömegi bilen öwrenmek hem-de goraýjy şaýatlaryň deň hukukly gatnaşmagyny we olaryň görkezmelerini öwrenmegi üpjün etmek;

5) eger çaga jenaýat kanunçylygyny bozan diýlip hasap edilýän bolsa, degişli çözgüde we şunuň bilen baglanyşykly görlen islendik çärelere ýokarda durýan garaşsyz we tarapgöýsüz ygtyýarly edaranyň ýa kazyýet edarasynyň gaýtadan seredilmegi;

6) eger çaga ulanylýan dile düşünmeýän bolsa ýa-da onda geplemeýän bolsa, terjimeçiniň mugt kömegi;

7) seljerişiň ähli tapgyrlarynda çaganyň şahsy durmuşynyň doly hormatlanylmagy.

3. Gatnaşyjy döwletler jenaýat kanunlaryny bozan diýip hasap edilýän, ony bozmakda aýyplanylýan ýa ony bozandygy ykrar edilýän çagalara göni dahylly bolan kanunlaryň, önümçiligiň, edaralaryň we guramalaryň bellenilmegine, hususan-da, şulara ýardam etmäge çalyşýar:

a) çagalar jenaýat kanunçylygyny bozmaga ukyply däl diýlip hasap edilýän iň pes ýaş derejesini bellemäge;

b) zerur we islenilýän halatda şeýle çagalara çemeleşmek boýunça çäreleri adam hukuklaryny we hukuk kepillendirmelerini doly berjaý etmek şerti bilen kazyýet seljermesini ulanmazlyk boýunça çäreleri görmek.

4. Çaga çemeleşmäniň usulyny üpjün etmek maksady bilen şular ýaly dürli çäreleriň bolmagy zerur: çaganyň abadançylygyna,

şeýle hem onuň ýagdaýyna we jenaýatyň häsiýetine laýyk gelýän seretmek, hossarlyk we gözegçilik hakyndaky düzgünnama, geňeşdarlyk hyzmatlary, synag möhletini bellemek, terbiýelemek, okuw we hünärment taýýarlygy maksatnamalary we edaralardaky seredilmegiň ýerini tutup biljek seredilmegiň başga görnüşleri.

41-nji madda

Şu Konwensiýada hiç bir zat çaganyň hukuklarynyň amala aşyrylmagyna has köp derejede ýardam edýän we aşakdakylaryň mazmunynda bolup bilýän:

a) gatnaşyjy döwletiň kanunlarynda; ýa-da

b) halkara hukugynyň şu döwlet barada ulanylýan kadalarynda bolmagy mümkin islendik düzgünlere täsir etmeýär.

II BÖLEK

42-nji madda

Gatnaşyjy döwletler Konwensiýanyň ýörelgeleri we düzgünleri hakynda edil uly ýaşdakylary ýaly, çagalary-da degişli we täsirli serişdeleri ulanyp giňden habarly etmäge borçlanýar.

43-nji madda

1.Gatnaşyjy döwletleriň şu Konwensiýa laýyklykda kabul edilen borçnamalary ýerine ýetirmekde gazanan ösüşine seretmek üçin, Çaganyň hukuklary baradaky komitet döredilip, onuň ýerine ýetirýän wezipeleri aşakda göz öňünde tutulýar.

2.Komitet ýokary ahlak sypatlaryna hem-de şu Konwensiýa bilen gurşalýan ugurda ykrar edilen bilim-başarnyga eýe bolan on bilermenden ybarat. Komitetiň agzalaryny gatnaşyjy döwletler öz raýatlarynyň sanyndan saýlaýar we olar şahsyýet hökmünde çykyş edýär, özi-de geografik taýdan adalatly wekilçilige, şeýle hem esasy hukuk ulgamlarynyň wekilçiligine üns berilýär.

3.Komitetiň agzalary gatnaşyjy döwletleriň teklip eden şahslarynyň sanawyna goşulan adamlardan gizlin ses bermek arkaly saýlanylýar. Her bir gatnaşyjy döwlet öz raýatlaryndan bir şahsy hödürläp biler.

4. Ilkibaşda Komitete saýlawlar şu Konwensiýa güýje giren günden soň alty aýdan gijä galman, soňra bolsa – iki ýylda bir gezek geçirilýär. Saýlawlaryň her biriniň gününe azyndan iki aý galanda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary öz hödürleýän şahslaryny iki aýyň dowamynda görkezmek teklip edilýän hat bilen gatnaşyjy döwletlere ýüz tutýar. Soňra Baş sekretar şeýlelikde hödürlenilen şahslaryň hödürlän gatnaşyjy döwlet görkezilen elipbiý tertibindäki sanawyny düzýär we şol sanawy şu Konwensiýa gatnaşyjy döwletlere berýär.

5.Saýlawlar gatnaşyjy döwletleriň Baş sekretar tarapyndan Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi edaralarynda çagyrylýan maslahatynda geçirilýär. Çözgüt kabul etmäge ygtyýarly bolmagy üçin gatnaşyjy döwletleriň wekilleriniň üçden ikisiniň gatnaşmagy zerur bolan şol maslahatlarda gatnaşyjy döwletleriň ses bermekde bolan we ses bermäge gatnaşan wekilleriniň seslerinin has köp sanyny ýa-da aglaba köpüsini alanlar Komitetiň düzümine saýlanylan bolup durýar.

6.Komitetiň agzalary dört ýyllyk möhlete saýlanylýar. Olaryň gaýtadan hödürlenilen halatynda täzeden saýlanylmaga hukugy bar. Ilkinji saýlawlarda saýlanylýan agzanyň ygtyýarlyklary iki ýyllyk döwrüň ahyrynda tamamlanýar, şol bäş agzanyň atlaryny maslahatyň Başlygy ilkinji saýlawlardan soň dessine bije boýunça kesgitleýär.

7.Komitetiň haýsydyr bir agzasy ölen ýa-da iş başyndan aýrylan ýa bolmasa ol Komitetiň agzasynyň borçlaryny haýsydyr bir sebäp boýunça mundan bu ýana ýerine ýetirip bilmeýän halatda Komitetiň şol agzasyny hödürlän gatnaşyjy döwlet öz raýatlaryndan başga bir bilermeni Komitetiň makullamagy şert bilen, galan möhlete belleýär.

8. Komitet öz önümçilik kadalaryny belleýär.

9. Komitet öz wezipeli adamlaryny iki ýyllyk möhlete saýlaýar.

10. Komitetiň mejlisleri, adatça, Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi edaralarynda ýa-da Komitet tarapyndan kesgitlenilen, amatly bolan başga bir islendik ýerde geçirilýär. Komitet öz mejlislerini adatça, her ýyl geçirýär. Komitetiň mejlisiniň dowamlylygyny kesgitlemek we zerur bolanda oňa

täzeden garamak Baş Assambleýa makullan şertde, şu Konwensiýa gatnaşyjy döwletleriň maslahatynda amala aşyrylýar.

11.Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Komitetiň şu Konwensiýa laýyklykda öz wezipelerini netijeli amala aşyrmagy üçin işgärleri we maddy serişdeleri berýär.

12.Şu Konwensiýa laýyklykda döredilen Komitetiň agzalary Birleşen Milletler Guramasynyň serişdelerinden Baş Assambleýa tarapyndan tassyklanylan tertipde we şertlerde hak alýar.

44-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler Konwensiýada ykrar edilen hukuklary berkitmek boýunça öz gören çäreleri hakynda we şol hukuklary amala aşyrmakda gazanylan ösüş hakynda dokladlary Komitete Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň üsti bilen aşakda görkezilen möhletlerde bermäge borçlanýar:

a) Konwensiýa degişli gatnaşyjy döwlet üçin güýje gireninden soň iki ýylyň dowamynda;

b) soňra her bäş ýylda.

2. Şu madda laýyklykda berilýän dokladlarda şu Konwensiýa boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmeginiň derejesine täsir edýän şertler we kynçylyklar bolsa, şolar görkezilýär. Dokladlarda şeýle hem Konwensiýanyň şol ýurtda hereket edişine doly düşünmäge Komitete mümkinçilik berýän ýeterlik maglumatlar hem bolýar.

3. Komitete ilkibaşdaky hemmetaraplaýyn doklady beren gatnaşyjy döwletiň şu maddanyň b) bendine laýyklykda berilýän dokladlarda öň beýan edilen esasy maglumatlary soňraky dokladlarda gaýtalamagy zerur däl.

4. Komitet şu Konwensiýanyň amala aşyrylyşyna degişli goşmaça maglumatlaryň berilmegini gatnaşyjy döwletlerden sorap biler.

5. Komitetiň işi hakyndaky dokladlar iki ýylda bir gezek Ykdysadyýet we Durmuş Geňeşiniň üsti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasyna berilýär.

6. Gatnaşyjy döwletler öz dokladlarynyň öz ýurtlarynda giňden aýan edilmegini üpjün edýär.

45-nji madda

Konwensiýanyň netijeli amala aşyrylmagyna ýardam bermek hem-de şu Konwensiýa bilen gurşalýan ugurda halkara hyzmatdaşlygyny höweslendirmek maksady bilen:

a) ýöriteleşdirilen edaralar, Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasy we Birleşen Milletler Guramasynyň beýleki edaralary şu Konwensiýanyň olaryň ygtyýarlarynyň çygryna girýän düzgünleriniň amala aşyrylyşy baradaky meselelere garalanda wekilleriniň bolmagyna haklydyr. Komitet zerur hasap eden mahaly ýöriteleşdirilen edaralaryň, Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň we Birleşen Milletler Guramasynyň beýleki edaralarynyň ygtyýarlarynyň çygryna girýän ugurlarda Konwensiýanyň amala aşyrylyşy babatda bilermenleriň netijesini bermek teklip edip bilýär. Komitet zerur hasap eden mahaly ýöriteleşdirilen edaralaryň, Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň we Birleşen Milletler Guramasynyň beýleki edaralarynyň ygtyýarlarynyň çygryna girýän ugurlarda Konwensiýanyň amala aşyrylyşy barada dokladlary bermek teklip edip bilýär;

b) Komitet zerur hasap eden mahaly ýöriteleşdirilen edaralaryna, Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasyna we Birleşen Milletler Guramasynyň beýleki edaralaryna gatnaşyjy döwletleriň tehniki geňeşmeleriň ýa-da kömegiň, ýa-da şonda zerurlygyň bardygy barada görkezilen haýyşlaryny öz içine alýan dokladlary, şeýle hem bar bolan halatynda şolar ýaly haýyşlar ýa-da görkezmeler barada Komitetiň bellikleri we teklipleri iberýär;

ç) Komitet Baş Assambleýa onuň adyndan çagalaryň hukuklarynyň aýry meseleleri boýunça barlaglary geçirmäge Baş sekretara teklip edip bilýär;

d) Komitet şu Konwensiýanyň 44-nji we 45-nji maddalaryna laýyklykda alnan maglumata esaslanýan umumy häsiýetli teklipleri we maslahatlary girizip bilýär. Şolar ýaly umumy häsiýetli teklipler we maslahatlar islendik gatnaşyjy döwlete iberilýär we Baş Assambleýa gatnaşyjy döwletleriň bellikleri bilen bir hatarda, olar bar bolan ýagdaýda, habar berilýär.

III BÖLEK

46-njy madda

Şu Konwensiýa goş çekilmäge ähli döwletler üçin açyk.

47-nji madda

Şu Konwensiýa ratifikasiýa edilmäge degişi. Ratifikasion şahadatnamanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga tabşyrylýar.

48-nji madda

Şu Konwensiýa oňa goşulmak üçin islendik döwlet üçin açyk. Goşulmak hakynda resminamalar Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanmaga tabşyrylýar.

49-njy madda

1. Şu Konwensiýa ýigriminji ratifikasion şahadatnamanyň ýa-da goşulmak baradaky resminamanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga saklanmaga berilmeginden soň otuzynjy günde güýje girýär.

2. Şu Konwensiýany ratifisirleýän ýa-da oňa goşulýan her bir döwlet şeýle ratifikasion şahadatnamanyň ýa-da goşulmak hakynda resminamanyň ýigrimisi tabşyrylandan soň, Konwensiýa olaryň şeýle öz resminamasyny saklanmaga tabşyranyndan soň otuzynjy günde güýje girýär.

50-nji madda

1.Islendik gatnaşyjy döwlet düzedişi teklip edip we ony Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna hödürläp biler. Baş sekretar teklip edilen düzedişi soňra gatnaşyjy döwletlere iberip, şol tekliplere garamak we olar boýunça ses bermegi geçirmek maksady bilen, gatnaşyjy döwletleriň konferensiýasyny çagyrmagyň tarapdarydygyny ýa-da däldigini mälim etmegi olardan haýyş edýär. Eger şeýle habarnamanyň senesinden başlap dört aýyň dowamynda gatnaşyjy döwletleriň azyndan üçden biri şeýle konferensiýany

çagyrmagyň tarapdarydygyny mälim etse, Baş sekretar şol konferensiýany Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygy astynda geçirýär. Şol konferensiýada wekilleri bolan we ses bermäge gatnaşan gatnaşyjy döwletleriň köplügi tarapyndan kabul edilen islendik düzediş Baş Assambleýa tassyklamak üçin berilýär.

2.Şu maddanyň 1-nji bendine laýyklykda kabul edilen düzediş Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy ony tassyklanyndan we gatnaşyjy döwletler ony sesleriň üçden ikisi bilen kabul edeninden soň güýje girýär.

3.Düzediş güýje giren mahaly ol ony kabul eden gatnaşyjy döwletler üçin hökmany bolýar, beýleki gatnaşyjy döwletler üçin bolsa şu Konwensiýanyň düzgünleri hem-de olar tarapyndan kabul edilen islendik öňki düzedişler hökmany bolmagynda galýar.

51-nji madda

1.Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary döwletleriň tassyklamak ýa-da goşulmak pursadynda öňe süren şertlendirmeleriniň tekstlerini kabul edýär we ähli döwletlere iberýär.

2.Şu Konwensiýanyň maksatlaryna we wezipelerine laýyk gelmeýän şertlendirmä ýol berilmeýär.

2.Şertlendirmeler Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna iberilen degişli habarnama bilen islendik wagtda aradan aýrylyp bilner, ol bolsa bu barada ähli döwletlere habar berýär. Şeýle habarnama Baş sekretaryň ony alan gününden güýje girýär.

52-nji madda

Islendik gatnaşyjy döwlet Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna ýazmaça habarnama ibermek arkaly şu Konwensiýanyň güýjüni ýatyryp biler. Güýjüni ýatyrmak Baş sekretar habarnamany alandan soň bir ýyldan güýje girýär.

53-nji madda

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary şu Konwensiýanyň saklaýjysy diýlip bellenilýär.

54-nji madda

Şu Konwensiýanyň iňlis, arap, ispan, hytaý, rus we fransuz dillerindäki tekstleri birmeňzeş güýje eýe bolan asyl nusgasy Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berilýär. Muňa güwä geçmek hökmünde aşakda gol çeken, öz degişli hökümetleri tarapyndan geregiçe ygtyýarly edilen wekiller şu Konwensiýa gol çekdi.

ÇAGA SÖWDASYNA, ÇAGA JELEPÇILIGINE WE ÇAGA BIHAÝAÇYLYGYNA DEGIŞLI ÇAGANYŇ HUKUKLARY HAKYNDAKY KONWENSIÝA FAKULTATIW TESWIRNAMA

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2000-nji ýylyň 25-nji maýynda 54/263 rezolýusiýasy bilen kabul edildi

Şu Teswirnama gatnaşyjy döwletler,

Çaganyň hukuklary hakynda Konwensiýanyň maksatlaryna ýetmek we düzgünleriniň, hususan-da 1, 11, 21, 32, 33, 34, 35 we 36-njy maddalary, durmuşa geçirmek amala aşyrylyşyna ýardam etmek üçin, çagalary satmakdan, çaga jelepçiliginden we çaga pornografiýasyndan goramak üçin kepillikleri üpjün etmek maksady bilen, gatnaşyjy-döwletler tarapyndan görüljek çäreleriň gerimne has-da giň häsiýeti maksadalaýyk boljakdygyny hasaba alyp,

Çaganyň hukuklary hakynda Konwensiýada çaganyň ykdysady ekspluatasiýsyndan we saglygyna howp salýan ýa-da bilimine päsgel berip biljek ýa-da saglygyna, fiziki we akyl, ruhy, ahlak we jemgyýetçilik ösüşine zyýan ýetirip biljek islendik işden goralmak hukugyny ykrar edilýändigini hem hasaba alyp,

Çagalary satmak, çaga jelepçiligi we çaga pornografiýasy maksady bilen çagalaryň uly möçberli we ösýän halkara kontrabandasy barada örän aladalanyp,

Çagalaryň satylmagyny, çagalaryň jelepçiligini we çaga pornografiýasyny gönüden-göni höweslendirýänligi üçin çagalar üçin has howply bolan jyns gatnaşyk-syýahatçylygynyň giňden ýaýran we dowam edýän tejribesi barada çuňňur alada edip,

Aýratyn-da çagalaryň has ejiz toparlarynyň biri, şol sanda kiçi ýaşly gyzjagazlar, jynsy taýdan ekspluatasiýa howpuna has ýokary derejede duçar edilýändigini we jynsy taýdan ekspluatirlenýän çagalaryň arasynda kiçi ýaşly gyzjagazlaryň paýynyň bimöçber ýokarydygyny ykrar edip,

Internetde we beýleki ösýän tehnologiýalarda çaga pornografiýasynyň barha artýanlygy we Internetde çaga

pornografiýasyna garşy göreş boýunça halkara konferensiýana (Wena, 1999) we hususan çaga pornografiýasynyň we mahabatynyň önümçiliginiň, ýaýradylmagynyň, eksportynyň, geçirip berilmeginiň, importynyň, bilkastlaýyn saklanylmagynyň bütin dünýäde jenaýat jogapkärçiligine çekilmegi baradaky, hökümetleriň we Internet pudagynyň arasynda has ýakyn hyzmatdaşlygyň möhümdigini belleýän, kararyna salgylanyp,

Çagalaryň satylmagyny, çaga jelepçiligini we çaga pornografiýasyny ýok etmegine, bu hadysalara goşant goşýan ähli faktorlary, şol sanda ýeterlikli derejede däl ösüşi, garyplygy, ykdysady deňagramsyzlygy, durmuş-ykdysady gurluşlary asuda ýaşamaýan maşgalalar, bilim derejesi pes, şäher we oba ýerleriniň arasynda migrasiýa, jyns taýdan diskriminasiýa, ulularyň jogapkärçiliksiz jynsy gatnaşyklary, zyýanly däp-dessurlaryň görnüşleri, ýaragly çaknyşyklary we çagalaryň kontrabanda äkidip geçirilmegi öz içine alýan giňişleýin çemeleşmäniň kabul edilmegi ýardam berjekdigini hasap edip,

Çagalaryň satylmagyna, çagalaryň jelepçiligine we çaga pornografiýasyna bolan islegi azaltmak üçin jemgyýetiň habardarlygyny ýokarlandyrmak üçin edilýän tagallalaryň zerurdygyny göz öňünde tutup, ähli gatnaşyjylaryň arasynda global hyzmatdaşlygy berkitmegiň, şeýle hem milli derejede hukuk ýerine ýetiriş tagallalaryny güýçlendirmegiň möhümdigine göz ýetirip,

Çagalary goramak babatynda halkara hukuk resminamalarynyň, şol sanda Çagalary goramak we döwletara perzentlige almak babatynda hyzmatdaşlygy hakynda Gaaga konwensiýasynyň, Halkara çagalary alyp gaçmagyň raýat-hukuk aspektleri hakynda Gaaga konwensiýasynyň, Ýurisdiksiýa, ulanylýan hukuk, ykrar edilmegi, hukugynyň ulanylmagy we ata-enäniň jogapkärçiligiň we çagalary goramak boýunça çäreleriň meseleleri hakynda Gaaga konwensiýasynyň, Halkara Zähmet Guramasynyň Çaga zähmetiniň iň erbet görnüşlerini ýok etmek we gadagan etmek boýunça gyssagly çäreler hakynda 182 belgili konwensiýasynyň düzgünlerini göz öňünde tutup,

Çaganyň hukuklary baradaky konwensiýa giňden goldaw berilmegi, çaganyň hukuklaryny öňe sürmek we goramak baradaky giňişleýin ygrarlylygy bilen ruhlanyp,

1996-njy ýylyň 27-31-nji awgustynda geçirilen Çagalaryň täjirçilik maksady bilen jyns taýdan çagalaryň ekspluatasiýasyna garşy bütindünýä kongressinde kabul edilen Çagalaryň satylmagynyň, çaga jelepçiligiň we çaga pornografiýasynyň öňüni almak boýunça hereketleriň Maksatnamasynyň we Deklarasiýa we Hereketleriň meýilnamasynyň düzgünleriniň, şeýle hem bu mesele boýunça degişli halkara guramalaryň başga çözgütleriniň we maslahatlarynyň amala aşyrylmagynyň möhümdigini ykrar edip,

her bir halkyň däp-dessurlarynyň we medeni gymmatlyklarynyň çagany goramak we sazlaşykly ösmegi üçin ähmiýetini göz öňünde tutup,

aşakdakylar barada ylalaşdylar:

1-nji madda

Gatnaşyjy döwletler şu Teswirnamada göz öňünde tutulyşy ýaly çagalaryň satylmagyny, çaga jelepçiligini we çaga pornografiýasyny gadagan edýär.

2-nji madda

Şu Teswirnamanyň maksatlary üçin:

a) Çaga söwdasy, çagany haýsydyr bir adam ýa-da adamlar topary tarapyndan başga bir adama ýa-da adamlaryň toparyna pul haky ýa-da başga bir islendik öwezini doldurma üçin geçirilýän islendik hereketi ýa-da geleşigi aňladýar;

b) çaga jelepçiligi, çaganyň jynsy gatnaşyklarda hak tölemek ýa-da başga bir öwezini dolmak üçin ulanylmagyny aňladýar;

ç) çaga pornografiýasy, islendik görnüşde, hakyky ýa-da simulirlenen jyns taýdan aç-açan hereketlere gatnaşýan çaganyň ýa-da, esasan, jyns maksatlary üçin çaganyň jyns agzalarynyň islendik görnüşini aňladýar.

3-nji madda

1. Her bir gatnaşyjy döwlet, iň bolmanda aşakdaky hereketleriň we işleriň jenaýat ýa-da jeza kanuny bilen doly gurşap alynmagyny üpjün etmeli, bu jenaýatlaryň milli ýa-da transmilli derejede ýa-da aýry-aýry ýa-da guramaçylykly görnüşde edilendigine garamazdan:

a) 2-nji maddada kesgitlenilişi ýaly çagalary satmak kontekstinde:

(i) aşakdaky maksatlar bilen çagany hödürlemek, gowşurmak ýa-da almak:

a. çaganyň jyns taýdan ekspluatasiýasy;

b. hak tölemek üçin çaganyň organlaryny geçirmek;

ç. çagany mejbury zähmetde ulanmak;

(ii) araçy hökmünde çaganyň perzentlige alynmagyna degişli halkara hukuk resminamalaryny bozup, çagany perzentlige almaga bikanun yrmak;

b) 2-nji maddada görkezilişi ýaly çaga jelepçilik maksady bilen çagany hödürlemek, almak, geçirmek ýa-da bermek;

ç) 2-nji maddada görkezilişi ýaly çaga pornografiýasyny ýokardaky maksatlary üçin öndürmek, paýlamak, ýaýratmak, import, eksport, hödürlemek, satmak ýa-da saklamak.

2. Gatnaşyjy döwletiň milli kanunçylygynyň düzgünlerini hasaba almak bilen şuňa meňzeş düzgünleriň bu etmişleriň haýsydyr biriniň ýerine ýetirilmegi, şeýle hem şol etmişleriň islendiginiň ýerine ýetirilmegine jenaýat kastyna düşmegi, ýaran edilmegi we bile gatnaşmagy üçin ulanylýar.

3. Her gatnaşyjy döwlet, olaryň agyrlyk derejesine görä bu jenaýatlar üçin degişli jezalary göz öňünde tutýar.

4. Milli kanunçylygyň düzgünlerini göz öňünde tutup, her bir gatnaşyjy döwlet, şu maddanyň 1-nji bendinde görkezilen jenaýatlar üçin ýuridik şahslaryň jogapkärçiligini bellemek üçin zerur çäreleri görýär. Gatnaşyjy döwletiň hukuk ýörelgelerine laýyklykda ýuridik şahslaryň bu jogapkärçiligi jenaýat, raýat ýa-da administratiw bolup biler.

5. Gatnaşyjy döwletler Çaganyň perzentlige alynmagyna gatnaşýan ähli adamlaryň halkara hukugynyň ulanylýan düzgünlerine

laýyklykda hereket etmegini üpjün etmek üçin ähli degişli hukuk we administratiw çäreleri görýär.

4-nji madda

1. Her bir gatnaşyjy döwlet onuň öz çäginde ýa-da şu döwletde hasaba alnan gäminiň ýa-da uçaryň bortunda 3-nji maddanyň 1-nji bendinde görkezilen jenaýatlaryň ýerine ýetirilen halatynda öz ýurisdiksiýasyny kesgitlemek üçin zerur bolup biljek çäreleri görýär.

2. Her bir gatnaşyjy döwlet aşakdaky ýagdaýlarda 3-nji maddanyň 1-nji bendinde görkezilen jenaýatlar babatynda öz ýurisdiksiýasyny kesgitlemek üçin zerur bolup biljek çäreleri görüp biler:

a) güman edilýän jenaýatçy şol ýurduň raýaty ýa-da adaty ýaşaýan ýeri onuň öz çäginde bolsa;

b) pidasy şol döwletiň raýaty bolanda.

3. Şeýle hem, her bir gatnaşyjy döwlet, haçanda jenaýaty eden jenaýatçy onuň çäginde bolsa we ony başga bir gatnaşyjy döwlete jenaýatyň onuň bir raýaty tarapyndan ýerine ýetirilenligi sebäpli berilmeýän halatynda, ýokarda agzalan jenaýatlar üçin öz ýurisdiksiýasyny kesgitlemek üçin zerur bolup biljek çäreleri görýär.

4. Şu Teswirnama içerki hukuga laýyklykda amala aşyrylýan jenaýat ýurisdiksiýasyny aradan aýyrmaýar.

5-nji madda

1. 3-nji maddanyň 1-nji bendinde görkezilen jenaýatlar, gatnaşyjy döwletleriň arasynda bar bolan islendik gaýdyp bermek hakynda şertnamasynda gaýdyp bermegi göz öňünde tutýan jenaýatlary hökmünde girizilmäge degişli diýlip hasap edilýär, şeýle hem şondan soň olaryň arasynda baglaşylýan islendik gaýdyp bermek hakynda şertnamasyna, şol şertnamalarda bellenilen şertlerde, gaýdyp bermegi göz öňünde tutýan jenaýatlar hökmünde goşulýar.

2. Şertnamanyň bolmagy bilen gaýdyp bermegi şertlendirýän bir gatnaşyjy döwlet, gaýdyp bermek hakynda şertnamasy bolmadyk başga bir döwletden gaýdyp bermek barada haýyşyny alsa, şeýle jenaýatlar babatynda şu Teswirnama hukuk esas hökmünde seredip

biler. Gaýdyp bermek, ol barada haýyşy alan döwletiň kanunçylygynda göz öňünde tutulan şertler bilen amala aşyrylýar.

3. Şertnamanyň bolmagy bilen gaýdyp bermegi şertlendirmeýän gatnaşyjy döwletler, öz aralarynda şolar ýaly jenaýatlary gaýdyp bermegi hakynda haýyş edilýän döwletiň kanunçylygynda göz öňünde tutulan şertler bilen gaýdyp bermegi göz öňünde tutýan jenaýatlar hökmünde garalar.

4. Şeýle jenaýatlar, gatnaşyjy döwletleriň arasynda gaýdyp bermek maksady bilen, diňe bir edilen ýerinde däl, eýsem 4-nji madda laýyklykda öz ýurisdiksiýasyny kesgitlemäge borçly döwletleriň çäginde-de edilen ýaly garalar.

5. Eger gaýdyp bermek hakynda haýyş 3-nji maddanyň 1-nji bendinde görkezilen jenaýatlaryň biri bilen bagly bolsa, we haýyş edilen gatnaşyjy döwlet jenaýatçyny raýatlygy sebäpli gaýdyp bermeýän bolsa ýa-da bermese, şol döwlet jenaýat yzarlaýşy gozgamak maksady bilen, işi öz ygtyýarly edaralaryna geçirmek üçin degişli çäreleri görýär.

6-njy madda

1. Gatnaşyjy döwletler 3-nji maddanyň 1-nji bendinde görkezilen jenaýatlar bilen baglanyşykly başlanan derňewler ýa-da jenaýat gozgamalar ýa-da gaýdyp bermek önümçilik işleri bilen baglanyşykly birek-birege iň uly kömek berer, şol sanda olarda bar bolan iş ýöredişi hereketleri amala aşyrmak üçin zerur bolan subutnamalary almaga ýardam berer.

2. Gatnaşyjy döwletler, şu maddanyň 1-nji bendi boýunça öz borçnamalaryny olaryň arasynda bolup biljek özara hukuk kömegi hakynda şertnamalara ýa-da beýleki ylalaşyklara esaslanyp ýerine ýetirýär. Şeýle şertnamalaryň ýa-da ylalaşyklaryň bolmadyk halatynda, gatnaşyjy döwletler olaryň içerki hukugyna laýyklykda birek-birege kömek berýär.

7-nji madda

Gatnaşýan döwletler olaryň milli kanunçylygynyň düzgünlerine laýyklykda:

a) degişli halatlarda alynmagy we konfiskasiýa edilmegi üpjün etmek üçin çäreleri görýär:

1) şu Teswirnamada göz öňünde tutulan jenaýatlary ýerine ýetirmek ýa-da ýerine ýetirmekde ýardam bermek üçin ulanylýan materiallar, serişdeler we beýleki enjamlar ýaly emläk;

2) şeýle jenaýatlaryň edilmeginden alnan girdejiler;

(b) başga bir gatnaşyjy döwletiň (a) (1) kiçi bendinde görkezilen emlägi ýa-da girdejileri almak ýa-da konfiskasiýa etmek baradaky haýyşlaryny ýerine ýetirýär;

ç) şular ýaly jenaýatlary ýerine ýetirmek üçin ulanylýan jaýlary wagtlaýyn ýa-da hemişelik esasda ýapmak üçin çäreleri görýär.

8-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler, jenaýat kazyýet önümçiliginiň ähli tapgyrlarynda, şu Teswirnama tarapyndan gadagan edilýän gadagan edilen amallardan ejir çeken çaga-pidalarynyň hukuklaryny we bähbitlerini goramak üçin degişli çäreleri görýär, hususan, şular arkaly:

a) caga-pidalarynyň gowşak goralanlygyny ykrar etmek we olaryň aýratyn zerurlyklaryny, şol sanda şaýat hökmünde aýratyn zerurlyklaryny ykrar etmek üçin proseduralary uýgunlaşdyrmak;

b) çaga-pidalary olaryň hukuklary, orny we kazyýet önümçiliginiň mazmuny, möhleti we gidişi we olar boýunça işleriň çözgütleri boýunça habardar etmek;

ç) çaga pidalarynyň pikirleriniň, zerurlyklarynyň we aladalarynyň, olaryň şahsy bähbitlerine täsir edilýän ýagdaýynda milli kanunçylygyň iş ýörediş kadalaryna laýyklykda kazyýet önümçiliginiň dowamynda görkezilmegini we garalmagyny üpjün etmek;

d) çaga pidalaryna kazyýet önümçiliginiň ähli tapgyrlarynda degişli goldaw hyzmatlaryny bermek;

e) zerur bolan ýagdaýynda çaga pidalarynyň şahsy durmuşyny we şahsyýetini goramak we milli kanunçylygyna laýyklykda çaga pidalarynyň şahsyýetiniň belli bolmagyna getirip biljek islenilmeýän maglumatlaryň ýaýradylmagynyň öňüni almak üçin çäreleri görmek;

ä) zerur bolan ýagdaýlarda çaga pidalarynyň, olaryň maşgalalarynyň we olaryň adyndan çykyş edýän şaýatlaryň gorkuzmakdan we ar alyşdan goralmagyny üpjün etmek;

f) kazyýet işine garamakda we çaga pidalaryna öwezini dolmak baradaky buýruklaryň we kararlaryň ýerine ýetirilmeginde çenden çykma gijikdirmelere ýol bermezlik.

2. Gatnaşyjy döwletler pidanyň hakyky ýaşy boýunça şübhelenmegiň bar bolmagy jenaýat derňewiniň, şol sanda pidanyň ýaşyny kesgitlemek maksady bilen derňewiň başlanmagyna päsgel bermezligini üpjün etmeli.

3. Gatnaşyjy döwletler, şu Teswirnamada görkezilen jenaýatlaryň pidasy bolan çagalara garaýyşlarda jenaýat kazyýet önümçiliginde çaganyň iň oňat bähbitleriniň ilkinji nobatda göz öňünde tutulmagyny üpjün etmeli.

4. Gatnaşyjy döwletler şu Teswirnama laýyklykda gadagan edilen jenaýat etmişleriň çaga pidalary bilen işleýän adamlar üçin, hususan-da, hukuk we psihologik ýeterlik taýýarlygy üpjün etmek üçin çäreleri görer.

5. Gatnaşyjy döwletler zerur bolan halatynda öňüni alyş çäreleri we / ýa-da şeýle jenaýatlaryň pidalaryny goramak we dikeltmek bilen meşgullanýan adamlaryň we / ýa-da guramalaryň howpsuzlygyny we eldegrilmesizligini üpjün etmek üçin çäreleri görer.

6. Şu maddadaky hiç bir zada günäkärlenýäniň adalatly we bitarap kazyýet seljerişe bolan hukugyna ters gelýän we zyýan ýetirýän ýaly garalmaýar.

9-njy madda

1. Gatnaşyjy döwletler şu Teswirnamada görkezilen jenaýatlaryň öňüni almak maksady bilen kanunlary, administratiw çäreleri, durmuş strategiýalary we maksatnamalary kabul eder ýa-da güýçlendirer, ulanar we wagyz eder. Şeýle amallara has ejiz bolan çagalary goramaga aýratyn üns berilýär.

2. Gatnaşyjy döwletler şu Teswirnamada görkezilen jenaýatlaryň öňüni alyş çäreleri we zyýanly täsirleri barada ähli zerur usullary ulanmak bilen, bilim we aň-bilim bermek arkaly jemgyýetiň

giň köpçüliginiň, şol sanda çagalaryň habarlylygynyň ýokarlandyrylmagyna ýardam eder. Gatnaşyjy döwletler şu madda laýyklykda öz borçlaryny ýerine ýetirmekde jemgyýetiň, hususan-da çagalaryň we çaga pidalarynyň, şol sanda halkara derejesinde, şeýle habar beriş-aň bilim we okuw maksatnamalaryna gatnaşmagyny höweslendirýär.

3. Gatnaşyjy döwletler şeýle jenaýatlaryň pidalaryna doly durmuş reintegrasiýany we olara doly fiziki we psihologik taýdan dikeldilmegini öz içine alýan islendik zerur kömegiň berilmegini üpjün etmek üçin ähli mümkin bolan çäreleri görýär.

4. Gatnaşyjy döwletler şu Teswirnamada görkezilen jenaýatlaryň hiç hili kemsitmesiz ähli çaga pidalaryna hukuk jogapkärçiligi çekýän şahslardan ýetirilen zyýanyň öwezini doldurmak üçin degişli proseduralaryň elýeterli bolmagyny üpjün edýär.

5. Gatnaşyjy döwletler şu Teswirnamada görkezilen jenaýatlary wagyz edýän materiallaryň öndürmeginiň we ýaýradylmagynyň täsirli gadagan edilmegini üpjün etmek üçin degişli çäreleri görýär.

10-njy madda

1. Gatnaşyjy döwletler çagalary satmak, çaga jelepçiligi, çaga pornografiýasy, çaga jynsy- syýahaty bilen bagly etmişleriň öňüni almak, ýüze çykarmak, derňemek, jenaýat yzarlaýyş we günäli şahslary jogapkärçilige çekmek maksady bilen köptaraplaýyn, sebitleýin we ikitaraplaýyn şertnamalary baglaşmak arkaly halkara hyzmatdaşlygyny güýçlendirmek üçin ähli zerur çäreleri görýär. Gatnaşyjy döwletler, şeýle hem, öz edaralarynyň, hökümete degişli bolmadyk milli we halkara guramalaryň we halkara guramalaryň arasynda halkara hyzmatdaşlygyna we utgaşdyrylymagyna ýardam berýär.

2. Gatnaşyjy döwletler çaga pidalaryna fiziki we psihologiki taýdan dikelmegine, durmuş reintegrasiýa we ýurtlaryna dolanmagyna kömek berilmegine gönükdirilen halkara hyzmatdaşlygynyň ösmegine ýardam berýär.

3. Gatnaşyjy döwletler çaga söwdasynyň, çaga jelepçiliginiň, çaga pornografiýasynyň we çaga jyns-syýahatçylygynyň obýektleri hökmünde çagalaryň ejizligini güýçlendirýän, garyplyk we ýeterlikli däl ösüşi ýaly düýpli sebäplerini ýok etmek maksady bilen, halkara hyzmatdaşlygynyň berkidilmegine ýardam berýär.

4. Muny etmäge gatnaşyjy döwletler, köptaraplaýyn, sebitleýin, ikitaraplaýyn ýa-da beýleki maksatnamalar boýunça bar bolan maliýe, tehniki ýa-da başga kömegi berýär.

11-nji madda

Şu Teswirnamada hiç bir zat, çaganyň hukuklarynyň has ýokary derejede amala aşyrylmagyny üpjün edýän we aşakda görkezilenleriň hiç bir düzgünlerine täsir edip bilmez:

a) gatnaşyjy döwletiň kanunçylygynda;

b) şol döwlet üçin hereket edýän halkara hukugynyň kadalarynda.

12-nji madda

1. Her bir gatnaşyjy döwlet, şol gatnaşyjy döwlet üçin şu Teswirnamanyň güýje gireninden soň iki ýylyň dowamynda, Çaganyň hukuklary boýunça komitetine Teswirnamanyň düzgünlerini amala aşyrmak üçin görlen çäreler barada giňişleýin maglumatlary öz içine alýan hasabaty berýär.

2. Giňişleýin hasabat berlenden soň, her bir gatnaşyjy döwlet, Konwensiýanyň 44-nji maddasyna laýyklykda Çaganyň hukuklary boýunça komitetine iberen hasabatlaryna Teswirnamanyň amala aşyrylmagyna degişli islendik goşmaça maglumaty goşýar. Teswirnamanyň beýleki gatnaşyjy döwletleri hasabaty her bäş ýylda berýärler.

3. Çaganyň hukuklary boýunça komitet, şu Teswirnamanyň amala aşyrylyşy barada gatnaşyjy döwletlerden goşmaça maglumaty sorap bilýär.

13-nji madda

1. Şu Teswirnama, Konwensiýa gatnaşýan ýa-da oňa gol çeken islendik döwlet tarapyndan gol çekmek üçin açykdyr.

2. Şu Teswirnama tassyklanylmaga degişli we Konwensiýa gatnaşýan ýa-da oňa gol çeken islendik döwlet tarapyndan goşulmak üçin açykdyr. Tassyklaýyş ýa-da goşulmak hakynda resminamalary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berilýär.

14-nji madda

1. Şu Teswirnama, tassyklaýyş ýa-da goşulmak hakynda onunjy resminamasy saklanylmaga berlenden üç aýdan soň güýje giryär.

2. Şu Teswirnama güýje girenden soň ony tassyklaýan ýa-da oňa goşulan her bir döwlet üçin onuň şu Teswirnamasy tassyklamak ýa-da oňa goşulmak hakynda resminamasynyň saklanylmaga berlen gününden bir aýdan soň güýje giryär.

15-nji madda

1. Islendik gatnaşyjy döwlet, islendik wagt Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna ýazmaça habarnamanyň üsti bilen şu Teswirnamada çykyp biler (denonsasiýa), soňra Konwensiýa gatnaşyjy döwletleriň beýlekilerine we Konwensiýanyň ähli gol çeken döwletlerine habar berýär. Denonsasiýa Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary tarapyndan şeýle habarnamanyň alnan gününden bir ýyldan soň güýje giryär.

2. Şeýle denonsasiýa, gatnaşyjy döwletiň şu Teswirnama laýyklykda güýje giryän gününden öň ýerine ýetirilen islendik jenaýat babatdaky borçlaryndan boşadyp bilmez. Edil şonuň ýaly-da, şeýle denonsasiýa, onuň güýje giryän senesinden öň Komitet tarapyndan garalýan islendik meselä mundan beýläk seredilmegine päsgel berip bilmeýär.

16-njy madda

1. Islendik gatnaşyjy döwlet düzediş teklip edip, ony Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna berip biler. Soňra Baş sekretar teklip edilýän düzedişi gatnaşyjy döwletlere tekliplere garamak we ses bermek maksady bilen gatnaşyjy döwletleriň

konferensiýasyny goldaýandyklaryny ýa-da ýokdugyny görkezmek islegi bilen habar berýär. Şeýle habarlaşylan gününden başlap dört aýyň dowamynda, gatnaşyjy döwletleriň azyndan üçden bir bölegi şeýle konferensiýany goldaýan bolsa, Baş sekretar konferensiýany Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda çagyrar. Bu konferensiýa gatnaşýan we ses berýän döwletleriň köplügi tarapyndan kabul edilen islendik düzediş tassyklamak üçin Baş Assambleýa hödürlenilýär.

2. Şu maddanyň 1-nji bendine laýyklykda kabul edilen düzediş Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan tassyklanylandan we gatnaşyjy döwletleriň üçden iki böleginiň köplügi tarapyndan kabul edilenden soň güýje girýär.

3. Düzediş güýje girende, ol ony kabul eden gatnaşyjy döwletler üçin hökmany bolýar, beýleki gatnaşyjy döwletler üçin bolsa şu Teswirnamanyň düzgünleri we öň kabul eden düzedişleri hökmany bolup galýar.

17-nji madda

1. Arap, hytaý, iňlis, fransuz, rus we ispan tekstleriniň deň güýje eýe bolan şu Teswirnama Birleşen Milletler Guramasynyň arhiwine saklanylmaga berilmeli.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary, şu Teswirnamanyň tassyklanan nusgalaryny Konwensiýa gatnaşýan ähli döwletlere we Konwensiýa gol çeken ähli döwletlere iberýär.

ÇAGALARYŇ ÝARAGLY ÇAKNYŞYKLARA GATNAŞMAGYNA DEGIŞLI ÇAGANYŇ HUKUKLARY HAKYNDAKY KONWENSIÝA FAKULTATIW TESWIRNAMA

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2000-nji ýylyň 25-nji maýynda 54/263 rezolýusiýasy bilen kabul edildi

Şu Teswirnama gatnaşyjy döwletler,

çaganyň hukuklaryny höweslendirmek we goramak işine hyzmat etmäge taýýardygyny şaýat edýän Çaganyň hukuklary hakynda Konwensiýanyň giňden goldanylmagy bilen höweslenip,

Çagalaryň hukuklarynyň aýratyn goralmagyny talap edýändigini ýene-de tassyklap, we çagalaryň ýagdaýyny hiç hili tapawutlandyrmazdan hemişe gowulandyrmaga, parahatçylyk we howpsuzlyk şertlerinde olaryň ösüşini we bilimini üpjün etmäge çagyryp,

Ýaragly çaknyşyklaryň çagalara ýetirýän zyýanly we giňden ýaýraýan täsiri, şeýle hem parahatçylyga, howpsuzlyga we ösüşe edýän uzak möhletli täsiri barada alada edip,

Ýaragly çaknyşyklarda çagalara kast edilmegini, şeýle hem halkara hukugy bilen goralýan ýerlere, şol sanda mekdepler we hassahanalar ýaly köp sanly çaganyň bolýan ýerlerine çozuş etmeleri ýazgaryp,

Halkara Jenaýat kazyýetiniň Düzgünnamasynyň (Statutynyň) kabul edilendigini, we hususan-da, 15 ýaşa ýetmedik çagalaryň harby gullugyna çagyrylmagynyň ýa-da olaryň mobilizasiýa edilmeginiň harby jenaýat hökmünde hasap edilýändigini, ýa-da olaryň halkara we halkara däl harby çaknyşyklarynyň çäklerinde harby hereketlerinde işjeň ulanylýandygyny belläp;

Şonuň üçin Çaganyň hukuklary hakynda Konwensiýasynda ykrar edilen hukuklaryny has netijeli amala aşyrmak üçin, çagalaryň ýaragly çaknyşyklara gatnaşmagyndan goragyny güýçlendirmegiň zerurlygyny göz öňünde tutup,

Çaganyň hukuklary hakynda Konwensiýanyň 1-nji maddasynda, şol Konwensiýanyň maksatlary üçin, çaga degişli kanuna laýyklykda has ir ýetilmedik halatynda, 18 ýaşa ýetmedik her bir adam çaga bolýandygyny göz öňünde tutýandygyny belläp;

harby gulluga çagyrylmagynyň we harby hereketlerine gatnaşmagyň ýaşyny ýokarlandyrýan Konwensiýa Fakultatiw Teswirnamanyň, çagalara täsir edýän ähli hereketlerde çaganyň iň oňat bähbitlerine esasy üns berýän ýörelgesiniň netijeli amala aşyrylmagyna ýardam etjekdigine ynanyp,

Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaýyň 1995-nji ýylyň dekabrynda geçirilen ýigrimi altynjy Halkara konferensiýasynyň, çaknyşyklara gatnaşýan taraplaryň 18 ýaşa ýetmedik çagalaryň harby çärelere gatnaşmazlygy üçin mümkin bolan ähli çäreleriň görülmegini maslahat berendigini belläp,

1999-njy ýylyň iýunynda Halkara Zähmet Guramasynyň 182 belgili Çaga zähmetiniň iň erbet görnüşleriniň gadagan edilmegi we ýok etmek boýunça we gaýragoýulmasyz çäreleri hakynda, hususan çagalary ýaragly çaknyşyklarda ulanmak üçin mejbury ýa-da hökmany işe almagy gadagan edýän Halkara konwensiýasynyň biragyzdan kabul edilendigini makullap,

Döwletiň içinde we onuň daşynda, döwletiň ýaragly güýçlerinden başga ýaragly toparlar tarapyndan çagalary harby hereketlere çagyrmak, okatmak we ulanmak, bu maksat bilen çagalary çagyrýan, okadýan we ulanýanlaryň jogapkärçiligini ykrar etmek bilen iň çuň aladalyk bilen ýazgaryp,

Ýaragly çaknyşygyň her bir tarapyň halkara ynsanperwer hukugynyň düzgünleriniň berjaý edilmeginiň hökmanydygyny ýatladyp,

Şu Teswirnamanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynda, 51-nji maddany goşmak bilen, öz içine alýan maksatlaryna we ýörelgelerine we ynsanperwer hukugynyň degişli kadalaryna zyýan bermeýändigini belläp,

Tertipnamada görkezilen maksatlara we ýörelgelere doly hormat goýulmagyna we adam hukuklary ugrunda ulanylýan şertnamalaryň berjaý edilmegine esaslanýan parahatçylyk we

howpsuzlyk ýagdaýy, hususan-da ýaragly çaknyşyklarda we daşary ýurt basybalyjylygynda, çagalary doly goramak üçin zerur şert bolup durýandygyny göz öňünde tutup,

şu Teswirnama ters gelýän harby hereketlerine çagyrylmagyna we ulanylmagyna has ejiz bolýan çagalaryň ykdysady ýa-da durmuş ýagdaýy ýa-da olaryň jynsy bilen bagly aýratyn zerurlyklaryny ykrar edip,

Çagalaryň ýaragly çaknyşyklara gatnaşmagynyň ykdysady, durmuş we syýasy sebäplerini göz öňünde tutmalydygynyň zerurlygy hakynda ýatlap,

Şu Teswirnamasy amala aşyrmakda, şeýle hem ýaragly çaknyşyklaryň pidasy bolan çagalaryň fiziki we psihososial taýdan dikeldilmegi we sosial reintegrasiýa işinde halkara hyzmatdaşlygyny güýçlendirmegiň zerurdygyna ynanyp,

Teswirnamanyň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly maglumatlaryň ýaýradylmagynda we bilim maksatnamalarynda jemgyýetiň, esasan hem çagalaryň we çaga pidalarynyň, gatnaşmagyny höweslendirip, aşakdakylar barada ylalaşdylar:

1-nji madda

Gatnaşyjy döwletler olaryň ýaragly güýçleriniň 18 ýaşyna ýetmedik harby gullukçylary harby hereketlere göni gatnaşmazlygy üçin ähli çäreleri görýär.

2-nji madda

Gatnaşyjy döwletler olaryň ýaragly güýçlerine 18 ýaşa ýetmedik şahslaryň hökmany gulluga çagyrylmazlygyny üpjün etmeli.

3-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler, Çagalaryň hukuklary hakynda Konwensiýanyň 38-nji maddasynyň 3-nji bendinde görkezilen ýaşa görä, şol maddada görkezilen ýörelgeleri göz öňünde tutup we Konwensiýa laýyklykda 18 ýaşa ýetmedikleriň aýratyn goraga hukugynyň bardygyny ykrar edip, öz milli ýaragly güýçlerine

şahslary meýletin çagyrmak üçin iň pes ýaş derejesini ýokarlandyrýar.

2. Her gatnaşyjy döwlet, şu Teswirnamasy tassyklanda ýa-da oňa goşulanda, öz milli ýaragly güýçlerine meýletin çagyrylanda rugsat berilýän iň pes ýaşy görkezýär we şolar ýaly çagyrylyşyň zorlukly ýa-da mejbury häsiýete eýe bolmazlygyny üpjün etmek üçin, döwlet tarapyndan kabul edilen kepillikleri beýan edilen hökmany häsiýete eýe bolýan beýannamasyny saklamaga berýär.

3. 18 ýaşa ýetmedik adamlaryň milli ýaragly güýçlerine meýletin çagyrylyşa rugsat berýän gatnaşyjy döwletler, iň azyndan şulary üpjün edýän kepillikleri berýär:

a) şeýle çagyryş hakykatda meýletin häsiýete eýedi;

b) şeýle çagyryş şol şahsyň ene-atasynyň ýa-da kanuny hossarlarynyň habarly razyçylygy bilen edildi;

ç) şol şahslar şeýle harby gulluk bilen baglanyşykly borçlar barada doly derejede habarly edilen;

d) şolar ýaly şahslar milli harby gulluga kabul edilmezden öň ýaşynyň dogry subutnamalaryny berdiler.

4. Her bir gatnaşyjy döwlet, islendik wagt Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna habarnamany ibermek bilen öz beýannamasynyň düzgünlerini güýçlendirip biler, ol bolsa ähli gatnaşyjy döwletleri habarly eder. Şeýle habarnama ony Baş sekretar tarapyndan alnan gününden güýje girýär.

5. Şu maddanyň 1-nji bendinde görkezilen ýaşy ýokarlandyrmak talaby, Çaga hukuklary hakynda konwensiýanyň 28-nji we 29-njy maddalaryna laýyklykda, gatnaşyjy döwletleriň ýaragly güýçleriniň tabynlygynda ýa-da gözegçiliginde bolýan bilim edaralaryna degişli däl.

4-nji madda

1. Döwletiň ýaragly güýçlerinden başga ýaragly toparlar hiç hili ýagdaýlarda harby hereketlerde 18 ýaşa ýetmedik şahslary çagyrmaýarlar ýa-da ulanmaýarlar.

2. Gatnaşyjy döwletler şeýle çagyrmagyň we ulanylmagynyň öňüni almak maksady bilen ähli çäreleri görýär, şol sanda bu tejribäni

gadagan etmek we jezalandyrmak üçin zerur bolan çäreleri, şol sanda hukuk çäreleri, kabul edýär.

3. Şu maddanyň şu Teswirnama laýyklykda ulanylmagy ýaragly çaklyşygyň hiç bir taraplarynyň hukuk ýagdaýyna täsir etmeýär.

5-nji madda

Şu Teswirnamada hiç bir zat, gatnaşyjy döwletiň kanunçylygynda ýa-da halkara şertnamalarynda we halkara ynsanperwer hukugynda göz öňünde tutulan çaganyň hukuklarynyň amala aşyrylmagyna has amatly düzgünlerine ýol berilmeýändigine düşündirmeli däl.

6-njy madda

1. Her bir gatnaşyjy döwlet, öz ýurisdiksiýasynyň çäginde şu Teswirnamanyň düzgünleriniň netijeli amala aşyrylmagyny we ulanylmagyny üpjün etmek üçin ähli zerur bolan hukuk, administratiw we beýleki çäreleri görýär.

2. Gatnaşyjy döwletler şu Teswirnamanyň ýörelgeleriniň we düzgünleriniň ulularyň we çagalaryň arasynda degişli usullar arkaly giňden ýaýradylmagynyň we wagyz edilmeginiň üpjün edilmegini borçlanýar.

3. Gatnaşyjy döwletler, olaryň ýurisdiksiýasyndaky şu Teswirnama ters gelýän harby hereketlerde hakyna tutulan ýa-da ulanylan şahslaryň harby gullukdan çykarylmagyny ýa-da başga usul bilen harby gullukdan boşadylmagyny üpjün etmek üçin mümkin bolan ähli çäreleri görýär. Zerur halatlarda, gatnaşyjy döwletler bu adamlara fiziki we psihologiki ýagdaýlarynyň dikeldilmegi, şeýle hem olaryň durmuş reintegrasiýasy üçin ähli zerur kömegi berýär.

7-nji madda

1. Gatnaşyjy döwletler şu Teswirnamasy amala aşyrmak işinde, şol sanda Teswirnama ters gelýän islendik işiň öňüni almakda we şu Teswirnama ters gelýän hereketleriň pidasy bolan adamlaryň dikeldilmeginde we sosial reintegrasiýasynda, şol sanda tehniki hyzmatdaşlyk we maliýe kömegi arkaly, hyzmatdaşlyk edýär. Şeýle

kömek we hyzmatdaşlyk gyzyklanýan döwletler we degişli halkara guramalary bilen maslahatlaşyp amala aşyrylar.

2. Gatnaşyjy döwletler şeýle kömegi bar bolan köptaraplaýyn, ikitaraplaýyn ýa-da beýleki maksatnamalar ýa-da, hususan, Baş Assambleýanyň kadalaryna laýyklykda döredilen meýletin gatançlaryň gaznasynyň üsti bilen berýär.

8-nji madda

1. Her bir gatnaşyjy döwlet, şu Teswirnama güýje gireninden iki ýyldan soň, Çaga hukuklary boýunça komitetine Teswirnamanyň düzgünleriniň amala aşyrmak üçin görülýän çäreler barada giňişleýin maglumatlary, gatnaşmak we çagyrmak bilen baglanyşykly düzgünleriň amala aşyrylmagy üçin görülýän çäreleri öz içine alýan hasabaty berýär.

2. Giňişleýin hasabat gowşurylandan soň, her bir gatnaşyjy döwlet, Konwensiýanyň 44-nji maddasyna laýyklykda Çaganyň hukuklary boýunça Komitetine iberýän hasabatlaryna Teswirnamanyň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly goşmaça maglumatlary goşýar. Teswirnama gatnaşýan beýleki döwletler her bäş ýylda hasabatyny berýärler.

3. Çaganyň hukuklary boýunça Komitet, şu Teswirnamanyň amala aşyrylmagy barada gatnaşyjy döwletlerden goşmaça maglumat sorap bilýär.

9-njy madda

1. Şu Teswirnama Konwensiýa gatnaşýan ýa-da oňa gol çeken islendik döwlet tarapyndan gol çekmek üçin açyk.

2. Şu Teswirnama tassyklanylmaga degişli we islendik döwlet tarapyndan oňa goşulmak üçin açyk. Tassyklaýyş ýa-da goşulmak hakynda resminamalary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berilýär.

3. Baş sekretar, Konwensiýanyň we Teswirnamanyň depozitariýsi hökmünde çykyş edip, Konwensiýanyň ähli gatnaşyjy döwletlere we Konwensiýa gol çeken ähli döwletlere, her arzanyň saklanylmaga berlendigi barada 13-nji madda laýyklykda habar berýär.

10-njy madda

1. Şu Teswirnama tassyklaýyş resminamanyň ýa-da goşulmak hakynda resminamanyň onunjy resminamasy saklanylmaga berlenden üç aýdan soň güýje girýär.

2. Şu Teswirnama güýje girenden soň ony tassyklaýan ýa-da oňa goşulan her bir döwlet üçin şu Teswirnama tassyklaýyş resminamanyň ýa-da goşulmak hakynda resminamanyň saklanylmaga berlen gününden bir aýdan soň güýje girýär.

11-nji madda

1. Islendik gatnaşyjy döwlet, islendik wagt Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna ýazmaça habarnamanyň üsti bilen şu Teswirnamasy denonsasiýa edip (çykyp) biler, soňra Konwensiýanyň beýleki gatnaşyjy döwletlerine we Konwensiýanyň ähli gol çeken döwletlerine habar berýär. Denonsasiýa Baş sekretar tarapyndan habarnamanyň alnan gününden bir ýyldan soň güýje girýär. Şeýle-de bolsa, şol ýylyň gutarýan güni denonsasiýa edýän gatnaşyjy döwletde ýaragly çaknyşyk bar bolsa, bu ýaragly çaknyşyk gutarýança denonsasiýa güýje girmeýär.

2. Şeýle denonsasiýa, şu Teswirnama laýyklykda denonsasiýa gününden öň bolup geçen islendik hereket babatynda gatnaşyjy döwletiň borçnamalaryndan boşatmaýar. Edil şonuň ýaly-da, şular ýaly denonsasiýa güýje girýän senesinden öň Komitetiň garamagyna berlen islendik meselä mundan beýläk seredilmegine päsgel bermeýär.

12-nji madda

1. Islendik gatnaşyjy döwlet düzediş teklip edip, ony Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna berip biler. Soňra Baş sekretar teklip edilýän düzedişi gatnaşyjy döwletlere tekliplere garamak we ses bermek maksady bilen gatnaşyjy döwletleriň konferensiýasyny goldaýandyklaryny ýa-da ýokdugyny görkezmek islegi bilen habar berýär. Şeýle habaryň senesinden dört aýyň dowamynda, gatnaşyjy döwletleriň azyndan üçden bir bölegi şeýle konferensiýany goldaýan bolsa, Baş sekretar konferensiýany Birleşen

Milletler Guramasynyň howandarlygynda çagyrýar. Bu konferensiýa gatnaşýan we ses berýän döwletleriň köplügi tarapyndan kabul edilen islendik düzediş tassyklamak üçin Baş Assambleýa hödürlenýär.

2. Şu maddanyň 1-nji bendine laýyklykda kabul edilen düzediş Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan tassyklanylandan we gatnaşyjy döwletleriň üçden iki böleginiň köplügi tarapyndan kabul edilenden soň güýje girýär.

3. Düzediş güýje girende, ony kabul eden gatnaşyjy döwletler üçin hökmany bolýar, beýleki gatnaşyjy döwletler üçin bolsa şu Teswirnamanyň düzgünleri we öň kabul edilen düzedişler hökmany bolup galýar.

13-nji madda

1. Arap, hytaý, iňlis, fransuz, rus we ispan tekstleriniň deň güýje eýe bolan şu Teswirnama Birleşen Milletler Guramasynyň arhiwlerinde saklanýar.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary, şu Teswirnamanyň tassyklanylan nusgalaryny Konwensiýa ähli gatnaşyjy döwletlere we Konwensiýa gol çeken ähli döwletlere iberýär.

MAÝYPLARYŇ HUKUKLARY BARADAKY KONWENSIÝA

BMG-niň Baş Assambleýanyň 2006-njy ýylyň 13-nji dekabryndaky 61/106 belgili rezolýusiýasy bilen kabul edilen

Preambula

Şu Konwensiýanyň gatnaşyjy döwletleri,

a) Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünnamasynda ähli adamzada degişli bolan mertebäniň we gymmatlygyň, şeýle-de olaryň deň we aýryp bolmaýan hukuklarynyň azatlygyň, adalatlylygyň we umumy parahatçylygyň esasy hökmünde ykrar edilýän ýörelgeleri barada ýatladyp,

b) Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasynda we Adam hukuklary barada halkara paktlarda her bir adamyň, haýsydyr bir tapawutlara garamazdan, olarda göz öňünde tutulan ähli hukuklara we azatlyklara eýedigini Birleşen Milletler Guramasynyň tarapyndan jar edendigini we berkidilendigini ykrar edip,

ç) ähli adam hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň umumylygyny, bölünmesizligini, özara baglanyşygyny we özara aragatnaşygyny, şeýle-de maýyplaryň olardan kemsidilmän doly derejede peýdalanmagyny kepillendirmegiň zerurlygyny tassyklap,

d) Ykdysady, sosial we medeni hukuklar hakynda halkara pakta, Raýat we syýasy hukuklar hakynda halkara pakta, Rasa taýdan kemsidilmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda halkara konwensiýa, Zenanlara garşy kemsidilmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda konwensiýa, Gynamalara we çemeleşmäniň we jezalandyrmagyň rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän beýleki görnüşlerine garşy Konwensiýa, Çaganyň hukuklary hakynda konwensiýa we Migrant işçileriň we olaryň maşgala agzalarynyň hukuklaryny goramak halkara konwensiýa salgylanyp,

e) maýyplygyň ewolýusiýa bolýan düşünjedigini we maýyplygyň saglyk bozulmalary bolan adamlaryň arasynda özara gatnaşygyň hem-de gatnaşykly we gurşawly päsgelçilikleriň netijesi

bolýandygyny, şeýle-de beýlekiler bilen deň hatarda jemgyýetiň durşuna doly we netijeli gatnaşygyna päsgel beryändigini ykrar edip,

ä) Maýyplar babatda bütindünýä hereket maksatnamasynda we Maýyplar üçin deň mümkinçilikleri üpjün etmegiň standart düzgünlerinde saklanýan ýörelgeleriň we görkezijileriň maýyplar üçin mundan beýläk deň mümkinçilikleri üpjün etmek boýunça strategiýalary, meýilnamalary, maksatnamalary we çäreleri milli, sebitleýin we halkara derejelerinde höweslendirmek, kemala getirmek we olara baha bermek nukdaýnazardan möhümligini ykrar edip,

f) maýyplyk bilen bagly meseleleriň degişli durnukly ösüş strategiýalarynyň düzüm bölegi hökmünde aktuallaşmagynyň möhümligini aýratyn belläp,

g) şeýle-de, islendik adamyň maýyplygy babatda kemsidilmeginiň adam şahsyýetine mahsus bolan mertebäniň we gymmatlygyň bozulmasy bolup durýandygyny ykrar edip,

h) maýyplygyň dürlüligini mundan beýläk ykrar edip,

i) ähli maýyplaryň, şol sanda has işjeň goldawa mätäç bolanlaryň hukuklaryny öňe sürmegiň we goramagyň zerurlygyny ykrar edip,

j) şeýle dürli resminamalara we başlangyçlara garamazdan, maýyplaryň jemgyýetiň durmuşyna deňhukukly agzalar hökmünde gatnaşmakda päsgelçiliklere duçar bolup durýandygy we olaryň adam hukuklarynyň bütin dünýäde bozulýandygy barada aladalanyp,

ž) her döwletde, esasan hem, ösýän döwletlerde maýyplaryň durmuşynyň gowulanmagy üçin halkara hyzmatdaşlygyň möhümligini ykrar edip,

k) maýyplaryň umumy abadançylyga gymmatly häzirki we mümkin bolan goşandyny we olaryň ýerli jemgyýetleriniň köpdürlüligini, şeýle-de maýyplaryň adam hukuklaryndan we esasy azatlyklaryndan doly derejede peýdalanmagyna, şeýle-de maýyplaryň doly derejede gatnaşmagyna ýardam bermegiň olarda degişlilik duýgusynyň berkemegine getirjekdigini we jemgyýetiň adamçylyk, sosial we ykdysady taýdan ösdürilmeginde hem-de

garyplygyň ýok edilmeginde uly üstünliklere ýetmäge ýardam berjekdigini ykrar edip,

l) maýyplar üçin olaryň şahsy özbaşdaklylygynyň we garaşsyzlygynyň, şol sanda özleriniň saýlamak mümkinçiliginiň möhümdigini ykrar edip,

m) maýyplaryň strategiýalar we maksatnamalar, şol sanda, olara gönüden-göni degişli bolanlary babatda çözgütleri kabul etmek işine işjeň gatnaşmak mümkinçiliginiň bolmalydygyny hasaplap,

n) maýyplaryň rasasyna, teniniň reňkine, jynsyna, diline, dinine, syýasy ýa-da beýleki pikirlerine, milli, etnik, asyl (aborigen) ýa-da sosial gelip çykyşyna, emlägine, dogulmagyna, ýaşyna esaslanýan köp ýa-da agyrlaşdyrylan diskriminasiýa sezewar edilýän agyr şertleri babatda aladalanyp,

ň) maýyp zenanlaryň we maýyp gyzlaryň öýde, şeýle-de onuň daşynda zorluga, şikeslere ýa-da sütemlere, äsgermezliklere ýa-da ekspluatasiýa howpuna has ýokary derejede duçar bolýandygyny ykrar edip,

o) maýyp çagalaryň beýleki çagalar bilen deň hatarda ähli adam hukuklaryndan we esasy azatlyklardan doly derejede peýdalanmalydygyny ykrar edip we onuň bilen baglylykda Çaganyň hukuklary barada konwensiýanyň gatnaşyjy döwletleriniň öz üstüne alan borçlary barada ýatladyp,

ö) maýyplaryň adam hukuklaryndan we esasy azatlyklardan doly derejede peýdalanmagyna ýardam bermek boýunça ähli tagallalarda gender aspektini hasaba almagyň zerurlygyny aýratyn belläp,

p) maýyplaryň aglaba köplüginiň garyplyk şertlerinde ýaşaýandygy barada aýratyn belläp, we onuň bilen baglylykda garyplygyň maýyplara ýetirýän ýaramaz täsiri bilen baglanyşykly mesele bilen iş salyşmagyň ýiti zerurlygyny ykrar edip,

r) Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünnamasynda beýan edilen maksatlara we ýörelgelere doly sarpa goýmaga hem-de adam hukuklary çygrynda ulanylýan şertnamalary berjaý etmäge esaslanan parahatçylyk we howpsuzlyk ýagdaýynyň, esasan hem, ýaragly gapma-garşylyklar we daşary ýurt basyp almalary

döwründe, maýyplaryň doly derejede goralmagy üçin esasy şert bolup durýandygyny nazara alyp,

s) fiziki, sosial, ykdysady we medeni gurşawyň, saglygy goraýşyň we bilimiň, şeýle-de maglumatyň we aragatnaşygyň maýyplara ähli adam hukuklaryndan we esasy azatlyklardan peýdalanmaga ýol berýändigi üçin olaryň elýeterliliginiň möhümligini ykrar edip,

ş) her bir aýratyn adamyň beýleki adamlar we onuň degişli bolan topary babatda borçlarynyň bolup, onuň Adam hukuklary hakynda halkara billinde ykrar edilýän hukuklaryň öňe sürülmegine we berjaý edilmegine ymtylmalydygyny nazara alyp,

t) maşgalanyň jemgyýetiň tebigy we esasy birligi bolup durýandygyna we onuň jemgyýet hem-de döwlet tarapyndan goralmak hukugynyň bardygyna, şeýle-de maýyplaryň we olaryň maşgala agzalarynyň maýyplaryň hukuklaryndan doly we deň derejede peýdalanmak babatda goşant goşmaga mümkinçilik berýän zerur gorag we kömek bilen üpjün edilmelidigine ynanyp,

u) maýyplaryň hukuklaryny we mertebesini öňe sürmek we goramak boýunça umumy we ýeke-täk halkara konwensiýanyň ösen ýurtlarda, şeýle-de ösýän ýurtlarda maýyplaryň uly derejede amatsyz sosial ýagdaýyny aradan aýyrmakda we olaryň deň ýagdaýda raýat, syýasy, ykdysady, sosial we medeni durmuşa gatnaşmaga mümkinçiliklerini giňeltmekde möhüm goşant boljakdygyna ynanyp, aşakdakylar babatda ylalaşdy:

1-nji madda
Maksat

Şu Konwensiýanyň maksady ähli maýyplaryň ähli adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny doly we deň derejede amala aşyrylmagyny öňe sürmekden, goramakdan we üpjün etmekden, şeýle hem olara mahsus bolan mertebesine hormatyň goýulmagyny üpjün etmekden ybarat. Maýyplar diýlip dürli barýerler bilen özara baglanyşykda beýlekiler bilen deň hatarda jemgyýetiň durmuşyna doly we netijeli gatnaşmagyna päsgel berip biljek durnukly fiziki, psihiki, aň (intellektual) ýa-da sensor bozulmalary bolan şahslara aýdylýar.

2-nji madda
Kesgitlemeler

Şu Konwensiýanyň maksatlary üçin,

“aragatnaşyk” dilleriň, tekstleriň, Braýliň elipbiýiniň, taktik aragatnaşygyň, uly şriftiň, elýeterli multimediýa serişdeleriniň, şeýle hem çap materiallaryň, audio serişdeleriň, adaty diliň, okyjylaryň, şeýle hem aragatnaşygyň güýçlendiriji we alternatiw usullarynyň we formatlarynyň şol sanda elýeterli maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň ulanylmagyny öz içine alýar;

“dil” gepleşik we yşarat dillerini, şeýle-de gepleşik däl dilleriň beýleki görnüşlerini öz içine alýar;

“maýyplyk esasynda kemsitme” maksady syýasy, ykdysady, sosial, medeni, raýat ýa-da islendik başga ulgamda ähli adam hukuklaryny we esasy azatlyklary beýlekiler bilen deň derejede ykrar etmekden, ulanmakdan ýa-da peýdalanmakdan ýüz öwürmek ýa-da inkär etmek bolup durýan, maýyplyk zerarly islendik tapawutlanmany, kadadan çykmany ýa-da çäklendirmäni aňladýar. Ol kemsitmäniň ähli görnüşlerini, şol sanda amatly uýgunlaşdyrmany ret etmegi öz içine alýar;

“amatly uýgunlaşdyrma” maýyplaryň beýlekiler bilen deň derejede ähli adam hukuklaryndan we esasy azatlyklardan peýdalanmagyny we ulanmagyny üpjün etmek maksady bilen esassyz ýük bolup durmaýan zerur we laýyk üýtgeşmeleriň we düzetmeleriň zerur we takyk ýagdaýda girizilmegini aňladýar;

“ýeke-tak dizaýn” uýgunlaşdyrmanyň we ýörite dizaýnyň zerurlygy bolmazdan, ähli adamlar tarapyndan ulanylmagyny iň ýokary derejede mümkin edýän zatlaryň, ýagdaýlaryň, programmalaryň we hyzmatlaryň dizaýnyny aňladýar. “Ýeke-tak dizaýn” zerur ýagdaýlarda, maýyplaryň takyk toparlary üçin ýardam beriji enjamlaryny ret etmeýär.

3-nji madda
Umumy ýörelgeler

Şu Konwensiýanyň ýörelgeleri aşakdakylardan ybarat:

a) adama mahsus bolan mertebä, onuň şahsy özbaşdaklygyna, şol sanda öz islegini saýlamak azatlygyna we garaşsyzlygyna sarpa goýmak;

b) kemsitmäniň bolmazlygy;

ç) jemgyýete doly we netijeli girmek we goşulmak;

d) maýyplaryň aýratynlyklaryna sarpa goýmak we olaryň adam köpdürlüliginiň aýrylmaz bölegi hem-de adamzadyň bölegi hökmünde kabul etmek;

e) mümkinçilikleriň deňligi;

ä) elýeterlilik;

f) erkekleriň we zenanlaryň deňligi;

g) maýyp çagalaryň ösýän başarnyklaryna sarpa goýmak we maýyp çagalaryň öz aýratynlyklaryny saklamak hukuklaryna sarpa goýmak.

4-nji madda
Umumy borçnamalar

1. Gatnaşyjy döwletler maýyplyk esasynda hiç hili kemsitme bolmazdan ähli maýyplaryň ähli adam hukuklaryndan we esasy azatlyklardan doly peýdalanmagyny üpjün etmäge we höweslendirmäge borçlanýar. Şu maksat bilen, gatnaşyjy döwletler aşakdakylara borçlanýar:

a) şu Konwensiýada ykrar edilýän hukuklaryň amala aşyrylmagy üçin ähli talabalaýyk kanuny, dolandyryş we beýleki çäreleri kabul etmek;

b) maýyplar üçin kemsitme häsiýetli bolan, ulanylýan kanunlaryň, kararlaryň, däpleriň we amallaryň üýtgedilmegi ýa-da ýatyrylmagy üçin ähli zerur çäreleri, şol sanda kanuny çäreleri kabul etmek;

ç) ähli strategiýalarda we maksatnamalarda maýyplaryň adam hukuklarynyň goralmagyny we höweslendirilmegini hasaba almak;

d) şu Konwensiýa deň gelmeýän islendik hereketlerden ýa-da usullardan saklanmak hem-de döwlet edaralarynyň we guramalarynyň şu Konwensiýa laýyklykda hereket etmegini üpjün etmek;

e) islendik şahs, gurama ýa-da hususy kärhana tarapyndan maýyplyk esasynda kemsitmäni aradan aýyrmak üçin ähli zerur çäreleri kabul etmek;

ä) maýyp adamyň takyk zerurlyklary üçin üýtgedilmeginiň has az uýgunlaşdyrmany we minimal harçlamalary talap etjek ýeke-täk dizaýny (şu Konwensiýanyň 2-nji maddasynda kesgitlenen) bolan harytlaryň, hyzmatlaryň, enjamlaryň we desgalaryň ylmy-barlag we gurluşyk işläp düzmesini geçirmek ýa-da höweslendirmek, olaryň elýeter bolmagyna we ulanylmagyna ýardam bermek, şeýle-de ülňüleriň we görkezmeleriň işlenilip düzülmeginde ýeke-täk dizaýny öňe sürmek;

f) gymmat bolmadyk tehnologiýalary ileri tutmak bilen, täze tehnologiýalaryň, şol sanda maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň, hereketliligi aňsatlaşdyrýan serişdeleriň, maýyplar üçin laýyk bolýan enjamlaryň we ýardam beriji tehnologiýalaryň ylmy-barlag we gurluşyk işläp düzmesini geçirmek ýa-da höweslendirmek, şeýle-de elýeterliligine ýardam bermek;

g) maýyplara hereketliligi aňsatlaşdyrýan serişdeler, enjamlar we ýardam beriji tehnologiýalar, şol sanda täze tehnologiýalar, şeýle-de kömegiň beýleki görnüşleri, ýardam beriji hyzmatlar we desgalar barada elýeter maglumaty bermek;

h) şu Konwensiýada ykrar edilýän hukuklar bilen kepillendirilýän kömegi we hyzmatlaryň üpjün edilmegini kämilleşdirmek üçin, maýyplar bilen işleýän hünärmenlere we işgärlere şu hukuklary öwretmegi höweslendirmek.

2. Ykdysady, sosial we medeni hukuklar barada aýdylanda, her bir gatnaşyjy döwlet onda bar bolan serişdelerden doly derejede peýdalanyp, zerur bolan ýagdaýda bolsa halkara hyzmatdaşlyga ýüzlenip, halkara hukugyna laýyklykda gönüden-göni ulanylýan, şu Konwensiýada kemala getirilen borçnamalara päsgel bermezden, şu

hukuklardan doly peýdalanylmagyna kem-kemden ýetmek ugrunda çäreleri kabul etmäge borçlanýar.

3. Şu Konwensiýanyň durmuşa geçirilmegine gönükdirilen kanunçylyk we strategiýalar işlenilip düzülende we ulanylanda, şeýle-de maýyplar bilen baglanyşykly meseleler boýunça çözgütleri kabul etmegiň beýleki proseslerinin çäginde, gatnaşyjy döwletler maýyplar, şol sanda maýyp çagalar bilen ysnyşykly maslahatlaşýar we olaryň guramalarynyň üsti bilen, olary işjeň ýagdaýda çekýär.

4. Şu Konwensiýada hiç zat maýyplaryň hukuklarynyň durmuşa geçirilmegine uly derejede ýardam berýän we gatnaşyjy döwletiň kanunlarynda ýa-da şu döwletde hereket edýän halkara hukugynyň kadalarynda saklanylýan islendik düzgünlere täsir etmeýär. Şu Konwensiýada şeýle hukuklaryň we azatlyklaryň ykrar edilmeýändigi ýa-da pes derejede ykrar edilýändigi bahanasy bilen, kanun, konwensiýalar, düzgünler ýa-da däpler sebäpli şu Konwensiýanyň islendik gatnaşyjy döwletinde ykrar edilýän ýa-da ulanylýan adam hukuklarynyň ýa-da azatlyklarynyň hiç hili ýagdaýda çäklendirilmegine ýa-da inkär edilmegine ýol berilmeýär.

5. Şu Konwensiýanyň düzgünleri, hiç hili çäklendirmeler ýa-da aradan aýyrmalar bolmazdan, federatiw döwletleriň ähli böleklerine degişli.

5-nji madda
Deňlik we kemsitmezlik

1. Gatnaşyjy döwletler ähli şahslaryň kanunyň öňünde we kanun boýunça deňdigini we hiç hili kemsitmezlikden, kanunyň esasynda deň goralmaga we ondan deň peýdalanmaga hukugynyň bardygyny ykrar edýär.

2. Gatnaşyjy döwletler maýyplyk boýunça islendik kemsitmäni gadagan edýär we maýyplara islendik esas boýunça kemsitmeden deň we netijeli kanuny goragy kepillendirýär.

3. Deňligi höweslendirmek we kemsitmäni aradan aýyrmak üçin, gatnaşyjy döwletler amatly uýgunlaşdyrmany üpjün etmek ugrunda ähli zerur çäreleri kabul edýär.

4. Maýyplaryň hakyky deňligini tizleşdirmek ýa-da oňa ýetmek üçin zerur bolan takyk çäreler şu Konwensiýanyň manysy boýunça kemsitme diýlip hasaplanmaýar.

6-njy madda
Maýyp zenanlar

1. Gatnaşyjy döwletler maýyp zenanlaryň we maýyp gyzlaryň köpdürli kemsitmä sezewar edilýändigini ykrar edýär, şonuň üçin olaryň ähli adam hukuklaryndan we azatlyklardan doly we deň derejede amala aşyrylmagyny üpjün etmek üçin ähli çäreleri görýär.

2. Gatnaşyjy döwletler zenanlaryň şu Konwensiýada kepillendirilýän adam hukuklaryndan we esasy azatlyklardan peýdalanmagyny kepillendirmek üçin, zenanlaryň ähli ugurda ösmegini, olaryň ýagdaýlaryny gowulandyrmagyny we zenanlaryň hukuklarynyň we mümkinçiliklerініň giňeldilmegini üpjün etmek ugrunda ähli zerur çäreleri görýär.

7-nji madda
Maýyp çagalar

1. Gatnaşyjy döwletler maýyp çagalaryň beýleki çagalar bilen deň hatarda ähli adam hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň doly amala aşyrylmagyny üpjün etmek ugrunda ähli zerur çäreleri görýär.

2. Maýyp çagalara ugrukdyrylan ähli hereketlerde çaganyň iň ýokary bähbitlerine ilkinji hatarda üns berilýär.

3. Gatnaşyjy döwletler beýleki çagalar bilen deň hatarda maýyp çagalaryň özlerine degişli bolan ähli meseleler boýunça öz ýaşyna laýyk gelýän, talabalaýyk serediljek garaýyşlaryny erkin ýagdaýda beýan etmek we şu hukugy amala aşyrmak üçin maýyplyga we ýaşyna laýyk gelýän degişli kömegi almak hukugyny üpjün edýär.

8-nji madda
Aň-bilim-terbiýeçilik işi

1. Gatnaşyjy döwletler aşakdakylar ugrunda gaýragoýulmasyz, netijeli we talabalaýyk çäreleri görmäge borçlanýar:

a) tutuş jemgyýetiň, şol sanda maşgala derejesinde maýyplyk meseleleri boýunça aň-bilim derejesini ýokarlandyrmak we maýyplaryň hukuklaryna hem-de mertebelerine sarpa goýulmagyny berkitmek;

b) durmuşyň ähli pudaklarynda, şol sanda jynsy degişliligi we ýaşy boýunça maýyplar babatda stereotiplere, ýalan düşünjelere we zyýanly däplere garşy göreşmek;

ç) maýyplaryň mümkinçiliklerini we goşantlaryny wagyz etmek.

2. Şu maksat bilen görülýän çärelere aşakdakylary öz içine alýar:

a) aşakdakylara gönükdirilen netijeli jemgyýetçilik-aň-bilim beriş kampaniýalaryny döretmek we alyp barmak:

1. maýyplaryň hukuklaryna duýgurlygy kemala getirmek;

2. maýyplar barada oňyn düşünjeleri we jemgyýetiň olara has gowy düşünmegini höweslendirmek;

3. maýyplaryň endikleriniň mertebeleriniň we başarnyklarynyň, şeýle-de olaryň iş ýerinde we zähmet bazarynda goşandynyň ykrar edilmegine ýardam bermek;

b) bilim beriş ulgamynyň ähli derejelerinde, şol sanda ýaş döwürden başlap ähli çagalarda maýyplaryň hukuklaryna sarpa bilen garamaklygy terbiýelemek;

ç) köpçülikleýin habar beriş boýunça ähli edaralarda maýyplaryň şu Konwensiýanyň maksadyna laýyk gelýän şekillendirilmegini höweslendirmek;

d) maýyplara we olaryň hukuklaryna bagyşlanan terbiýeçilik-tanyşdyryş maksatnamalaryny öňe sürmek.

9-njy madda
Elýeterlilik

1. Maýyplara garaşsyz durmuş ýörelgesini alyp barmak we durmuşyň ähli aspektlerine ählitaraplaýyn gatnaşmak mümkinçiligini bermek üçin, gatnaşyjy döwletler maýyplaryň beýlekiler bilen deň hatarda fiziki gurşawa, ulaga, maglumata we aragatnaşyga, şol sanda maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryna we ulgamlaryna, şeýle-de

şäherde we oba ýerlerinde ilat üçin açyk we elýeter bolan beýleki desgalara we hyzmatlara elýeterliligi üpjün etmek üçin zerur çäreleri görýär. Elýeterlilige päsgel berýän kynçylyklary we barýerleri ýüze çykarmagy we aradan aýyrmagy öz içine alýan şu çäreler, esasan hem, aşakdakylara ýaýradylmaly:

a) binalara, ýollara, ulag we beýleki içerki ýa-da daşarky desgalara, şol sanda mekdepler, ýaşaýyş jaýlary, lukmançylyk edaralary we iş ýerleri;

b) maglumat, aragatnaşyk we beýleki gulluklar, şol sanda elektron gulluklary we adatdan daşary gulluklar;

2. Şeýle de gatnaşyjy döwletler aşakdakylar üçin zerur çäreleri görýär:

a) ilat üçin açyk bolan ýa-da üpjün edilýän desgalaryň we hyzmatlaryň elýeterli bolmagyny göz öňünde tutýan iň az standartlary we görkezmeleri işläp düzmek, olary herekete girizmek we olaryň berjaý edilişine gözegçilik etmek;

b) ilat üçin açyk bolan ýa-da üpjün edilýän desgalary we hyzmatlary hödürleýän hususy edaralaryň maýyplar üçin elýeterliligiň ähli aspektlerini göz öňünde tutmagyny üpjün etmek;

ç) işe çekilen ähli taraplar üçin maýyplaryň duçar bolýan elýeterlilik bilen baglanyşykly meseleleri boýunça görkezme beriş okuwlaryny guramak;

d) ilat üçin açyk bolan binalary we beýleki desgalary Braýliň elipbiýinde ýazylan hem-de aňsat okalýan we düşnükli görnüşdäki belgiler bilen üpjün etmek;

e) ilat üçin açyk bolan binalaryň we beýleki desgalaryň elýeterliligini aňsatlaşdyrmak üçin ýardam berijileriň we araçylaryň, şol sanda geçirijileriň, okyjylaryň we alamat diliniň hünärmen surdoterjimeçileriniň hyzmatlarynyň dürli görnüşlerini üpjün etmek;

ä) maýyplar üçin maglumatyň elýeterliligini üpjün edýän ýardam we goldaw bermegiň beýleki talabalaýyk görnüşleri ösdürmek;

f) maýyplar üçin täze maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň, şol sanda Internet ulgamynyň elýeterliligini höweslendirmek;

g) ilkibaşda elýeter bolan maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň we ulgamlarynyň iň pes çykdajyda taslamasynyň işlenilip düzülmegini, öndürilmegini we ýaýradylmagyny höweslendirmek.

10-njy madda
Ýaşamaga hukugy

Gatnaşyjy döwletler her bir adamyň ýaşamaga bolan aýrylmaz hukugyny ýene-de tassyklaýar we onuň, beýlekiler bilen deň hatarda, maýyplar tarapyndan netijeli ulanylmagyny üpjün etmek üçin ähli zerur çäreleri görýär.

11-nji madda
Töwekgelçilik ýagdaýy we adatdan daşary ynsanperwer ýagdaýlary

Gatnaşyjy döwletler halkara hukugy, şol sanda halkara ynsanperwer hukugy we adam hukuklary boýunça halkara hukugy babatda öz borçnamalaryna laýyklykda, töwekgelçilik ýagdaýlarynda, şol sanda ýaragly gapma-garşylyklar, adatdan daşary ynsanperwer ýagdaýlarynda we tebigy betbagtçylyklar wagty maýyplaryň goraglylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek üçin ähli zerur çäreleri görýär.

12-nji madda
Kanunyň öňünde deňlik

1. Gatnaşyjy döwletler her bir maýybyň bolýan ýerine bagly bolmazdan, deň hukuk goraglylygyna hukugynyň bardygyny tassyklaýar.

2. Gatnaşyjy döwletler ýaşaýşyň ähli aspektlerinde maýyplaryň beýlekiler bilen deň derejede hukuk ukybynyň bardygyny ykrar edýär.

3. Gatnaşyjy döwletler maýyplaryň öz hukuk ukybyndan peýdalanan wagty zerur bolup biljek goldawyň elýeterliligini üpjün etmek üçin zerur çäreleri görýär.

4. Gatnaşyjy döwletler hukuk ukybyny amala aşyrmak bilen baglanyşykly ähli çäreleriň adam hukuklary boýunça halkara hukugyna laýyklykda, hyýanatçylykly peýdalanmagyň öňüni almagyň talabalaýyk we netijeli kepilliklerini göz öňünde tutmagyny üpjün edýär. Şeýle kepillikler hukuk ukybyny amala aşyrmak bilen baglanyşykly çäreleriň şahsyýetiň hukuklaryna, erkine we isleglerine sarpa goýmaga gönükdirilmegini, bähbitleriň gapma-garşylygyndan we ýerliksiz täsirden azat bolmagyny, şol şahsyýetiň ýagdaýyna laýyk gelmegini we oňa esaslanmagyny, mümkin boldugyndan gysga möhletiň dowamynda ulanylmagyny, şeýle-de ygtyýarly, garaşsyz we bitarap edara ýa-da kazyýet edarasy tarapyndan barlanmagyny üpjün etmeli. Şeýle kepillikler şu çäreleriň şol şahsyýetiň hukuklaryna we bähbitlerine täsir edýän derejä laýyk gelmeli.

5. Şu maddanyň düzgünlerini hasaba almak bilen, gatnaşyjy döwletler maýyplaryň emläge eýelik etmek we ony mirasa almak, öz maliýe işlerini dolandyrmak bilen baglanyşykly deň hukuklaryny, şeýle-de bank karzlarynyň, ipoteka karzlarynyň we maliýe karzlarynyň beýleki görnüşleriniň olar üçin elýeterli bolmagyny üpjün etmek üçin ähli talabalaýyk we netijeli çäreleri görýär hem-de maýyplaryň hiç haçan öz eýeçiliginden esassyz ýagdaýda mahrum edilmezligini üpjün edýär.

13-nji madda
Adyl kazyýetligiň elýeterliligi

1. Gatnaşyjy döwletler beýlekiler bilen bir hatarda, maýyplar üçin adyl kazyýetliginiň netijeli elýeterliligini üpjün edýär, şol sanda hukuk prosesiniň ähli tapgyrlarynda, şol sanda derňew tapgyrynda we deslapky iş alyp barmagyň beýleki tapgyrlarynda olara göni we gytaklaýyn gatnaşyjylar, şol sanda şaýatlar hökmünde öz orunlaryny netijeli ýerine ýetirmegini aňsatlaşdyrýan, prosessual we ýaşyna laýyk gelýän düzetmeleri göz öňünde tutýar.

2. Maýyplar üçin adyl kazyýetliginiň netijeli elýeterliligini üpjün etmek üçin ýardam bermek maksady bilen, gatnaşyjy döwletler adyl kazyýetlik ulgamynda, şol sanda polisiýada we penitensiar ulgamynda işleýän şahslaryň talabalaýyk okadylmagyna ýardam berýär.

14-nji madda
Azatlyk we şahsy eldegrilmesizlik

1. Gatnaşyjy döwletler maýyplaryň beýlekiler bilen deň hatarda aşakdakylary üpjün edýär:

a) azatlyga we şahsy eldegrilmesizlige bolan hukukdan peýdalanmak;

b) bikanun ýa-da esassyz ýagdaýda azatlykdan mahrum edilmezlik, islendik azatlykdan mahrum edilme kanuna laýyk gelmeli, maýyplygyň bolmagy bolsa hiç bir ýagdaýda azatlykdan mahrum edilmegiň esasy bolmaly däl.

2. Gatnaşyjy döwletler maýyplaryň haýsy hem bolsa bir tertibiň esasynda azatlykdan mahrum edilen halatynda, olar üçin beýlekiler bilen bir hatarda adam hukuklary boýunça halkara hukugyna laýyk gelýän kepillikleriň berilmegini, hem-de olara şu Konwensiýanyň maksatlaryna we ýörelgelerine laýyklykda garalmagyny, şol sanda amatly uýgunlaşdyrmany üpjün edýär.

15-nji madda
Gynamalardan we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmelerden we jezalardan azatlyk

1. Hiç kim gynamalara ýa-da rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmelere ýa-da jezalara sezewar edilmeli däl. Hususan, hiç bir şahs özüniň erkin razylygy bolmazdan lukmançylyk ýa-da ylmy tejribelere sezewar edilmeli däl.

2. Gatnaşyjy döwletler maýyplaryň beýlekiler bilen deň hatarda gynamalara ýa-da rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmelere ýa-da jezalara sezewar edilmezligi ugrunda ähli netijeli kanuny, dolandyryş, kazyýet we beýleki çäreleri görýär.

16-njy madda
Ekspluatasiýadan, zorlukdan we sütemden azatlyk

1. Gatnaşyjy döwletler maýyplar öýde, şeýle-de onuň daşynda ekspluatasiýanyň, zorlugyň we sütemiň ähli görnüşlerinden, şol sanda gender meseleleri bilen bagly aspektlerden goramak ugrunda ähli talabalaýyk kanuny, dolandyryş, sosial, bilim beriş we beýleki çäreleri görýär.

2. Gatnaşyjy döwletler ekspluatasiýanyň, zorlugyň we sütemiň ähli görnüşleriniň öňüni almak ugrunda ähli talabalaýyk çäreleri görýär we ekspluatasiýanyň, zorlugyň we sütemiň ýüze çykmalarynyň nädip öňüni alyp bolýandygy, olary nädip kesgitläp we olar barada nädip habar berip bolýandygy baradaky mesele bilen tanyşdyrmagyň we bilim bermegiň üsti bilen, maýyplar, olaryň maşgalalary we maýyplara ideg edýän şahslar üçin, esasan hem, ýaş we jyns aýratynlyklaryny hasaba alýan kömegiň we goldawyň laýyk gelýän görnüşlerini üpjün edýär. Gatnaşyjy döwletler kömegi üpjün etmek boýunça hyzmatlaryň ýaş we jyns aýratynlyklaryny, hem-de maýyplyk faktoryny hasaba almak bilen berilmegini üpjün edýär.

3. Ekspluatasiýanyň, zorlugyň we sütemiň ähli görnüşlerini öňüni almagy maksat edinip, gatnaşyjy döwletler maýyplara hyzmat etmek üçin niýetlenen ähli edaralaryň we maksatnamalaryň garaşsyz edaralaryň berk gözegçiliginde saklanmagyny üpjün edýär.

4. Gatnaşyjy döwletler ekspluatasiýanyň, zorlugyň we sütemiň islendik görnüşiniň pidasy bolan maýyplaryň fiziki, kognitiw we psihologik dikeldişine, reabilitasiýasyna we sosial reintegrasiýasyna ýardam bermek, şol sanda goragy üpjün etmek boýunça hyzmatlary bermek ugrunda ähli talabalaýyk çäreleri görýär. Şeýle dikeldişler we reintegrasiýa degişli şahsyň saglygyny, abadançylygyny, özüne hormatyny, mertebesini we özbaşdaklygyny berkitmäge ýardam berýän gurşawda bolup geçýär we ýaş hem-de jyns aýratynlyklaryna esaslanan zerurlyklary hasaba almak bilen amala aşyrylýar.

5. Gatnaşyjy döwletler maýyplar babatda ekspluatasiýa, zorluk we sütem ýagdaýlarynyň ýüze çykarylmagyny, derňelmegini we talabalaýyk ýagdaýlarda jezalandyrylmagyny üpjün etmek üçin, şol sanda, zenanlara we çagalara gönükdirilen netijeli kanunçylygy we strategiýalary kabul edýär.

17-nji madda
Şahsy bitewüligi goramak

Her bir maýybyň beýlekiler bilen deň hatarda özüniň fiziki we psihiki bitewüligine sarpa goýulmagyna haky bar.

18-nji madda
Hereket azatlygy we raýatlyk

1. Gatnaşyjy döwletler maýyplaryň beýlekiler bilen deň hatarda hereket azatlygyna, ýaşajak ýerini saýlamak azatlygyna we raýatlyga bolan hukuklaryny ykrar edýär, şol sanda maýyplar üçin aşakdakylaryň üpjün edilmeginiň üsti bilen:

a) raýatlygy almak we üýtgetmek hukugy we esassyz ýagdaýda ýa-da maýyplyk zerarly raýatlykdan mahrum edilmezlik;

b) maýyplyk zerarly özleriniň raýatlygyny tassyklaýan resminamalary ýa-da olaryň şahsyýetini tassyklaýan beýleki resminamalaryny almak, şeýle resminamalara eýelik etmek ýa-da olardan peýdalanmak, ýa-da hereket azatlygyna bolan hukukdan peýdalanmagy ýeňilleşdirmek üçin zerur boljak degişli tertipleri, mysal üçin, immigrasiýa tertiplerini ulanmak mümkinçiliginden mahrum bolmazlyk;

ç) islendik ýurtdan, şol sanda öz ýurdundan erkin ýagdaýda gitmek hukugynyň bolmagy;

d) esassyz ýagdaýda ýa-da maýyplyk zerarly öz ýurduna gelmek hukugyndan mahrum edilmezlik.

2. Maýyp çagalar dessine dogluşdan soň bellige alynýar we doglan pursadyndan başlap olaryň öz adyna, raýatlygy almaga hukugy bar, şeýle-de mümkin bolan derejede öz ene-atalaryny bilmek we olaryň idegine bolan hukugyna eýe bolýar.

19-njy madda
Özbaşdak durmuşy alyp barmak we ýerli jemgyýete gatnaşmak

Şu Konwensiýanyň gatnaşyjy döwletleri beýlekiler bilen deň bolan saýlama hukugy bilen ähli maýyplaryň adaty ýaşaýyş ýerlerinde ýaşamaga bolan deň hukugyny ykrar edýär we maýyplaryň şu hukugyny doly derejede amala aşyrmaga we olaryň ýerli jemgyýete doly derejede girizilmegine we gatnaşmagyna ýardam bermek ugrunda, şol sanda aşakdakylary üpjün etmek üçin netijeli we talabalaýyk çäreleri görýär:

a) maýyplaryň beýleki adamlar bilen deň hatarda öz ýaşajak ýerini we kim bilen ýaşajagyny saýlamak mümkinçiligi bolmaly we haýsy hem bolsa bir kesgitli ýaşaýyş şertlerinde ýaşamaga borçly bolmaly däl;

b) maýyplar üçin ýerli jemgyýetde ýaşaýşy we oňa girizilmegini goldamak üçin, şeýle-de ýerli jemgyýetden aýrylmazlygyň ýa-da bölünmezligiň öňüni almak üçin zerur bolan ýerli jemgyýetiň esasynda öýde, ýaşaýan ýeri boýunça we beýleki ýardam beriş hyzmatlarynyň dürli görnüşleri, şol sanda şahsy kömek elýeter bolmaly;

ç) umumy ilat üçin niýetlenen umumy ulanyş hyzmatlary we desgalary maýyplar üçin deň derejede elýeter bolmaly we olaryň zerurlyklaryna laýyk gelmeli.

20-nji madda
Şahsy hereketlilik

Gatnaşyjy döwletler maýyplaryň özbaşdaklygynyň iň ýokary derejesi bilen, olaryň şahsy hereketliligini üpjün etmek üçin netijeli, şol sanda aşakdakylaryň üsti bilen çäreleri görýär:

a) maýyplaryň saýlaýan usuly, saýlaýan wagty boýunça we elýeterli bahadan şahsy hereketliligine ýardam bermek;

b) maýyplar üçin hereketliligi ýeňilleşdirýän ýokary hilli serişdeleriň, enjamlaryň, goldaw beriş tehnologiýalarynyň we kömekçileriň hem-de araçylaryň hyzmatlarynyň, şol sanda olary elýeterli bahadan üpjün etmegiň üsti bilen elýeter bolmagyny aňsatlaşdyrmak;

ç) maýyplara we olar bilen işleýän işgärlere hereketlilik endiklerini öwretmek;

d) hereketliligi aňsatlaşdyrýan serişdeleri, enjamlary, goldaw beriş tehnologiýalary öndürýän kärhanalary maýyplaryň hereketliliginiň ähli aspektlerini hasaba almaga höweslendirmek.

21-nji madda
Pikirleri we garaýyşlaryň beýan etmek azatlygy we maglumata elýeterlilik

Gatnaşyjy döwletler maýyplaryň pikirleri we garaýyşlary beýan etmek azatlygy hukugyndan, şol sanda beýlekiler bilen deň hatarda maglumaty we pikirleri gözlemek, almak we ýaýratmak azatlygy hukugyndan peýdalanyp bilmegini, şu Konwensiýanyň 2-nji maddasynda kesgitlenen, özüniň saýlamagy boýunça aragatnaşygyň ähli görnüşlerinden, şol sanda aşakdakylardan peýdalanmagyny üpjün etmek üçin ähli talabalaýyk çäreleri görýär:

a) maýyplygyň dürli görnüşlerini hasaba alýan tehnologiýalary ulanmak bilen, maýyplaryň halk köpçüligi üçin niýetlenen maglumat bilen elýeter görnüşlerde öz wagtynda we goşmaça töleg edilmezden üpjün edilmegi;

b) Resmi gatnaşyklarda: üm-yşarat dillerini, Braýliň elipbiýini, aragatnaşygyň güýçlendiriji we alternatiw usullaryny, şeýle-de maýyplaryň saýlamagy boýunça aragatnaşygyň ähli beýleki elýeter bolan usullaryny, görnüşlerini we formatlaryny ulanmagy kabul etmek we ýardam bermek;

ç) halk köpçüligine, şol sanda Internet ulgamynyň üsti bilen hyzmat edýän hususy kärhanalary maýyplar üçin elýeter we laýyk bolan görnüşlerde maglumaty üpjün etmäge işjeň höweslendirmek;

d) köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, şol sanda Internet ulgamynyň üsti bilen maglumaty üpjün edýän serişdeleri hyzmatlaryny maýyplar üçin elýeter görnüşde üpjün etmäge höweslendirmek;

e) üm-yşarat dillerini ulanmagy kabul etmek we höweslendirmek.

22-nji madda
Şahsy durmuşyň eldegrilmesizligi

1. Ýaşaýan ýerine ýa-da ýaşaýyş şertlerine garamazdan, hiç bir maýybyň şahsy durmuşynyň, maşgalasynyň, jaýynyň ýa-da ýazyşmasynyň hem-de aragatnaşygyň beýleki görnüşleriniň eldegrilmesizligine esassyz ýa-da bikanun päsgelçilik berilmeli däl

ýa-da ol abraýyna we mertebesine bikanun hüjümlere sezewar edilmeli däl. Maýyplaryň şeýle hüjümlerden kanun tarapyndan goralmaga hukugy bar.

2. Gatnaşyjy döwletler beýlekiler bilen deň hatarda maýyplaryň şahsyýeti, saglyk ýagdaýy we dikeldişi barada maglumatyň gizlinligini goraýar.

23-nji madda
Öýe we maşgala hormat goýmak

1. Gatnaşyjy döwletler nika, maşgala, atalyk, enelik we şahsy gatnaşyklar bilen baglanyşykly ähli meselelerde maýyplar babatda kemsitmäni aradan aýyrmak üçin netijeli we talabalaýyk çäreleri görýär we aşakdakylary üpjün etmäge çemeleşýär:

a) nika ýaşyna ýeten ähli maýyplaryň nikalaşýanlaryň erkinlik we doly razylyk esasynda öýlenmäge we maşgala döretmäge bolan hukugyny ykrar etmek;

b) maýyplaryň çagalaryň sany we olaryň dogluşynyň arasyndaky arakesmeler barada erkin we jogapkärli çözgüt kabul etmek, şeýle-de reproduktiw özüňi alyp baryş we maşgalany meýilleşdirmek meseleleri boýunça ýaşyna laýyk gelýän maglumatyň we bilimiň elýeterliligine hem-de olara şu hukuklardan peýdalanmaga ýardam berýän serişdeleriň üpjün edilmegine bolan hukuklaryny ykrar etmek;

ç) maýyplaryň, şol sanda çagalaryň beýlekiler bilen deň hatarda öz önelgeliligini saklamagy.

2. Gatnaşyjy döwletler maýyplaryň hossarlyga, howandarlyga almak, perzentlige almak ýa-da şuňa meňzeş hereketlere bolan hukuklaryny we borçlaryny, olar milli kanunçylykda bolan ýagdaýynda, üpjün edýär; ähli ýagdaýlarda çaganyň iň ýokary bähbitleri ileri tutulýar. Gatnaşyjy döwletler çagalary terbiýelemek boýunça öz borçlaryny ýerine ýetirmekde maýyplara talabalaýyk kömegi berýär.

3. Gatnaşyjy döwletler maýyp çagalaryň maşgala durmuşy babatda deň hukuklarynyň bolmagyny üpjün edýär. Şu hukuklary amala aşyrmak üçin we maýyp çagalaryň gizlenilmeginiň,

galdyrylmagynyň, olara ideg etmekden gaça durmagyň we olary tapawutlandyrmagyň öňüni almak üçin, gatnaşyjy döwletler ilkibaşdan maýyp çagalary we olaryň maşgalalaryny ählitaraplaýyn maglumat, hyzmatlar we goldaw bilen üpjün etmäge borçlanýar.

4. Gatnaşyjy döwletler çaganyň öz ene-atasyndan olaryň erkine garşy aýrylmazlygyny üpjün edýär, ulanylýan kanunlara we tertiplere laýyklykda kazyýet tarapyndan gözegçilik edilýän ygtyýarly edaralaryň şeýle mahrum etmäniň çaganyň iň ýokary bähbitleri üçin zerur bolýandygy barada kesgitlän ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda. Hiç bir ýagdaýlarda çaga öz maýyplygy ýa-da ene-atasynyň biriniň ýa-da ikisiniň maýyplygy zerarly ene-atasyndan aýrylyp bilinmez.

5. Iň ýakyn garyndaşlaryň maýyp çaga ideg etmäge mümkinçiligi bolmasa, gatnaşyjy döwletler beýleki garyndaşlary çekmegiň, şeýle mümkinçiligiň bolmadyk ýagdaýyna, çaganyň ýerli jemgyýetde ýaşamagy üçin maşgala şertlerini döretmegiň üsti bilen alternatiw idegi üpjün etmäge ähli tagallalary etmäge borçlanýar.

24-nji madda
Bilim

1. Gatnaşyjy döwletler maýyplaryň bilim almaga bolan hukugyny ykrar edýär. Kemsitmesiz we mümkinçilikleriň deňligi esasynda şu hukukdan peýdalanmak üçin, gatnaşyjy döwletler ähli derejelerde inklýuziw bilimi we tutuş ýaşaýşyň dowamynda okuwy üpjün edýär hem-de aşakdakylara çemeleşýär:

a) adam mümkinçiliklerini, şol sanda mertebe we özüňe sarpa goýmak duýgusyny doly derejede ösdürmek we çaga hukuklaryna, esasy azatlyklara we adamzadyň köpdürlüligine sarpa goýmagy güýçlendirmek;

b) iň doly derejede maýyplaryň şahsyýetini, zehinlerini we döredijiligini, şeýle-de olaryň akyl we fiziki başarnyklaryny ösdürmek;

ç) maýyplara azat jemgyýetiň durmuşyna netijeli gatnaşmak mümkinçiligini bermek;

2. Şu hukuk amala aşyrylanda, gatnaşyjy döwletler aşakdakylary üpjün edýär:

a) maýyplar maýyplygy zerarly umumy bilim beriş ulgamyndan, maýyp çagalar bolsa mugt we hökmany başlangyç bilim ýa-da orta bilim ulgamlaryndan aýrylmaly däl;

b) maýyplar üçin öz ýaşaýan ýerlerinde beýlekiler bilen deň hatarda inklýuziw, ýokary hilli we mugt başlangyç bilim we orta bilim elýeter bolmaly;

ç) aýratyn zerurlyklary hasaba alýan amatly uýgunlaşdyrma üpjün edilmeli;

d) maýyplar umumy bilim beriş ulgamynyň içinde netijeli okamagy üçin talap edilýän goldaw bilen üpjün edilmeli;

e) bilimleriň berkidilmegine we sosial ösüşe iň uly derejede ýardam berýän şertlerde, doly gurşap almak maksady bilen, şahsy goldawyň guralmagy boýunça netijeli çäreler görülmeli.

3. Gatnaşyjy döwletler maýyplaryň ýerli jemgyýetiň agzalary hökmünde we bilim beriş prosesinde doly we deň gatnaşygyny aňsatlaşdyrmak üçin, olara durmuş we sosial başarnyklara eýe bolmaga mümkinçilik berýär. Gatnaşyjy döwletler bu ugurda degişli çäreleri, şol sanda aşakdaky çäreleri görýär:

a) Braýliň elipbiýini, alternatiw şriftleri, aragatnaşygyň güýçlendiriji we alternatiw usullaryny, görnüşlerini we formatlaryny, şeýle-de ugrukdyrmanyň we hereketliligiň başarnyklaryny öwrenmäge hem-de deň-duşlaryndan goldawa we halypaçylyga ýardam berýär;

b) üm-yşarat dilini öwrenmäge we ker adamlaryň dil babatda aýratynlygyny höweslendirmäge ýardam berýär;

ç) kör, ker, kör we ker bolup durýan şahslaryň, esasan hem çagalar üçin iň laýyk gelýän dillerde, usullarda we aragatnaşygyň serişdelerinde hem-de bilimleriň öwredilmegine we sosial ösüşe iň ýokary derejede ýardam berýän şertlerde okadylmagyny üpjün edýär.

4. Şu hukukyň amala aşyrylmagyny üpjün etmäge ýardam bermek üçin, gatnaşyjy döwletler üm-yşarat dilini we/ýa-da Braýliň elipbiýini bilýän mugallymlary, şol sanda maýyp mugallymlary işe çekmek, şeýle-de bilim beriş ulgamynyň ähli derejelerinde işleýän

hünärmenleri we işgärleri okatmak üçin talabalaýyk çäreleri görýär. Şeýle okatma maýyplyk barada bilim bermegi we maýyplara goldaw bermek üçin aragatnaşygyň laýyk gelýän we güýçlendiriji usullaryny, görnüşlerini we formatlaryny, okuw usulyýetlerini we materiallaryny ulanmagy gurşap alýar.

5. Gatnaşyjy döwletler maýyplar üçin kemsitmesiz we beýlekiler bilen deň hatarda umumy ýokary bilimiň, hünär okuwynyň, uly adamlar üçin bilimiň we tutuş ýaşaýşyň dowamynda bilimiň elýeterliligini üpjün edýär. Şu maksat bilen, gatnaşyjy döwletler maýyplar üçin amatly uýgunlaşdyrmany üpjün edýär.

25-nji madda
Saglyk

Gatnaşyjy döwletler maýyplyk alamaty boýunça kemsitmesiz, ähli maýyplar üçin ýetip bolýan iň ýokary saglyk derejesiniň elýeter bolmagyny üpjün edýär. Gatnaşyjy döwletler maýyplar üçin gender aýratynlyklaryny hasaba alýan saglygy goraýyş pudagyndaky hyzmatlary, şol sanda saglyk ýagdaýy boýunça dikeldişiň elýeter bolmagy ugrunda ähli zerur çäreleri görýär. Esasan hem, gatnaşyjy döwletler:

a) beýleki şahslara ýaly, maýyplara hem saglygy goraýyş, şol sanda jyns we reproduktiw saglygy pudagynda hem-de ilata hödürlenýän saglygy goraýyş boýunça döwlet maksatnamalarynyň çäginde mugt ýa-da gymmat däl hyzmatlaryň we maksatnamalaryň toplumyny, hilini we derejesini üpjün edýär;

b) saglygy goraýyş ulgamynda maýyplara gönüden-göni olaryň maýyplygy sebäpli zerur hyzmatlary, şol sanda irki anyklaýşy, zerur ýagdaýlarda bolsa – çagalaryň we uly ýaşlylaryň arasynda hem maýyplygyň mundan beýläk ýüze çykmagyny azaltmaga ýa-da öňüni almaga gönükdirilen düzetmäni we hyzmatlary üpjün edýär;

ç) saglygy goraýyş ulgamynda şeýle hyzmatlary mümkin boldugyça şu adamlaryň ýaşaýan ýerleriniň ýanynda, şol sanda oba ýerlerinde guraýar;

d) saglygy goraýyş ulgamynyň hünärmenlerinden azat we habarly razylygyň esasynda beýleki şahslara ýaly hilde hyzmatlary

üpjün etmegini, şol sanda beýlekiler bilen bir hatarda adam hukuklary, mertebesi, özbaşdaklygy we maýyplaryň zerurlyklary barada habardarlygy ýokarlandyrmagyň esasynda we döwlet hem-de hususy saglygy goraýyş ulgamy üçin etiki standartlarynyň kabul edilmeginiň üsti bilen talap edýär;

e) lukmançylyk ätiýaçlandyrmasy we milli hukuk tarapyndan rugsat berlen ýagdaýda durmuş ätiýaçlandyrmasy berlende, maýyplar babatda kemsitmäni gadagan edýär we onuň adalatly hem-de esasly ýagdaýda berilmegini göz öňünde tutýar;

ä) maýyplyk sebäpli saglygy goraýyş ulgamyndan ýa-da bu pudakdaky hyzmatlardan, ýa-da iýmiti we suwy almakdan kemsitme ret edilmegine ýol bermeýär.

26-njy madda
Abilitasiýa we dikeldiş

1. Gatnaşyjy döwletler, şol sanda beýleki maýyplaryň goldaw bermeginde, maýyplara iň ýokary derejede özbaşdaklyga, doly fiziki, aň, sosial we professional başarnyklaryny we ýaşaýşyň ähli aspektlerine doly girizilmegine ýetmek we ony saklamak mümkinçiligini bermek ugrunda netijeli we zerur çäreleri görýär. Şu maksat bilen, gatnaşyjy döwletler, esasan hem, saglygy goraýyş, iş üpjünçilik, bilim we sosial hyzmat ediş ulgamlarynda toplumlaýyn abilitasiýa we dikeldiş hyzmatlaryny we maksatlaryny guraýar, berkidýär we giňeldýär, şeýlelikde, şu hyzmatlar we maksatnamalar:

a) mümkin bolandan ir wagtda durmuşa geçirilmeli we şahsyň zerurlyklaryna we güýçli taraplarynda köpugurly baha berişe esaslanmaly;

b) ýerli jemgyýete we jemgyýetiň ähli aspektlerine girizilmegine ýardam bermeli, meýletin häsiýete eýe bolmaly we maýyplar üçin mümkin boldugyndan olaryň ýaşaýan ýerleriniň ýanynda, şol sanda oba ýerlerinde elýeter bolmaly.

2. Gatnaşyjy döwletler abilitasiýa we dikeldiş hyzmatlary ulgamynda işleýän hünärmenleriň we işgärleriň ilkibaşdaky we soňky okuwyny höweslendirýär.

3. Gatnaşyjy döwletler maýyplar üçin niýetlenen abilitasiýa we dikeldiş boýunça ýardam beriş enjamlaryň we tehnologiýalaryň bolmagyny, olar barada bilmegi we olary ulanmagy höweslendirýär.

27-nji madda
Zähmet we iş üpjünçiligi

1. Gatnaşyjy döwletler beýlekiler bilen deň hatarda maýyplaryň zähmete bolan hukugyny ykrar edýär; ol zähmet bazarynyň we önümçilik gurşawynyň maýyplar üçin açyk, inklýuziw we elýeter şertlerinde maýyp şahsyň erkin ýagdaýda saýlan ýa-da erkin ýagdaýda razy bolan zähmetiniň üsti bilen öz ýaşaýşy üçin gazanç etmek mümkinçiligine bolan hukugyny öz içine alýar. Gatnaşyjy döwletler, esasan hem, aşakdakylara gönükdirilen zerur çäreleri kanuny tertipde kabul etmegiň üsti bilen, şol sanda zähmet işi wagtynda maýyplygy alýan şahslar tarapyndan zähmete bolan hukugynyň amala aşyrylmagyny üpjün edýär we höweslendirýär:

a) iş bilen üpjünçiligiň ähli görnüşleri, şol sanda işe kabul etmegiň şertleri, işe kabul edilmegi we iş üpjünçiligi, işiň saklanmagy, işde ýokary wezipä geçmek we zähmetiň howpsuz we sagdyn şertleri bilen baglanyşykly ähli meseleler babatda maýyplyk esasynda kemsitmäni gadagan etmek;

b) beýlekiler bilen deň hatarda maýyplaryň adalatly we amatly zähmet şertlerine, şol sanda deň gymmatly zähmet üçin deň mümkinçilikleriň we deň hakyň berilmegine, zähmetiň howpsuz we sagdyn şertlerine, şol sanda azar bermekden goralmaga we arz-şikaýatlary kanagatlandyrmaga bolan hukuklaryny goramak;

ç) maýyplaryň beýlekiler bilen deň hatarda öz zähmet we kärdeşler arkalaşygynyň hukuklaryndan peýdalanyp bilmegini üpjün etmek;

d) maýyplara umumy tehniki we hünär gözükmeklik maksatnamalarynyň, iş üpjünçilik gulluklarynyň hem-de hünär we üznüksiz okuwyň netijeli ýagdaýda elýeter bolmagynyň mümkinçiligini bermek;

e) zähmet bazarynda maýyplaryň iş bilen üpjünçilik we işde ýokary wezipä geçmek mümkinçiliklerini giňeltmek, şeýle-de işi gözlemekde, tapmakda, saklamakda we täzelemekde ýardam bermek;

ä) şahsy zähmet işi, telekeçilik, kooperatiwleri ösdürmek we öz hususy işini guramak boýunça mümkinçilikleri giňeltmek;

f) döwlet sektorynda maýyplary işe almak;

g) oňyn hereketleriň maksatnamasyny, höweslendirmeleri we beýleki çäreleri öz içine alyp bilýän talabalaýyk strategiýalaryň we çäreleriň kömegi bilen hususy sektorda maýyplary işe almagy höweslendirmek;

h) maýyplar üçin iş ýeriniň amatlylygyny üpjün etmek;

i) açyk zähmet bazary şertlerinde maýyplaryň tejribe almagyny höweslendirmek;

j) maýyplar üçin hünär we hünär derejeli dikeldiş maksatnamalaryny, iş ýerlerini saklamagy we işe dolanmagy höweslendirmek.

2. Gatnaşyjy döwletler maýyplaryň gulçulykda ýa-da azat bolmadyk ýagdaýda saklanmazlygyny hem-de beýlekiler bilen deň hatarda mejbury ýa-da hökmany zähmetden goraglylygyny üpjün edýär.

28-nji madda
Ýeterlik ýaşaýyş derejesi we goragy

1. Gatnaşyjy döwletler maýyplaryň olaryň özleri we maşgalalary üçin ýeterlik ýaşaýyş derejesine, şol sanda ýeterlik iýmitlenmesine, egin-eşiklere we ýaşaýan ýerine, şeýle-de ýaşaýyş şertleriniň üznüksiz gowulandyrylmagyna bolan hukugyny ykrar edýär we maýyplyk esasynda kemsidilmezden şu hukukdan peýdalanmagy üpjün etmek we höweslendirmek üçin talabalaýyk çäreleri görýär.

2. Gatnaşyjy döwletler maýyplaryň durmuş goragyna we maýyplyk esasynda kemsidilmezden şu hukukdan peýdalanmaga bolan hukugyny ykrar edýär we şu hukugyň amala aşyrylmagyny üpjün etmek we höweslendirmek üçin talabalaýyk çäreleri, şol sanda aşakdaky çäreleri görýär:

a) maýyplar üçin arassa suwuň deň derejede elýeterliligi we maýyplyk bilen baglanyşykly zerurlyklary kanagatlandyrmak üçin talabalaýyk we gymmat bolmadyk hyzmatlaryň, enjamlaryň we beýleki kömegiň elýeterligini üpjün etmek boýunça;

b) maýyplar, esasan hem, maýyp zenanlar, gyzlar we uly ýaşly adamlar üçin durmuş goragy boýunça maksatnamalaryna we garyplygyň möçberini azaltmak boýunça maksatnamalaryň elýeterliligini üpjün etmek boýunça;

ç) garyplyk şertlerinde ýaşaýan maýyplar we olaryň maşgalalary üçin maýyplyk bilen baglanyşykly çykdajylary ýapmak maksady bilen, döwlet tarapyndan berilýän kömegiň, şol sanda talabalaýyk bilimiň, maslahatyň, maliýe kömegini we wagtlaýyn howandarlyk etmäniň elýeterligini üpjün etmek boýunça;

d) maýyplar üçin döwlet ýaşaýyş jaýy maksatnamalarynyň elýeterligini üpjün etmek boýunça;

e) maýyplar üçin pensiýa kömeklerine we maksatnamalaryna elýeterligi üpjün etmek boýunça.

29-njy madda
Syýasy we jemgyýetçilik durmuşyna gatnaşmak

Gatnaşyjy döwletler maýyplara syýasy hukuklary we beýlekiler bilen deň hatarda olardan peýdalanmagy kepillendirýär we aşakdakylara borçlanýar:

a) maýyplaryň gönüden-göni ýa-da erkin ýagdaýda saýlanan wekilleriniň üsti bilen beýlekiler bilen deň hatarda syýasy we jemgyýetçilik durmuşyna netijeli we hemmetaraplaýyn gatnaşyp bilmegini, şol sanda olar üçin, esasan, aşakdakylaryň üsti bilen ses bermek ýa-da saýlanmak hukugyny we mümkinçiligini üpjün etmek:

1) saýlaw üçin tertipleriň, jaýlaryň we materiallaryň laýyk, elýeter we düşünmek we ulanmak üçin aňsat bolmagyny üpjün etmek;

2) zerur ýagdaýlarda ýardam beriji we täze tehnologiýalary ulanmaga ýardam bermek bilen, maýyplaryň saýlawlarda we köpçülik sala salşyklarynda gorkuzmadan gizlin ses bermäge gatnaşmaga we özlerini dalaşgär hökmünde öňe sürmäge, döwlet

häkimiýetiniň ähli derejelerinde wezipeleri eýelemäge we ähli jemgyýetçilik wezipelerini ýerine ýetirmäge bolan hukuklaryny goramak;

3) maýyplaryň saýlawçylar hökmünde erkini azat beýan etmegini kepillendirmek we şu maksat bilen zerur ýagdaýlarda olaryň saýlan haýsydyr bir şahs tarapyndan olaryň ses bermek babatda kömek bermek baradaky haýyşlaryny kanagatlandyrmak;

b) kemsidilmezden we beýlekiler bilen deň hatarda maýyplaryň döwlet işlerini dolandyrmaga netijeli we hemmetaraplaýyn gatnaşyp biljek ýagdaýyny döretmäge işjeň ýagdaýda ýardam bermek, şeýle-de olaryň döwlet işlerine, şol sanda aşakdakylara gatnaşmagyny höweslendirmek:

1) işi ýurduň döwlet we syýasy durmuşy bilen bagly hökümete degişli däl guramalaryna we birleşiklerine, şol sanda syýasy partiýalaryň işine we olara ýolbaşçylyk etmäge gatnaşmak;

2) maýyplar halkara, milli, sebitleýin we ýerli derejelerde wekilcilik etmek maksady bilen, maýyplaryň guramalaryny döretmek we olara girmek.

30-njy madda
Medeni durmuşa, boş wagtyň we dynç alşyň geçirilmegine we sport bilen meşgullanmaga gatnaşmak

1. Gatnaşyjy döwletler beýlekiler bilen deň hatarda, maýyplaryň medeni durmuşa gatnaşmaga bolan hukugyny ykrar edýär we maýyplar üçin aşakdakylary üpjün etmek ugrunda ähli talabalaýyk çäreleri görýär:

a) medeniýet eserleriniň elýeterli görnüşlerde bolmagy;

b) telewideniýe programmalarynyň, filmleriň, teatryň we beýleki medeni çäreleriň elýeterli görnüşlerde bolmagy;

ç) teatrlar, muzeýler, kinoteatrlar, kitaphanalar ýaly medeni çäreleriň geçirilýän ýerleriniň, syýahatçylyk hyzmatlarynyň elýeterli görnüşlerde bolmagy, şeýle-de mümkin bolan derejede ýadygärlikleriň hem-de milli medeni gymmatlygy bolan desgalaryň elýeter bolmagy.

2. Gatnaşyjy döwletler maýyplara diňe özleriniň bähbidi üçin däl-de, tutuş adamzadyň bähbidi üçin özleriniň döredijilik, sungat we aň mümkinçiliklerini ösdürmek üçin şertleri döretmek ugrunda talabalaýyk çäreleri görýär.

3. Gatnaşyjy döwletler halkara hukugyna laýyklykda, intellektual eýeçilik hukuklary goramak baradaky kanunlaryň maýyplar üçin medeniýet eserleriniň elýeter bolmagyna esassyz ýa-da kemsitme päsgelçilik bolmazlygy ugrunda ähli talabalaýyk işleri geçirýär.

4. Beýlekiler bilen deň hatarda, maýyplaryň özleriniň medeniýet we dil aýratynlygynyň, şol sanda üm-yşarat dilleriniň we kerleriň medeniýetiniň ykrar edilmegine we goldaw berilmegine hukugy bar.

5. Beýlekiler bilen deň hatarda, maýyplara boş wagtyny we dynç alyş we sport çärelerine gatnaşmak mümkinçiligini bermek üçin, gatnaşyjy döwletler aşakdakylar üçin degişli çäreleri görýär:

a) maýyplaryň ähli derejelerde umumy ugurly sport çärelerine has doly gatnaşmagyny höweslendirmek we wagyz etmek üçin;

b) maýyplaryň maýyplar üçin ýörite sport we dynç alyş çärelerini guramak, olary giňeltmek we olara gatnaşmak mümkinçiligini üpjün etmek hem-de onuň bilen baglylykda, olara beýlekiler bilen deň hatarda degişli bilimiň, taýýarlygyň we serişdeleriň berilmegine ýardam bermek üçin;

ç) maýyplar üçin sport, dynç alyş-dikeldiş we syýahatçylyk desgalarynyň elýeter bolmagyny üpjün etmek üçin;

d) maýyp çagalar üçin beýleki çagalar bilen deň hatarda oýunlara gatnaşmagyň, boş wagtynyň geçirilmeginiň we dynç almagyň we sport çärelerine gatnaşmagyň, şol sanda mekdep ulgamynyň çägindäki çärelere gatnaşmagyň elýeter bolmagyny üpjün etmek üçin;

e) maýyplar üçin boş wagty, syýahatçylygy, dynç alşy we sport çärelerini guraýanlaryň hyzmatlarynyň elýeter bolmagyny üpjün etmek üçin.

31-nji madda
Statistika we maglumatlary toplamak

1. Gatnaşyjy döwletler şu Konwensiýany ýerine ýetirmek maksady bilen talabalaýyk maglumaty, şol sanda strategiýalary işläp düzmäge we amala aşyrmaga ýardam berýän statistik we ylmy-barlag maglumatlary toplamaga borçlanýar. Şeýle maglumaty toplamak we saklamak prosesinde aşakdakylary ýerine ýetirmeli:

a) maýyplaryň şahsy durmuşynyň gizlinligini we eldegrilmesizligini üpjün etmek üçin hukuk taýdan bellenen kepillikleri, şol sanda maglumaty goramak hakynda kanunçylygy berjaý etmek;

b) statistik maglumatlar toplananda we saklananda adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny goramak bilen baglanyşykly halkara ykrar edilen kadalary, şeýle-de ahlak ýörelgeleri berjaý etmek.

2. Şu madda laýyklykda toplanan maglumat degişli ýagdaýda bölünýär we gatnaşyjy döwletleriň şu Konwensiýa boýunça öz borçlaryny nähili amala aşyrýandygyna baha bermäge ýardam bermek, şeýle-de maýyplar öz hukuklaryny amala aşyranda, olaryň ýüzbe-ýüz bolýan päsgelçiliklerini ýüze çykarmak we aradan aýyrmak üçin ulanylýar.

3. Gatnaşyjy döwletler şeýle statistik maglumatlaryň ýaýradylmagyna bolan jogapkärçiligini öz üstüne alýar we olaryň maýyplar hem-de beýleki şahslar üçin elýeter bolmagyny üpjün edýär.

32-nji madda
Halkara hyzmatdaşlyk

1. Gatnaşyjy döwletler şu Konwensiýanyň maksatlaryny we wezipelerini ýerine ýetirmek boýunça milli tagallalary goldamakda halkara hyzmatdaşlygyň hem-de ony höweslendirmegiň wajyplygyny ykrar edýär we onuň bilen baglylykda döwletara ugurda, zerur ýagdaýda bolsa degişli halkara we sebitleýin guramalar hem-de raýat jemgyýeti, esasan hem, maýyplaryň guramalary bilen

hyzmatdaşlykda degişli we netijeli çäreleri görýär. Şeýle çäreler, hususan, aşakdakylary öz içine alyp biler:

a) halkara hyzmatdaşlygyň, şol sanda halkara ösüş maksatnamalarynyň maýyplary gurşap almagyny hem-de olar üçin elýeter bolmagyny üpjün etmek;

b) maglumaty, tejribäni, maksatnamalary we soňky ösüşleri alyş-çalyş etmegiň üsti bilen bar bolan mümkinçilikleri ýeňilleşdirmek we olaryň berkidilmegine ýardam bermek;

ç) ylmy-barlag hem-de ylmy-tehniki bilimleriň elýeter bolmagy pudagynda hyzmatdaşlyga ýardam bermek;

d) ýerlikli ýagdaýlarda elýeter we ýardam beriji tehnologiýalaryň elýeter bolmagynyň üsti bilen we olary alyş-çalyş etmegiň üsti bilen, şeýle-de tehnologiýalary geçirmegiň üsti bilen tehniki-ykdysady kömegi bermek.

2. Şu maddanyň düzgünleri her gatnaşyjy döwletiň şu Konwensiýa laýyklykda öz borçlaryny ýerine ýetirmegine bolan borçnamalaryna täsir etmeýär.

33-nji madda
Milli derejede amala aşyrmak we gözegçilik

1. Gatnaşyjy döwletler öz guramaçylyk gurluşyna laýyklykda hökümetde şu Konwensiýanyň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly meselelere gözegçilik edýän bir ýa-da birnäçe edarany belleýär hem-de dürli pudaklarda we dürli derejelerde degişli işe ýardam bermek üçin hökümetde utgaşdyryjy guraly döretmegiň ýa-da bellemegiň mümkinçiligini talabalaýyk ýagdaýda öwrenýär.

2. Gatnaşyjy döwletler öz hukuk we dolandyryş gurluşyna laýyklykda, zerur ýagdaýlarda, özlerinde şu Konwensiýany amala aşyrmagy höweslendirmek, goramak we gözegçilik etmek üçin bir ýa-da birnäçe garaşsyz guraly öz içine alýan gurluşy goldaýar, berkidýär, belleýär ýa-da döredýär. Şeýle gural bellenende ýa-da döredilende, gatnaşyjy döwletler adam hukuklaryny goramak we höweslendirmek bilen meşgullanýan milli edaralaryň statusy we işi bilen baglanyşykly ýörelgeleri hasaba alýar.

3. Raýat jemgyýeti, esasan hem, maýyplar we olara wekilçilik edýän guramalar gözegçilik prosesine doly derejede çekilýär we oňa gatnaşýar.

34-nji madda
Maýyplaryň hukuklary boýunça komitet

Aşakda görkezilen wezipeleri ýerine ýetirýän Maýyplaryň hukuklary boýunça komitet (mundan beýläk – "Komitet") döredilýär.

1. Şu Konwensiýa güýje girizilen pursatda, Komitet on iki sany bilermenden ybarat. Konwensiýanyň altmyş ratifikasiýasyndan ýa-da oňa goşulmalardan soň, Komitetiň agzalyk düzümi alty adama köpeldilýär we iň ýokary ýagdaýda on sekiz agza ýetýär.

2. Komitetiň agzalary şahsy ýagdaýda çykyş edýär we ýokary ahlak häsiýetlere we şu Konwensiýa degişli ugurlarda ykrar edilen başarnyklara we tejribä eýe bolýar. Öz dalaşgärlerini öňe sürende, gatnaşyjy döwletlere talabalaýyk ýagdaýda şu Konwensiýanyň 4-nji maddasynyň 3-nji böleginde beýan edilen düzgüni hasaba almak teklip edilýär.

3. Komitetiň agzalary gatnaşyjy döwletler tarapyndan saýlanýar, şol bir wagtda adalatly geografik bölünişe, siwilizasiýanyň we esasy hukuk ulgamlarynyň dürli görnüşleriniň wekilliklerine, jynslaryň balansly wekilliklerine hem-de maýyp bilermenleriň gatnaşmagyna -üns berilýär.

4. Komitetiň agzalary gatnaşyjy döwletleriň Maslahatlarynyň dowamynda gatnaşyjy döwletler tarapyndan öz raýatlarynyň sanyndan görkezilen dalaşgärleriň sanawyndan gizlin ses beriş arkaly saýlanýar. Gatnaşyjy döwletleriň üçden iki böleginiň kworumy düzýän şeýle maslahatlarda gatnaşyjy döwletleriniň saýlawlarda bolan we saýlawlara gatnaşan wekilleriniň iň köp sesini alan we sesleriň absolýut köplügini alan dalaşgärler Komitetiň düzümine saýlanýar.

5. Ilkinji saýlawlar şu Konwensiýanyň güýje giren gününden alty aýdan gijä galman geçirilýär. Her saýlawlaryň gününden azyndan dört aý öňünden Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary hat bilen gatnaşyjy döwletlere ýüzlenýär we olara iki aýyň dowamynda

dalaşgärleri görkezmegi teklip edýär. Şondan soň, Baş Sekretar şeýle ýagdaýda öňe sürlen ähli dalaşgärleriň olary hödürlän gatnaşyjy döwletleri görkezmek bilen, elipbiý tertibindäki sanawyny düzýär we ony şu Konwensiýanyň gatnaşyjy döwletlerine ugradýar.

6. Komitetiň agzalary dört ýyl möhlete saýlanýar. Olaryň gaýtadan saýlanmaga diňe bir gezek haky bar. Şeýle-de bolsa, ilkinji saýlawlarda saýlanan agzalaryň altysynyň ygtyýarlyklarynyň möhleti iki ýyldan soň tamamlanýar; ilkinji saýlawlardan soň dessine şu alty agzanyň atlary şu maddanyň 5-nji bendinde agzalan maslahatyň başlygy tarapyndan bije arkaly kesgitlenýär.

7. Komitetiň goşmaça alty agzasynyň saýlanylmagy şu maddanyň degişli düzgünleri bilen düzgünleşdirilýän adaty saýlawlara gabat getirilip amala aşyrylýar.

8. Eger Komitetiň haýsy hem bolsa bir agzasy aradan çyksa, işden gitse ýa-da haýsydyr bir sebäpden öz borçlaryny indiden beýläk ýerine ýetirip bilmese, şu agzanyň dalaşgärini hödürlän gatnaşyjy döwlet ygtyýarnamalaryň galan möhletine hünäri bolan we şu maddanyň degişli düzgünlerinde göz öňünde tutulan talaplara laýyk gelýän beýleki bilermeni belleýär.

9. Komitet tertibiň öz düzgünlerini belleýär.

10. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary Komitetiň şu Konwensiýa laýyklykda öz wezipelerini netijeli amala aşyrmagy üçin zerur bolan işgärleri we material serişdeleri bilen üpjün edýär we onuň ilkinji maslahatyny çagyrýar.

11. Komitetiň Toparyň şu Konwensiýa laýyklykda tassyklanan agzalaryna Komitetiň borçlarynyň möhümligini hasaba almak bilen, Assambleýa tarapyndan bellenilýän tertipde we şertlerde Birleşen Milletler Guramasynyň serişdelerinden Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan tassyklanan hak tölenýär.

12. Komitetiň agzalarynyň Birleşen Milletler Guramasynyň artykmaçlyklary we eldegrilmesizligi hakynda Konwensiýanyň degişli bölümlerinde görkezilişi ýaly, bilermenleriň Birleşen Milletler Guramasy üçin niýetlenen ýeňilliklerine, artykmaçlyklaryna we immunitetlerine hukugy bar.

35-nji madda
Gatnaşyjy döwletleriň hasabatlary

1. Her bir gatnaşyjy döwlet, şu Konwensiýanyň degişli gatnaşyjy döwlet üçin güýje giren gününden soň iki ýylyň dowamynda, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretarynyň üsti bilen Komitete şu Konwensiýa boýunça borçlaryny amala aşyrmak üçin kabul edilen çäreler hem-de bu babatda ýetilen sepgitler barada hasabat berýär.

2. Şondan soň gatnaşyjy döwletler azyndan dört ýylda bir gezek, şeýle-de Komitetiň soran wagty soňky hasabatlary berýär.

3. Komitet hasabatlaryň mazmunyny kesgitleýän görkeziji ýörelgeleri belleýär.

4. Komitete ählumumy ilkibaşdaky hasabaty beren gatnaşyjy döwletiň soňky hasabatlarynda öň berlen maglumaty gaýtalamagyň zerurlygy ýok. Gatnaşyjy döwletlere Komitet üçin hasabatlary taýýarlamagyň açyk we aýdyň proses etmek barada pikirlenmek we şu Konwensiýanyň 4-nji maddasynyň 3-nji bendinde beýan edilen düzgüni talabalaýyk ýagdaýda hasaba almak teklip edilýär.

5. Hasabatlarda şu Konwensiýa boýunça borçlary ýerine ýetirmegiň derejesine täsir edýän faktorlar we kynçylyklar bellenilip bilner.

36-njy madda
Hasabatlara garamak

1. Her hasabata Komitet tarapyndan garalýar, Komitet ol boýunça özüniň ýerlikli hasaplaýan teklipleri we umumy maslahatlary çykarýar we olary degişli gatnaşyjy döwlete ugradýar. Gatnaşyjy döwlet jogap tertibinde Komitete özüniň saýlamagy boýunça islendik maglumaty iberip bilýär. Komitet gatnaşyjy döwletlerden şu Konwensiýany amala aşyrmak bilen baglanyşykly goşmaça maglumaty sorap bilýär.

2. Gatnaşyjy döwlet hasabaty bermekde ep-esli gijä galýan bolsa, Komitet degişli gatnaşyjy döwlete şu habar berlenden soň üç aýyň dowamynda hasabat berilmedik ýagdaýynda, şu gatnaşyjy döwletde şu Konwensiýanyň amala aşyrylmagy baradaky meselä

Komitetde bar bolan hakyky maglumatyň esasynda seretmek zerur bolar. Komitet degişli gatnaşyjy döwlete şeýle seredilmäge gatnaşmagy teklip edýär. Eger gatnaşyjy döwlet jogap tertibinde degişli hasabaty berse, şu maddanyň 1-nji bendiniň düzgünleri ulanylýar.

3. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary ähli gatnaşyjy döwletleriň ygtyýaryna hasabatlary berýär.

4. Gatnaşyjy döwletler öz ýurdunda hasabatlarynyň jemgyýetçilik üçin giňden elýeter bolmagyny üpjün edýär we şu hasabatlara degişli teklipler hem-de umumy maslahatlar bilen tanyşdyrylmagyny aňsatlaşdyrýar.

5. Komitet tarapyndan ýerlikli hasaplanan ýagdaýda, ol Komitetiň bellikleri we maslahatlary bilen birlikde (bar bolan ýagdaýda), ol ýerde tehniki maslahat ýa-da kömek barada edilýän haýyşa ýa-da olaryň zerurlygy barada görkezmä üns berer ýaly, Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edaralaryna, gaznalaryna we maksatnamalaryna, şeýle-de beýleki ygtyýarly edaralara gatnaşyjy döwletleriň hasabatlaryny iberýär.

37-nji madda
Gatnaşyjy döwletler bilen Komitetiň arasynda hyzmatdaşlyk

1. Her gatnaşyjy döwlet Komitet bilen hyzmatdaşlyk edýär we onuň agzalaryna özleriniň mandatyny ýerine ýetirmekde ýardam berýär.

2. Gatnaşyjy döwletler bilen gatnaşykda, Komitet talabalaýyk ýagdaýda halkara hyzmatdaşlygyň üsti bilen şu Konwensiýany amala aşyrmak boýunça milli mümkinçilikleri ösdürmegiň ýollaryny we serişdelerini hasaba alýar.

38-nji madda
Komitetiň beýleki edaralar bilen gatnaşyklary

Şu Konwensiýanyň netijeli ýagdaýda amala aşyrylmagyna hem-de onuň gurşap alýan pudagynda halkara hyzmatdaşlygyň höweslendirilmegine ýardam bermek üçin:

a) Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen we beýleki edaralarynyň şu Konwensiýanyň özleriniň mandatyna degişli bolan düzgünlerini amala aşyrmak hakynda meselä garalan wagty wekillik etmäge hukugy bar. Komitet tarapyndan ýerlikli diýlip hasaplanan ýagdaýda, ol ýöriteleşdirilen edaralara we beýleki ygtyýarly edaralara olaryň degişli mandatlaryna degişli ugurlarda Konwensiýanyň amala aşyrylmagy babatda bilermeniň netijenamasyny bermegi teklip edip biler. Komitet Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen we beýleki edaralaryna olaryň işine degişli bolan pudaklarda Konwensiýanyň amala aşyrylmagy barada hasabat bermegi teklip edip biler.

b) öz mandatyny ýerine ýetirende, Komitet ýerlikli ýagdaýlarda adam hukuklary barada halkara şertnamalara laýyklykda döredilen beýleki degişli edaralar bilen olaryň hasabatlary bermek boýunça degişli görkezme ýörelgelerinde, şeýle-de olaryň girizýän tekliplerinde hem-de umumy maslahatlarynda ylalaşmany üpjün etmek hem-de olar öz wezipelerini ýerine ýetirende gaýtalanmanyň we parallelizmiň öňüni almak maksady bilen maslahatlaşýar.

39-njy madda
Komitetiň hasabaty

Iki ýylda bir gezek Komitet Baş Assambleýa hem-de Ykdysady we Durmuş Geňeşine öz işi barada hasabaty berýär we gatnaşyjy döwletlerden alnan hasabatlaryň hem-de maglumatyň gözden geçirilmegine esaslanan teklipleri we umumy maslahatlary berip bilýär. Şeýle teklipler we umumy maslahatlar gatnaşyjy döwletleriň düşündirişleri (bar bolan ýagdaýda) bilen bilelikde Komitetiň hasabatyna girizilýär.

40-njy madda
Gatnaşyjy döwletleriň maslahaty

1. Gatnaşyjy döwletler şu Konwensiýany amala aşyrmak bilen baglanyşykly islendik meselä garamak üçin gatnaşyjy döwletleriň Maslahatyna wagtly-wagtynda ýygnanýar.

2. Şu Konwensiýanyň güýje girmeginden soň alty aýdan gijä galman, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary gatnaşyjy döwletleriň Maslahatyny çagyrýar. Soňky maslahatlar Baş Sekretar tarapyndan iki ýylda bir gezek ýa-da gatnaşyjy döwletleriň Maslahatynyň çözgüdi boýunça çagyrylýar.

41-nji madda
Depozitariý

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary şu Konwensiýanyň depozitarisi bolup durýar.

42-nji madda
Gol çekme

Şu Konwensiýa Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi edaralarynda ähli döwletler we sebitleýin integrasiýanyň guramalary tarapyndan Nýu Ýorkda 2007-nji ýylyň 30-njy martyndan gol çekmek üçin açyk.

43-nji madda
Hökmanylyga razylyk

Şu Konwensiýa oňa gol çeken döwletler tarapyndan ratifikasiýa edilmäge we oňa gol çeken sebitleýin integrasiýanyň guramalary tarapyndan resmi taýdan tassyklanmaga degişli. Ol şu Konwensiýa gol çekmedik islendik döwletiň ýa-da sebitleýin integrasiýanyň guramasynyň goşulmagy üçin açyk.

44-nji madda
Sebitleýin integrasiýanyň guramalary

1. “Sebitleýin integrasiýanyň guramalary” kesgitli sebitiň özygtyýarly döwletleri tarapyndan döredilen guramany aňladyp, oňa guramanyň agza döwletleri tarapyndan şu Konwensiýa bilen düzgünleşdirilýän meseleler babatda ygtyýarlylygy berlen. Şeýle guramalar özleriniň resmi tassyklama ýa-da goşulma resminamalarynda şu Konwensiýa tarapyndan düzgünleşdirilýän meseleler babatda öz ygtyýarlyklarynyň möçberini görkezýär. Soňabaka, olar özleriniň ygtyýarlyklarynyň islendik düýpli üýtgemeleri barada depozitariýa habar berýär.

2. Şu Konwensiýada “gatnaşyjy döwletlere” salgylanmalar olaryň ygtyýarlyklarynyň çäginde şeýle guramalara degişli.

3. Şu Konwensiýanyň 45-nji maddanyň 1-nji bendiniň we 47-nji maddanyň 2-nji we 3-nji bentleriniň maksatlary üçin, sebitleýin integrasiýanyň guramasy tarapyndan saklanmaga berlen hiç bir resminama hasaba alynmaýar.

4. Öz ygtyýarlyklaryna degişli soraglarda, sebitleýin integrasiýanyň guramalary gatnaşyjy döwletleriň Maslahatynda özleriniň ses bermek hukugyndan peýdalanyp bilýär, şonda sesleriň sany agzalary bolup durýan şu Konwensiýanyň gatnaşyjy döwletleriniň sanyna deň. Eger guramanyň haýsydyr bir agza döwleti özüniň ses bermek hukugyndan peýdalanýan bolsa, şeýle gurama bu hukugyndan peýdalanmaýar we tersine.

45-nji madda
Güýje girizmek

1. Şu Konwensiýa ýigriminji ratifikasion şahadatnamanyň ýa-da goşulmak baradaky resminamanyň saklanmaga berilmeginden soň otuzynjy günde güýje girýär.

2. Şu Konwensiýany ratifisirleýän, resmi ýagdaýda tassyklaýan ýa-da oňa goşulýan her bir döwlet ýa-da sebitleýin integrasiýanyň guramasy üçin, şeýle resminamanyň ýigrimisi tabşyrylandan soň, Konwensiýa olaryň şeýle öz resminamasyny saklanmaga tabşyranyndan soň otuzynjy günde güýje girýär.

46-njy madda
Bellikler

1. Şu Konwensiýanyň wezipesine we maksadyna laýyk gelmeýän şertlendirmelere ýol berilmeýär.

2. Şertlendirmeler islendik wagtda aradan aýrylyp bilner.

47-nji madda
Düzedişler

1. Islendik gatnaşyjy döwlet şu Konwensiýa düzedişleri teklip edip biler we ony Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna

berip biler. Baş Sekretar teklip edilen islendik düzetmeleri gatnaşyjy döwletlere habar berýär hem-de olardan şu tekliplere garamak we olar barada çözgütleri kabul etmek üçin gatnaşyjy döwletleri maslahatynyň geçirilmegi üçin çykyş edýändigi barada oňa habar bermegi haýyş edýär. Eger şeýle habardan soň dört aýyň dowamynda gatnaşyjy döwletleriň azyndan üçden bir bölegi şeýle maslahaty geçirmegiň tarapdary bolup çykyş etse, Baş Sekretar Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda maslahaty çagyrýar. Gatnaşyjy döwletleriň ses bermegine gatnaşanlaryň üçden iki bölegi tarapyndan tassyklanan islendik düzedişi Baş Sekretar Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasyna tassyklamak, soňabaka bolsa ähli gatnaşyjy döwletlere kabul etmek üçin ugradylýar.

2. Şu maddanyň 1-nji bendine laýyklykda ylalaşylan we tassyklanan düzediş kabul ediş barada saklamaga tabşyrylan resminamalaryň sanynyň şu düzedişiň tassyklanan senesinde gatnaşyjy döwletleriň sanynyň üçden iki bölegine ýetenden soň otuzynjy günde güýje girýär. Soňabaka, düzediş her gatnaşyjy döwlet üçin onuň kabul ediş barada öz resminamasyny saklanmaga tabşyran senesinden soň otuzynjy günde güýje girýär. Düzediş diňe ony kabul eden gatnaşyjy döwletler üçin hökmany bolup durýar.

3. Eger gatnaşyjy döwletleriň Maslahaty umumy ylalaşyp, degişli çözgüdi kabul etse, şu maddanyň 1-nji bendine laýyklykda makullanan we tassyklanan, diňe 34-nji, 38-nji, 39-njy we 40-njy maddalara degişli bolan düzediş kabul ediş barada saklanmaga tabşyrylan resminamalaryň sanynyň şu düzedişiň tassyklanan senesinde gatnaşyjy döwletleriň sanynyň üçden iki bölegine ýetenden soň otuzynjy günde ähli gatnaşyjy döwletler üçin güýje girýär.

48-nji madda
Denonsasiýa

Gatnaşyjy döwlet Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna ýazmaça habar bermek arkaly şu Konwensiýadan çykyp biler (denonsasiýa) biler. Denonsasiýa Baş Sekretaryň şeýle habary alan senesinden bir ýyldan soň güýje girýär.

49-njy madda
Elýeter format

Şu Konwensiýanyň tekstiniň elýeter formatlarda bolmagy üpjün edilmeli.

50-nji madda
Hakyky tekstler

Şu Konwensiýanyň tekstleri iňlis, arap, ispan, hytaý, rus we fransuz dillerinde deň güýje eýe tekstler bolup durýar.

MUNUŇ TASSYKLAMASY HÖKMÜNDE, degişli hökümetleri tarapyndan talabalaýyk ýagdaýda ygtyýarlandyrylan, aşakda gol çeken doly ygtyýarly wekiller şu Konwensiýa gol çekdi.

MAÝYPLARYŇ HUKUKLARY BARADAKY KONWENSIÝA FAKULTATIW TESWIRNAMA

Şu Teswirnamanyň gatnaşyjy döwletleri aşakdakylar barada ylalaşdy:

1-nji madda

1. Şu Teswirnama gatnaşyjy döwlet ("gatnaşyjy döwlet") Maýyplaryň hukuklary baradaky Komitetiň ("Komitet") Konwensiýanyň düzgünleriniň şol gatnaşyjy döwlet tarapyndan bozulmagynyň pidasy bolup durýandygy barada habar berýän öz şahslaryň ýa-da toparlaryň ýa-da olaryň adyndan habarlary kabul etmek we garamak üçin ygtyýarlyklaryny ykrar edýär.

2. Komitet tarapyndan şu Teswirnama gatnaşmaýan Konwensiýanyň gatnaşyjy döwletine degişli bolan habarlary kabul edilmeýär.

2-nji madda

Komitet aşakdaky ýagdaýlarda habary kabul ederliksiz hasaplaýar:

a) habar anonim görnüşde bolanda;

b) habar şeýle habarlary bermäge bolan hukukdan hyýanatçylykly peýdalanmasy bolup durýar ýa-da Konwensiýanyň düzgünlerine laýyk gelmeýär;

ç) şol bir mesele eýýäm Komitet tarapyndan garaldy ýa-da halkara seredilmegiň ýa-da düzgünleşdirmäniň beýleki tertibiniň çäklerinde garaldy ýa-da garalýar;

d) goragyň elýeter bolan içerki serişdeleriniň ählisi ulanylmady. Gorag serişdeleriniň ulanylmagynyň esassyz ýagdaýda uzaga çekilýän ýa-da netijeli bolmagy görünmeýän ýagdaýlarda şu düzgün ulanylmaýar.

e) ol aýan ýagdaýda esassyz ýa-da ýeterlik derejede esassyz bolup durýar;

ä) habaryň mowzugy bolup durýan faktlar şu Teswirnamanyň degişli gatnaşyjy döwlet üçin güýje girmeginden öň bolup geçdi, eger şu faktlar agzalan seneden soň hem dowam edilmedik bolsa.

3-nji madda

Şu Teswirnamanyň 2-nji maddasynyň düzgünlerini hasaba almak bilen, Komitet gizlin ýagdaýda oňa ýetirilen islendik habarlary gatnaşyjy döwlete mälim edýär. Alty aýyň dowamynda, habar berlen döwlet Komitete meseläni aýdyňlaşdyrmak ýa-da şu döwlet tarapyndan, mümkin, ulanylan gorag serişdesi (bar bolan ýagdaýda) bilen ýazmaça düşündirişi ýa-da arzany berýär.

4-nji madda

1. Habar alnandan soň we ol barada kesgitleme berlenden öň arasyndaky islendik pursatda Komitet degişli gatnaşyjy döwlete gaýragoýulmasyz ýagdaýda garamak üçin çak edilýän bozulmanyň pidasyna ýa-da pidalaryna mümkin bolan düzedip bolmaýan zeperiň ýetirilmeginiň öňüni almak maksady bilen zerur bolup biljek wagtlaýyn çäreleri şu gatnaşyjy döwlet tarapyndan görmek barada haýyşy iberip bilýär.

2. Komitet özüniň islegi boýunça şu maddanyň 1-nji bendine laýyklykda öz diskresion hukugyny amala aşyrýan wagty, bu onuň habaryň manysy boýunça kabul ederliligi barada çözgüdi kabul edendigini aňlatmaýar.

5-nji madda

Şu Teswirnama laýyklykda habarlara garalanda, Komitet ýapyk mejlisleri geçirýär. Habary öwrenenden soň, Komitet öz tekliplerini we maslahatlaryny (bar bolsa) degişli gatnaşyjy döwlete we ýüz tutuja iberýär.

6-njy madda

1. Eger Komitet Konwensiýada berkidilen hukuklaryň gatnaşyjy döwlet tarapyndan düýpli ýa-da ulgamlaýyn ýagdaýda bozulýandygyny görkezýän hakyky maglumaty alsa, ol bu gatnaşyjy döwlete şu maglumaty öwrenmek maksady bilen hyzmatdaşlyk

etmegi we şu maksat bilen degişli maglumat barada bellikleri bermegi teklip edýär.

2. Degişli gatnaşyjy döwlet tarapyndan üpjün edilip bilinjek islendik bellikleri, şeýle-de onda bar bolan başga islendik maglumaty hasaba almak bilen, Komitet bir ýa-da birnäçe agzasyna derňew işini geçirmäge we Komitete dessine hasabat bermäge görkezme berip biler. Esaslandyrylan ýagdaýlarda we gatnaşyjy döwletiň razylygy bilen, derňew onuň çägine barmaklygy öz içne alyp biler.

3. Şeýle derňewiň netijeleri öwrenilenden soň, Komitet şu netijeleri degişli gatnaşyjy döwlete islendik düşündirişler we maslahatlar bilen iberýär.

4. Komitet tarapyndan iberilen netijeler, düşündirişler we maslahatlar alnandan soň alty aýyň dowamynda, gatnaşyjy döwlet oňa öz belliklerini iberýär.

5. Şeýle derňew gizlin ýagdaýda geçirilýär we prosesiň ähli tapgyrlarynda gatnaşyjy döwlete hyzmatdaşlyk üçin ýüz tutmak göz öňünde tutulýar.

7-nji madda

1. Komitet degişli gatnaşyjy döwlete Konwensiýanyň 35-nji maddasyna laýyklykda göz öňünde tutulan hasabatyna şu Teswirnamanyň 6-njy maddasyna laýyklykda geçirilen derňewe seslenme hökmünde görlen islendik çäreler barada maglumaty girizmegi teklip edip biler.

2. Zerur ýagdaýda, 6-njy maddanyň 4-nji bendine agzalan alty aý möhleti geçenden soň, Komitet degişli gatnaşyjy döwlete şeýle derňewe seslenme hökmünde görlen çäreler barada oňa habar bermegi teklip edip biler.

8-nji madda

Şu Teswirnama gol geçen, ony ratifikasiýa eden ýa-da oňa goşulan wagty, her gatnaşyjy döwlet Komitetiň 6-njy we 7-nji maddalarda göz öňünde tutulan ygtyýarlyklaryny ykrar etmeýändigi barada habar edip bilýär.

9-njy madda

Şu Teswirnamanyň depozitarisi Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary bolup durýar.

10-njy madda

Şu Teswirnama Konwensiýa gol geçen döwletler we sebitleýin integrasiýanyň guramalary tarapyndan Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi edaralarynda Nýu Ýorkda 2007-nji ýylyň 30-njy martyndan gol çekmek üçin açyk.

11-nji madda

Şu Teswirnama oňa gol çeken, Konwensiýany ratifikasiýa eden we oňa goşulan döwletler tarapyndan ratifikasiýa edilmäge degişli. Ol oňa gol çeken, Konwensiýany resmi taýdan tassyklan ýa-da oňa goşulan sebitleýin integrasiýanyň guramalary tarapyndan resmi ýagdaýda tassyklanylmaga degişli. Ol Konwensiýany ratifikasiýa eden, ony resmi ýagdaýda tassyklan ýa-da oňa goşulan hem-de şu Teswirnama gol çekmedik islendik döwletiň ýa-da sebitleýin integrasiýanyň guramasynyň oňa goşulmagy üçin açyk.

12-nji madda

1. “Sebitleýin integrasiýanyň guramasy” kesgitli sebitiň özygtyýarly döwletleri tarapyndan döredilen guramany aňladyp, oňa guramanyň agza döwletleri tarapyndan oňa Konwensiýa we şu Teswirnama bilen düzgünleşdirilýän meseleler babatda ygtyýarlylygy berlen. Şeýle guramalar özleriniň resmi tassyklama ýa-da goşulma resminamalarynda Konwensiýa we şu Teswirnama tarapyndan düzgünleşdirilýän meseleler babatda öz ygtyýarlyklarynyň möçberini görkezýär. Soňabaka, olar özleriniň ygtyýarlyklarynyň islendik düýpli üýtgemeleri barada depozitariýa habar berýär.

2. Şu Teswirnamada “gatnaşyjy döwletlere” salgylanmalar olaryň ygtyýarlyklarynyň çäginde şeýle guramalara degişli.

3. Şu Teswirnamanyň 13-nji maddanyň 1-nji bendiniň we 15-nji maddanyň 2-nji bendiniň maksatlary üçin, sebitleýin

integrasiýanyň guramasy tarapyndan saklanmaga berlen hiç bir resminama hasaba alynmaýar.

4. Öz ygtyýarlyklaryna degişli soraglarda, sebitleýin integrasiýa guramalary gatnaşyjy döwletleriň Maslahatynda özleriniň ses bermek hukugyndan peýdalanyp bilýär, şonda sesleriň sany agzalary bolup durýan şu Teswirnamanyň gatnaşyjy döwletleriniň sanyna deň. Eger guramanyň haýsydyr bir agza döwleti özüniň ses bermek hukugyndan peýdalanýan bolsa, şeýle gurama bu hukugyndan peýdalanmaýar we tersine.

13-nji madda

1. Konwensiýa güýje giren ýagdaýda, şu Teswirnama onunjy ratifikasion şahadatnamanyň ýa-da goşulmak baradaky resminamanyň saklanmaga berilmeginden soň otuzynjy günde güýje girýär.

2. Şu Teswirnamasy ratifisirleýän, resmi ýagdaýda tassyklaýan ýa-da oňa goşulýan her bir döwlet ýa-da sebitleýin integrasiýanyň guramasy üçin, şeýle resminamanyň onusy tabşyrylandan soň, Teswirnama olaryň öz şeýle resminamasyany saklanmaga tabşyranyndan soň otuzynjy günde güýje girýär.

14-nji madda

1. Şu Teswirnamanyň wezipesine we maksadyna laýyk gelmeýän belliklere ýol berilmeýär.

2. Bellikler islendik wagtda aradan aýrylyp bilner.

15-nji madda

1. Islendik gatnaşyjy döwlet şu Teswirnama düzedişleri teklip edip biler we ony Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna berip biler. Baş Sekretar teklip edilen islendik düzetmeleri gatnaşyjy döwletlere habar berýär hem-de olardan şu tekliplere garamak we olar barada çözgütleri kabul etmek üçin gatnaşyjy döwletleri maslahatynyň geçirilmegi üçin çykyş edýändigi barada oňa habar bermegi haýyş edýär. Eger şeýle habardan soň dört aýyň dowamynda gatnaşyjy döwletleriň azyndan üçden bir bölegi şeýle maslahaty

geçirmegiň tarapdary bolup çykyş etse, Baş Sekretar Birleşen milletler guramasynyň howandarlygynda maslahaty çagyrýar. Gatnaşyjy döwletleriň ses bermegine gatnaşanlaryň üçden iki bölegi tarapyndan tassyklanan islendik düzedişi Baş Sekretar Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasyna tassyklamak, soňabaka bolsa ähli gatnaşyjy döwletlere kabul etmek üçin ugradylýar.

2. Şu maddanyň 1-nji bendine laýyklykda ylalaşylan we tassyklanan düzediş kabul ediş barada saklamaga tabşyrylan resminamalaryň sanynyň şu düzedişiň tassyklanan senesinde gatnaşyjy döwletleriň sanynyň üçden iki bölegine ýetenden soň otuzynjy günde güýje girýär. Soňabaka, düzediş her gatnaşyjy döwlet üçin onuň kabul ediş barada öz resminamasyny saklamaga tabşyran senesinden soň otuzynjy günde güýje girýär. Düzediş diňe ony kabul eden gatnaşyjy döwletler üçin hökmany bolup durýar.

16-njy madda

Gatnaşyjy döwlet Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna ýazmaça habar bermek arkaly bu Teswirnamanyň güýjüni ýatyryp biler. Güýjüni ýatyrma Baş Sekretaryň şeýle habary alan senesinden bir ýyldan soň güýje girýär.

17-nji madda

Şu Teswirnamanyň tekstiniň elýeter formatlarda bolmagy üpjün edilmeli.

18-nji madda

Şu Teswirnamanyň tekstleri iňlis, arap, ispan, hytaý, rus we fransuz dillerinde deň güýje eýe bolan tekstler bolup durýar.

MUNUŇ TASSYKLAMASY HÖKMÜNDE, degişli hökümetleri tarapyndan talabalaýyk ýagdaýda ygtyýarlandyrylan, aşakda gol çeken doly ygtyýarly wekiller şu Teswirnama gol çekdi.

Mazmuny

Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasy.....7

Jynsy kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda halkara konwensiýasy.....15

Raýat we syýasy hukuklar hakynda halkara pakty.....33

Raýat we syýasy hukuklar hakynda halkara paktynyň fakultatiw teswirnamasy.....59

Raýat we syýasy hukuklar hakynda halkara paktynyň ölüm jezasyny ýatyrmaga gönükdirilen ikinji fakultatiw teswirnamasy.....64

Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakynda halkara pakty.....68

Aýallar babatda kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda konwensiýa.....83

Aýallar babatda kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda konwensiýanyň fakultatiw teswirnamasy.....101

Gynamalara we çemeleşmegiň hem-de jezalandyrmagyň rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän görnüşlerine garşy konwensiýa.....109

Bilim ulgamyndaky hukuk kemsitmä garşy göreşmek hakynda konwensiýa.....128

Çaganyň hukuklary hakynda konwensiýa.....137

Çaga söwdasyna, çaga jelepçiligine we çaga bihaýaçylygyna degişli Çaganyň hukuklary hakyndaky konwensiýa fakultatiw teswirnama……166

Çagalaryň ýaragly çaknyşyklara gatnaşmagyna degişli Çaganyň hukuklary hakyndaky konwensiýa fakultatiw teswirnama.....178

Maýyplaryň hukuklary baradaky konwensiýa.....186

Maýyplaryň hukuklary baradaky konwensiýa fakultatiw teswirnama……225

Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we
demokratiýa instituty

Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş
Maksatnamasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy

ADAM HUKUKLARY BOÝUNÇA ESASY HALKARA RESMINAMALARYŇ ÝYGYNDYSY

Redaktorlar	G. Nuryýewa, M. Berdiýewa
Surat redaktory	O. Çerkezowa
Teh. redaktor	O. Nurýagdyýewa
Kompýuter işleri	D. Urudžew

Çap etmäge rugsat edildi 19.04.2023
Olçegi 60x84 $^{1}/_{16}$ Şertli çap listi 13,49.
Şertli reňkli ottiski 16,74. Hasap neşir listi 12,53.
Çap listi 14,5. Sargyt №72. Sany 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

«Düwmejik» HK. Türkmenistan, Aşgabat, S.Türkmenbaşy şaýoly, 79.